# GONAMBAŞY

(Roman)

1.

Adamlar ölüp, ölüp, ölüp, geriş-geriş tümmeklere duwlanyp, gugaryp ýatan gabrystanlygy mazardan doldurdylar. Ýogsa, “Ýylgynly” kiçi-girim gonamçylykmy, atgaýtarym meýdanyň astynda adamlaryň nijeme tapgyry çygly topragy bagyrtlap, ýer ýassanyp ýatyr. Eýse, Aktakyram abyrsyz uly oba däl. Günde-günaşa öli çykyp duranok. Emma heňňam aýlanyp, wagt diýeniň rehimsizlik bilen geçip dur, adam diýeniňem dürli hili sebäb-u bahana bilen ölüp gidip otyr. “Ýylgynly” gonamçylygy-da ähli beýleki mazarystanlyklar ýaly teni sowan adamlary ýaş-garry, aýal-erkek, ýagşy-ýaman diýip dannaman, hemmesine öz goýnyndan ýer berip, iňläp ýatyr. Şeýde-şeýde doldy. Ynha, indi bir-ýarym çaga mazary üçin bolaýmasa, munda uly adamy düýnäre ýer galmady. Onsoň Aktakyr obasyna täze gonamçylyk üçin ýer gerek boldy. Indiki jan berjege jaý tapmalydy. Öwlüýäde ýer galmady diýip, adamlaryň ölmän gezmejekdikleri belli.

Birgeňsi reje bilen hatar tutup, süýşüp gelýän birmeňzeş mazarlaryň ýuwaş-ýuwaş gonamçylygyň girelgesine golaýlaýanyny gölegçi gidenleriň hemmesi-de esli wagt bäri göre-bile gelýär. Adamlar ölen obadaşlaryny haçanam bolsa bir gün nirededigi häzirlikçe näbelli bolan täze gabrystanlyga äkidip, depin etmeli boljakdyklary barada pikir edýärdiler, oýa çümýärdiler, iňkise gidýärdiler. Ölenden soň özüniň ýer astyna girmelidigini, garaňky hem sowuk gabyrda ýeke ýatmalydygyny ýatlap, reňkini agardyp, gorka ýesir düşýänem bardy.

Güýzmyrat aga-da ölüm pillesini unudarly däl, gitdigiçe kän ýatlaýar. Ýaşuly ýetmişe ser urup ýördi. Onsoň ol agzy-burny bilen dolup barýan gonamçylyga seredip, başyny ýaýkap, şum ajal sebäpli başyndan haçan inse, inäýmeli heýhat gününiň endişesiniň üstüne başga bir alada edindi. Täze gonamçylygyň agyrysyny edip ugrady. Baryp iki ýyl mundan ozal ol Öwezberdi gabyrmandan:
-Ýene näçe wagtdan dolar öýdýäň? Ýerimiz azalýa gerek, Öwezberdi? Azalýamy, ä? – diýip sorapdy.
Şol gezek Öwezberdi gabyrmanam gör gazýan piline söýenip durşuna degişme bilen:
-Adamlar azyrak ölse, esli wagta ýeter – diýip jogap beripdi.
-Şu gidişine gitse, meselem, näçe wagt gerek bor?
-Otuz-kyrk adama jaý tapylarmyka diýýän. Alkymlaýar öz-ä.
Güýzmyrat aga soňam her gezek gabat gelende “Ýylgynlyň” mazardan dolmaly wagtyny gabyrman kesgitleýän ýaly, Öwezberdiden:
-Nädýä? Hany, çak ur, näçeräk wagty galdy? – diýip soraýar.
O-da adamlaryň wagtyny-näwagtyny bilmän ölüp gidiberýändikleri, şol sebäpli hem aýyny-gününi takyk aýdyp bilmejekdigi üçin her gezek:
-Pylança mazarlyk ýer-ä bar entek – diýip, gonamçylygyň galanja boş ýerini wagta däl-de, takmynan mazarlaryň ýerleşäýjek sanyna öwrüp, jogap berýär. Güýzmyrat aga-da her gezek “hümm” edip dymýar.
Dymýan, pikir edýän kän. Ajalyň indi gaty bir uzakda däldigini çen edýän ýaşy gaýdyşan adamlar şindiki gonamçylygyň dolup barýandygy, täzesiniň zerurdygy barada belli-külli bir zat diýmeseler-de, öz ýanlaryndan alada basyrynýardylar. Olara esasan jan tabşyrmagyň muşakgatly gorkusy ezýet berýärdi.
Gözi-gulagy mydar etmezçe bolmadyk, ýöne soňky döwürde huşy gelip-gitmeliräk bolan, Aktakyryň ýaşy boýunça iň ulusy, togsan töweregi ýaşan Numat aga bu habary eşidende kes-kelläm ynanmady.
-Kim aýdýar “Ýylgynlyda” ýer ýok diýip? Ýer bolmazmy? Bi gaýra tarapdaky ýandakly ýer näme? Boş durmanmy näme? Tutuş obany gömseňem, sygjak. Şo ýere suw çykmadygyny bilýän – diýip, ol

mundan alty-ýedi ýyl ozal mazardan doldurylan ýeriň gürrüňini etdi.
Onuň salgy berýän ýeriniň bireýýäm dolandygyny, Numat aganyň öz aýalynyňam şol ýerde jaýlananyny ýatlatjak bolanlara-da sesini endiredip, gahar bilen garry adamy oýnajak bolup ýörmeli däldigini duýdurdy, indiki gezek öwlüýä baranlarynda gözlerini giňiräk açyp seretmeklerini tabşyrdy. Birde aýalynyň, birde-de ejesiniň mazaryny salgy berip:
-Ana, şo ýeriň ileri tarapy tä toraňňa çenli boş ýatyr – diýdi. "Ýylgynly" küje, toraňňy küje?!
Gözlerini ymykly ýumanlaryndan soň kepene çolap, köçä zyňylmajakdyklaryny bilýänem bolsalar: "Öldüň – gutardy! Nirede jaýlanlarynda näme? Äkidip, ýurduň o çetinde bir çukura süsdüräge-de, üstüňe gum sürenlerinde-de, talh suwly derya oklap, läşiňi bayklara şam edenlerinde-de, käbir ýurtlardaky ýaly, meýdiňi otlap, külüňi göge sowranlarynda-da bildirjek ýeri ýok. Ölseň, öldügiň bor-da" diýip, biperwaý pikir edýänem bar. Ýöne jesediniň suwa oklananyny ýa-da oda ýakylanyny islemeýäni bes-belli. Her hal, il ýaly, beýleki ölüler ýaly topraga duwlanaýsa kem görenok.
"Bir başa – bir ölüm! Biz-ä boýnumyza aldyk. Haçan ýör diýse, taýyn, gidibermeli. Özümiziňkileň ýanynda jaýlaşar ýaly, öwlüýä dolmanka ölseg-ä, ata-babalarymyza bir daban ýakyn ýatardyk" diýip, ýer astynda ýatanda-da kowum-garyndaşlarynyň golaýynda bolmagy isleýänler hem ýok däl. Ýöne jan datly bolansoň, bularyň bujagaz isleglerinden rüstem gelýär öýdýän, ýörite "Ýylgynlyda" ýatmak üçin ölüberýän ýok.

Bir gezek ysmaza ýolugan Nazar aga uwnup çydap bilmän:
-Öwlüýäde öli gömmäge ýer ýokmuş. Biz bolsa, ne ölenden bolduk, ne-de ölmedikden. Aýak üstünde gezip ýörkäm ýygnanan bolsam, şo ýerden maňa-da bir tüm tam tapylardy. Hälem bolsa bir pille, hälem bolsa giç däl – diýip zeýrendi. Şonda onuň halyny soramaga baran Amanýaz saňsar:
-Ýa-he-eý, Nazar aga, jan süýjüdir. Ezraýyl mekgäňe münen wagty ýene biraz pursat berse, ýene ýekeje gün demiňe degmese, jaýyňy ho-ol ýokardaky Aýyň üstünde gazjak diýselerem kaýyl gelersiň – diýip, oýunlyga salyp, çynyny aýtdy.
Amanýaz saňsaryň özem gonamçylyk barada az pikir edenok. Beýleki aktakyrlylaryň köpüsi ýaly, o-da: "Bu öwlüýäden bize ýer ýetjek gümany ýok. Biz ölýänçäk dolup, täze gonamçylyga-da Aktakyryň şu görnüp ýören adamlarynyň iň azyndan ýarpysy dagyn jaýlanar. Biz näme, biz ýaňy kyrk ýaşadyg-a" diýip oýlanýar. Ölüm müddetiniň islendik pursatda gelip biljekdigine Amanýaz saňsaryň ýa-ha akly çatanok, ýa-da ynananok. Ajalyň oslagsyz ýerden duýdansyz gelip, garpykdyraýmasy-da bar.

Gepiň tümmek ýeri, her jüre aladalara, oý-pikirlere sebäp bolup, degre-daşy saýyrdyň ýylgynlara, çalymtyk çygar gyzganlara, gyrymsy çetilere bürelen "Ýylgynly" gonamçylygy mazardan doldy. Indiki öljekler üçin öňünden ýer peýlemelidi. Aladasyny etmelidi. Muny Güýzmyrat aga öz boýnuna aldy. Ol Şirli agany yzyna tirkäp, ilki bilen oba geňeşligine bardy. Habaryny berdi. Geňeşligiň başlygy Aky bu ýagdaýdan özüniňem habarlydygyny, etrap häkimligindäki degişli adamlara bireýýäm duýdurandygyny, meseläni bu-gün erte täzeden gozgap, mümkin boldugyça tiz hereket etjekdigini aýdyp, ýaşululara hoş söz berip goýberdi. Aradan bir hepdäni geçirip, arçynam ýanyna alyp geldi-de, Güýzmyrat aga bilen Şirli agany öz ulagyna mündürip, etrap merkezine alyp gitdi. Ýolda ýaşulularyň diýmeli sözlerini agyzlaryna salyp berdi, özlerini nähili alyp barmalydygyna çenli öwretdi.
Etrap merkezinde ýaşululary pikir edişlerindenem gowy garşyladylar. Diňlediler. "Bolýa. Hökman çözeris. Alada etmäň!" diýip jogap berdiler. Aktakyra baryp, meseläni şol ýerde çözjekdiklerini aýtdylar. Aktakyra geldilerem. Akynyň öwredişi ýaly, ýaşulularam öz gezeginde bulary diňledi.

Gelen adamlar ilki bilen "Ýylgynly" gonamçylygyna baryp gördüler.

"Ýylgynly" obanyň ýokary çetinde ýerleşýär. Gonamçylyk bilen obanyň arasynda giň ekerançylyk meýdany ýatyr. Ileri tarapdan ýata suwly, ýalta akymly derýa geçýär. "Ýylgynly" bilen ekerançylygyň aralygyndan şor suwuny derýa guýýan zeýkeş çekilipdir. Derýa bolsa obanyň kybla tarapyndan öwrüm

berýär-de, göni gaýralygyna tutdurýar. Durnalaryň uçýan belentliginden garasaň, bu derýa garry toraňňylaryň arasyndan ýol salyp, obanyň daşyna ýarym gezek aýlanan göm-gök ýogyn ýüpe-de çalym edýär. Gaýrada şähere gidýän gara ýol bar. Ol bolgusyzja köne geçit arkaly deryany kesýär.

Aktakyryň kyblasynda, derýänyň öwrüm berýän ýeriniň golaýynda ot-çöp basan otuz tanap çemesi boz meýdan gugaryp ýatyr. Ir mahallar bu ýerde doňuzdarçylyk fermasynyň çygyrýan hem hork-hork edýän sesler bilen dem alan uzyn-uzyn ýataklary bardy. Fermanyň oba iň golaý künjünde, öňi darajyk eýwanly kerpiç tamda Boris atly çypar sary, örän içegen doňuz çopany ýaşaýardy. Özem, gürrüň edişlerine görä, Borisiň bir özi jyňkytman, hemişe erkekleriňkä meňzeş balak geýýän, gök gözli, inçejik aýaly bilen bile günde pylança çüýşäni boşadýar diýýärdiler. Kimiň kime aw bolany-ha belli däl welin, şo döwürler ýüňi ýeten jalaýlar doňuz çopanyň aýalynyň göwnüni dagam awlaýarmyş, ärini içirip, serreldensoňlar, ýüzi menek-menek aýjyn heleýiň hakyt ýorganyna giräýýärmişler diýen gürrüňlerem ýaýrapdy. Soň, wagty gelip, döwür üýtgäp, bu fermanyň döwrany sowuldy. Doňuzlaram, doňuz çopanam, onuň jalbar geýýän gök göz aýalam nirädir ýitirim boldy. Borisiň öňi eýwanly tamyny doňuz ýataklary bilen bir wagtda ýykyp-söküp, dagytdylar. Ýumurtga togalabermeli tem-tekiz etdiler. Indi çendan ýarym ol ýerden çüýrän doňuz dersiniň ysy töwerege ýaýraýar diýäýmeseň, birmahalky göçgünli, ýabany durmuşy ýada salýan alamat ýok. Gyşyna, şatlama aýazda, kesekler doňup, bütin dünýäni ak gar örten mahaly bu meýdan birgeňsi bugarýar, ýagan gar bolsa uzak ýatman ereýär. Çaky, ýer astynda ýatan çüýrük ders tebigy howry bilen aňzaga garşy göreşýär.

Ynha, etrap merkezinden gelen adamlar, meger, ozaldan peýläp goýan bolsalar gerek, aýlanyp-aýlanyp, iň soňunda şu meýdanyň bir gyrasynda ulagdan düşdüler. Ölçegini aljak bolýan ýaly, aňyrsyna-bärsine ýiti-ýiti seretdiler. Ähmiýeti juda ýokary bolan möhüm meseläni çözýändiklerini bütin aktakyrlylara duýdurmakçy bolýan dek dymyşyp, tykyraşyp, esli eglendiler. Ahyrynda-da ellerini salgaşyp:

-Şu ýeri bijaý däl. Bijaý däl. Öwlüýä üçin şundan oňat ýer ýok – diýip, höwessiz yglan etdiler.
Oba geňeşliginiň başlygy bilen arçyna täze gonamçylygyň çäklerini görkezdiler. It-guş, mal-gara girmezligi üçin, daş-töweregine germew etmeklerini ýa-da urgan aýlamaklaryny tabşyryp, güw gitdiler.
Güýzmyrat aga nesibe çekse, uzak bolmadyk geljekde özüni gara guma garjak boz meýdana seredip, kanagat tapdy, ýeňil dem aldy.
Häliden bäri sesini çykarman, başyny aşak salyp duran Şirli aga seýrek endigine eýerip, sakalynyň ujuny dişledi, ýaýdanjyny äşgär etdi:
-Doňuz gezen ýerde bolýamyka onsoň bi zatlar? Şerigat näme diýýä muňa? Güýzmyrat, sen näme diýýäň muňa?
Güýzmyrat aga bu barada pikir etmänligi üçin biraz oýa batdy, böwrüne doňuz diňini salyp:
-Weý, doňuz gezende näme? Hudaýyň ýaradan ýeriniň erbedi bolmaz. Esasy zat, şor däl, zeý ýok. Suw çykyp duran ýer bolsa nätjek? – diýip, jogap berdi.

Täze gonamçylyk üçin ýer berilenini eşiden dessine Öwezberdi gabyrman käbir adamlaryň geňirgenmesine pitiwa etmän, gör gazýan pilini egnine atyp, obanyň kybla tarapyna garşy ugrady. Baryp, täze gonamçylygyň ýerini öň görmedik ýaly, siňe-siňe seredip, gözden geçirdi. Bäri çetinden girişine her ýerde-her ýerde aýak çekip, nijeme ýyllardan bäri çaňap ýatan boş meýdanyň toýunsow topragyna käte pilini urup, käte bir gez, ýarym gez gazyp görüp, aýagujyndan çykdy. Ýeriň juda gatydygyny pili bilen barlap, gözi bilen görensoň:
-Pu-uw, biý-ä ýaman gaty ekeni. Pile hezil bermeýä, piliň hezilini alaýar, hm. Kerki uraýmasaň, aldyrmaýa, aldyrmajagy görnüp dur – diýip, ýanynda hiç kimiň ýokdugyna garamazdan, içinden pikir

edip oňaýmaly zady nämüçindir daşyndan aýtdy. Oturyp çilim çekdi. Takmynan näçeräk mazaryň ýerleşjegini biljek bolýan ýaly ýeriň eýlesini-beýlesini mazaly synlady.

Onuň arka tarapynda çygşyldy eşdilen ýaly boldy. Öwezberdi gabyrman seredip görse, ine, derýanyň etegindäki gamyşly oýda Şükür gyzyl çommalypdyr-da, gara başyna gaý bolup, sary sygry emip oturan eken. Gabyrman ilki-hä wahahaýlap güläýsem diýdi. Soňam gülküsine böwet basyp, ýerinden turdy-da, bogazyna agram salyp, gaty sesi bilen:
-Hä-hä-äýt! Gyzyl, hä-äýt! – diýip gygyrdy.
Şükür gyzyl tisginip, ziňk etdi, ses çykan tarapa öwrülip: “Bu nireden çykd-aý?” diýýän ýaly, geňirgenip, nägile nazar bilen Öwezberdä seretdi. Şonda onuň erninde syrygýan ak süýdüň yzy aýyl-saýyl göründi.
Gabyrman ýalan haýbat bilen degişmäni garyp:
-Utanaňokmy? Göläň paýyny goýmasaň, öňümden çykanyň ýanynda aýdyp, oba wejera ederin – diýdi.
Şüküriň wejera boljak gümany barmy? Öwezberdi aýdanda-da, aýtmanda-da, barybir bütin Aktakyr onuň bu gylygyndan bireýýämden bäri habarly ahyryn. Ýöne “Emjek wagty sygyr Şüküriň ýazzy maňlaýyndan depipdir” diýip, ýalan habar ýaýratsaň, onda ynanarlar, nebsi agyran tapylmasa-da, üstünden gülen köp bolar. Emma, Hudaýa şükür, bu sary sygryň depmek-gapmak ýaly ýaramaz gylygy ýok. Janawer juda häsiýetli, tohum gurnaty. Garnyny doýursaň bolany, emjeginden aslyşýan Şükür gyzylmy, gölesimi, parh edip duranok. Şoň üçin Şükür gyzyl muny elden çykarmakçy däl, şoň üçin muny gaty arkaýyn emýär, şoň üçinem ol häzir gaty arkaýyn jogap berdi:
-Näme? Ememde näme? Öz sygrym. Hakym ýokmy? Sagyp içdim näme, emip içdim näme? Tapawudy näme? Saňa näme?
-Oýun etdim how! Emiber. Ýelni boşaýança em! Noş bolsun! Ýöne golä-de nebsiň agyrsyn – diýip, Öwezberdi gabyrman gelen ugry bilen yzyna gaýtdy.
-Göle bilenem işiň bolmasyn, sygyr bilenem. Meň bilenem işiň bolmasyn! – diýip, Şükür gyzyl onuň yzyndan hüňürdäp galdy.
Öwezberdi gabyrman bolsa kän gabyr gazan, boýy bilen boýdaş pilini selçeň, ýöne dözüm bilen ýere urup gelşine sygyr emip oturan Şükür gyzyly derrew ýadyndan çykardy.

2.

Ir bilen kärhananyň demir kesilýän bölümine kebşirleýji ussalaryň biri gelip:
-Polat barmy, Polat? – diýip gygyrdy.
-Hawa, bar. Hanha, işläp ýör – diýip jogap berdiler.
Gelen adam:
-Çagyrýarlar – diýip, kärhanaň baş derwezesine tarap ümledi.
Howlyň daş ýüzünde orta boýly, garagözelek ýaş gelin Polada garaşyp duran ekeni. Dar biçüwde bezemen geýnen inçemik, syrdam gelniň dogumdan doly goýun gözlerine, giň maňlaýyna, ýuka dodaklaryna, bugdaýreňk ýüzüne seredip, Polat ondan haýsydyr bir tanyş zenanynyň keşbini gözledi. Tanabilmedi.
Baş atyp salamlaşylan dessine gelin ara salym salman:
-Polatmy sen? – diýdi.
-Hawa.
-Aktakyrdanmyň?
-Hawa.
-Ýazbibiň ärimi sen?
Soragyň gömelteý äheňi äşgär duýulyp duran-da bolsa, Polat ähmiýet bermedi. Onuň ýüregine nämälim gorky aralaşdy.
-Hawa. Näme boldy?

-Bolan zat kän – diýip, gelin düşnüksiz gürledi. – Heleýiňden habaryň ýok öýdýän?
-Düşünmedim.
-Düşünmeýändigiň görnüp dur. Piliň gulagynda uklap ýörene meňzeýäň.
-Ýazbibä bir zat bolmalymy? Sen kim?
-Meni tanamarsyň. Men Jumadurdyň gelni.
-Jumadurdy kim?
-Jumadurdyny heleýiň gowy tanaýar. Gyssasaň, aýdar – diýip, gelin içýakgyç gürrüň etdi.
Polat gödek bir zat diýip goýbermezligi üçin sabryna suw sepip, özüni parahat saklamaga çalyşdy.
-Hany, dur entek. Başyndan düşnükliräk edip aýt.
Nätanyş gelin edil çaga düşündirýän ýaly, süýem barmagyny gezedi-de, her sözüni aýratyn heçjikläp:
-Jumadurdy seň gaýyn obaňdan! Ýazbibileň goňşusy! Menem oň gelni! – diýdi.
-Onsoň?
-Sen entek Ýazbibä öýlenmänkäň, menem Jumadurda çykyp gelmänkäm ol ikisi ile wejera bolup, söýüşipdir – diýip, gelin iki agyz sözde ýasama dabara bilen jar etdi.
Bu ýürekýargynç jümle Polady sarsdyrdy, ysgyn-mydaryny aldy. Mejalsyz göwresi şalkyldap gaýdaýmaz ýaly, elini haýata diredi. Ol beýniden gaýdýan ganyň sarsgynyny açyk eşitdi, ýüzüniň gyzanyny, meňziniň gyzaranyny duýdy.
Gelniň ýüzünde nähak ynjydylan çaga mahsus namys gatyşykly gahar göründi. Ol, ähtimal, bilesigelijilikden däl-de, gürrüňdeşini odukdyrmak niýeti bilen:
-Seň şu zatlardan habaryň barmy? – diýip sorady.
Bihabar bolanlygy üçin Polat:
-Ýo-ok – diýdi.
Gelin Poladyň häzirki ýagdaýyna biperwaý garady, dogum bilen dowam etdi:
-Söýüşipdir, taň edipdir, söýüşmeýän ýok. Menden öň kim bilen näme eden bolsa, gabyr bolsun, işim ýok. Ýöne men heleý bolup gelemsoň, başga ganjyga günümi bulatman!
Nätanyş gelniň mojukdan mojuk gürrüňleri Poladyň dünýesini gapyşdyrdy. Aljyratdy. Aljyraýanyny gizlemek üçin giňlige saldy:
-Onsoň?
-Bolany şol. Men şony aýdaýyn diýip geldim. Ýörite gaýtdym.
Polat halys ugur-utgasyny ýitiren adamyň gürrüňini etdi:
-Indi men näme etmeli?
Yz ýanyndan bu sowaly berenine ökündi. “Ýeri, sen öz çözmeli ýüpüň uşlybyny nämüçin nätanyş birinden sorap dursuň” diýip özüne igendi.
Bu meselede näme etmelidigini keseki birinden sorap duran ýaş oglanyň bolşuna gelniň gaşlary çytyldy. Gaharyny basmaga çalyşýandygy onuň soňky sözlerinde aýyl-saýyl duýuldy.
-Seň etmeli zadyň, şo heleýe biriniň gül ýaly maşgalasyny bozma diý. Biriniň hojalygyny ýykma diý. Öýi ýykmak aňsat, dikeltmek kyn. Heleý edip saklajak bolsaň, düşündir şo zatlary.
-Näme, häzirem aralary bar diýjek bolýaňmy? Güman edýäňmi?
-Güman edemok. Anyk bilýän. Heleýiňi gyssaberseň, özi aýdar. Düýn kim bilen gaýtdyň diýip gör, ugry bolmaz.
Hakykatdan hem Ýazbibi düýn günin atasy öýüne gidip geldi. Onuň kim bilen gidip, kim bilen gaýdanyny Polat, dogrusy, bilenok. Biljegem bolmandy. Ähtimal, Ýazbibiniň goýnunda bäbek göterip, gün-günden gabaryp barýanlygy sebäpli beýle gara oý-pikirler ýadyna-oýuna gelmändi. Ynha indem, ýerden çykdymy, asmandan indimi, bir bigäne gelin ala gozlerini göni Poladyň bäbenegine dikip, “wäh” diýdi. Ýüregiň ýarylyp ölýänem bolsaň, heleýiň-ä şeýle diýip patlatdy, hiç zatdan gypynç etmän, diýesi geleni diýdi. Polat onuň huşa sygmaz düýş gürrüňlerini ýalana çykaryp biljek bir delil gözledi. Şol bir wagtyň özünde-de bu aýdylýanlar çyndyr, ymmata sygmajak wejeralykdan täk özüm bihabardyryn, eýýäm uly-il bilýändir, ähli kişi gürrüňimi edýändir diýen pikire bendi boldy, ezýet

çekdi.
Gelin dowam etdi.
-Sen oňa aýt, aljak awyňy tana diý, kelte guýrugyňy oňa-muňa bulama diý, guýruksyz galmasyn! – diýip, adaty zenan haýbatyny atdy.
-Näme diýmelidigini özüm bilerin – diýip, teýahyr Polat özüni ele alyp, ekezlendi. – Sen onsoň bu diýen zatlaryň yzynda durup bilermiň?
Gelin asla ýaýdanar ýaly däl.
-Hawa, duraryn. Näme durman?! Ýör, görkez şo heleýi, wazladyp, ýüzüne basaýyn – diýip, bat aldy.
Polat bu gelniň Ýazbibi bilen ýüzleşip, onuň aýbyny ýüzüne gelip aýdyp duran halatyny hyýalynda janlandyrdy. Nämüçindir iki gelniň ýüzlerini dyrnaçaklap, saçýoldy oýnaýyşlary göz öňüne gelmedi, tersine, bu gelniň-ä saçlaryny hüwjerdip, hekemsiräp durşy, Ýazbibiniňem bir gyzaryp, bir agaryp, ýüzüni aşak salyp duran keşbi janlandy. Hopukdy. Gyssandy.
-Entek howlukma! Wagtynda ýüzüne durubilseň bolýar – diýdi.
-Men seň ýanyňa gelmän, heleýiň bilenem bellisini edibilýän. Ýöne ilki duýduraýyn diýdim, goh ula gitmesin diýdim. Eger diýeniňi etdirip bilmeýän bolsaň aýt...
Polat bu nätanyş gelin bilen ýedi ýoluň üstünde, iş ýerinde gaty-gaýrym diýişäýmekden çekinip:
-Başga aýtjak zadyň barmy? – diýdi.
-Başga aýtjak zadym ýok. Heleýiňe buýr! Meň günümi bulamasyn! Men oň gününi bulasam, yzyny tapmaz ýaly ederin.
Poladyň: “Senem öz äriňe buýr! Seňkem akja jüýje däl ýaly-la. Kim kimiň gününi bulaýar, belli däl entek” diýesi geldi. Diýmedi. Ejap etdi. Namys saýdy. “Ýeri, sen erkek bolýan bolsaň, ilki özüňi oňar! Muň ärine buýrany bilen seň heleýiň düzelýämi?” diýip özüne pent etdi.
Gelin Poladyň diline getirip bilmedik sözlerini okan ýaly, jibrinip gepledi:
-Öýdäki ýeleksiz ýerýuwdany bir edişime seret entek. Iliň heleýini görende edil ýöne ýüregi bulanyp duran etmesem, hasabam däl.
Onuň äri bilen nähili darkaş gurajakdygy Polat üçin asla gyzyksyzdy. Häzir ol agyr ýüküň astynda galdy. Uludan demini aldy-da, zordan bir agyz:
-Bor – diýdi. Yzyna döndi.
Gelin nägile nazar bilen özünden daşlaşyp barýan Poladyň yzyndan garap durşuna, eşitdirip:
-Ärsumak haýran! – diýip hüňürdedi. Hamana, Polat yzyna öwrülip geläýjek ýaly, gelip bir zatlar soraýjak ýaly birsellem garaşdy. Eger yzyna öwrülip gelse, pert-pert jogabyny berip, entegem aýdyp bilmedik sözlerini içikdirip-içikdirip, suňşuraýarly göründi.
Polat dolanmady.
Gelin siltenjiräp, tozan turzup, gelen ýoly bilen yzyna gaýtdy.
Işdeşi Akmämmet gözlerini ýeser güldürip, Polatdan:
-Kim-aý o gelin? Özüňkimi? – diýip, gyzyklanyp sorady.
-Ýok, özümiňki däl.
-Onda kim? Nämüçin gelipdir?
Polat gahar bilen:
-Başy boş gelin. Mes baýtal. Är gözleýär. Gerek bolsa, aýt, tanyş edeýin – diýdi.
Akmämmet oňa ynanjagyny-ynanmajagyny bilip bilmän birsellem sadylla bolup durdy-da, Poladyň yzyndan gygyrdy:
-M-bahh! Çynyňm-eý? Öz-ä ýaman gowy zat ekeni.
Ýaşulurak işçileriň biri:
-Goý-how, goý, ilde-günde gowy zat kän. Haýsy birine göz gyzdyrjak? Tanaman-bilmän beýdip ýörşüňe bir gün bir zadyň üstünden barasyň. Utanaňogam-aý! – diýip, Akmämmede gatyrgandy.

* * *

Poladyň iş bilen seri bolmady. Özüni şunça arkaýynlyga saljak bolsa-da, başarmady. Karary ýetmän, günortana golaý rugsat soramak üçin başlygyň ýanyna bardy. Ýalandan içini tutup bardy.
-Başlyk, iç-ä ýaman heläk edýär. Bu gün mensiz gaýrat edäýmeseňiz, boljak däl – diýip, ol iki bükülip durşuna ýalan sözledi. Gürlände sesini derde uçran hassalaryň sesine meňzetmäge çalyşdy.
-Beh, ýakar-ýakmaz bir zat iýdiňmi? Ýüregiňem bulanýarmy? Kelläň nähili? Agyrýarmy? – diýip, galdawlygy daşyndan bildirip duran çal saç başlyk ýüregi bilen ynjalyksyzlanýandygyny duýdurdy.
-Kelläm-ä agyranok. Ýüregem oňat. Iç heläk edýär, iç. Bar hezilimi aldy.
-Körçege-zatmyka ýa?
-Bilmedim-dä, başlyk.
-Körçege bols-a keserler... Bar onda, durma!
-Sag bol, başlyk!
Çykyp barýarka ýeňseden başlygyň sesi eşidildi:
-Turbanam-a ýalňyş kesipsiňiz. Bir segsen bäş bolmaly, a siz bir togsan bäş edipsiňiz.
-Bilýän, başlyk. Ilki ölçegimiz bir togsan bäşdi. Soň üýtgedi-dä. Arkaýyn bol, başlyk, düzederis, ilki içi düzedeýin.
-Içiň agyrýan bolsa, ýüzärligiň dänesini iç. Birinji emi şodur. Edil tapbat edäýer – diýip, işçi oglanlaryň biri Poladyň yzyndan gygyryp galdy.

3.

Bazarda täze gedaý peýda boldy.
Ol gowur berip duran uly bazaryň iň bir gelim-gidimli ýerinde, adamlaryň eýläk-beýläk dyngysyz geçýän ýolaýrydynda dilegçilik edip başlady. Birbada dilini ýarmady, töweregine sowuk hem mysapyr garaýyş bilen göz aýlap, sessiz elini serdi. Biraz duransoň, garrap, tapdan düşen bedenini aýak üstünde uzak saklap bilmän, gedaý derrew çöküne düşüp, aşak oturdy. Ol ir säher bazarçylar bilen bir wagtda deň örüşine tä mähelle sabaýança şol çöken ýerinde gurşan aýaklaryny ýazmak üçin käte bir gozganjyrady diýäýmeseň, ýerinden turmady.
Kimdir biriniň özüni tanap utandyraýmagyndan ätiýaç edýän ýaly gedaý sakgal-murt basan ýüzüni uzakly gün ýerden galdyrmady. Telpegini öňünde goýup, çöküne düşüp, küýkerlibräk oturyberdi. Eýesi gedaý bolany üçin, ebetde, telpek syrdam bitin däl, bireýýäm göwşülläpdir. Egnindäki penjegi ýaly sary gidip, garantga geýdiribermeli hala düşüpdir. Emma telpegiň garantga geýdirerden has möhüm işi bar. Bu telpek dilegçiligiň baş alamatyna öwrülip, edil beýleki adamlar ýaly, gedaýy ýaşaýyşa imrindirýän esasy zady – pul-püçegi ýygnap berýär. Onsoň gedaý telpeginiň üstüne abanybrak agzyny çala gymyldadyp, eşdiler-eşdilmez mydyrdap otyr. Onuň sesi bazar güwwüldisiniň içinde aýyl-saýyl eşdilmän ýitip gidýär. Ýöne telpeginiň içine pul oklamak üçin aşak eglen wagtyň onuň dileg edýändigini eşitmek mümkin:
“Aýdan-diýeniňiz kabul bolsun!”
“Hudaýym beren sadakaňyzy kabul etsin!”
“Aljagyňyz alkyş, ýüküňiz abraý bolsun!”
“Görjegiňiz Hydyr bolsun!”
Gedaý aýat-süreden habarly adamlaryň hilinden däl. Gara başlaryna gaý geçip duran ötegçilere gedaýyň okajak aýat-süresiniň derkary-da ýok ýaly. Käte olaryň biri telpegiň içine biraz ownuk pul oklaýar-da, şobada hem gözden ýitip gidýär. Beren pulunyň Hudaý ýoluna sadakadygy barada, onuň kabul bolup-bolmazlygy hakda pikir edýäne meňzänok. Olaryň näme pikir edýändigi hem gedaý üçin ähmiýetsiz. Ol pul berene çalarak nazar aýlar, agzynam çalarak gymyldadar. Şonda onuň ýüzünde minnetdar bir garaýyşy görersiň, dodagynyň gymyldysyndan bolsa “Kabul bolsun!” diýýänini aňşyrarsyň.
Bu ýere aýagyny sekip, şindi maksadyny göz-görtele äşgär edip ýetişmänkä munuň kimdigini hemmeler tanady duruberdi. Bazarçylaryň islendigini saklap: “Hol oturan kim?” diýip, sorasaň,

säginmezden, bir agyz: “Gedaý” diýip jogap berjegi ikuçsyz. Başga zat aýdyp biljek gümany bolmaz. Bu ýere bazar diýilýär. Her kim galarak satjag-u, amatlyrak aljak. Onsoň asmandan inenem bolsa, ýerden çykanam bolsa, gedaýdygy kesesinden mälim bolup duransoň, üstesine-de söwda üçin asla ähmiýeti bolmadyk bu adamyň kimdigi barada hiç kim gyzyklanyp duranok. Gedaýmy, gedaý! Hemmeleriň tanaýan gedaýy! Ähli kişi üçin nätanyş adam!
Bazarçylaryň içinde gedaýyň özüniňem belli-külli tanaýany ýok öýdýän. Ol ötüp-geçip duran adamlaryň arasyndan kimdir birini tanajak bolup içginsiräberenok. Ýogsa, ir bilen bazara gelen gaba telpekli, sakgally-sarmykly, özi bilen ýaşytdaşrak ýaşulyň ýüz keşbi oňa kimdir birini ýatlatjak boldy. Gedaý hakydasyny oňatja dörüp, ýaşulyny siňe-siňe synlan bolsa, ähtimal, tanasa, tanardam. Ýöne döwtalap bolmady. Ony Aktakyr obasyndandyr diýip güman etdi. Geçip barýan ötegçiniň uzadan kagyz puluna ünsi bölünip, ol dileg edip başlady. Gaba telpekli ýaşulynyň ýüz keşbi bolsa onuň huşunda uzak durmady.

* * *

Onuň ene-atasynyň ezizläp, söýgüläp dakan ady Sähet bolmaly. Sähet atadan ir galdy. Bagyrda dörän nägehan kesel üç-dört ýaşlaryndaky Sähedi ýetim goýdy, ejesini dul galdyrdy. Sähetjige kaka, ejesine är bolmak üçin Aktakyr obasyndan Hakgy diýilýän telpegi agan biri irginsiz gatnap, ahyry arzuwyna ýetdi. Ýörite ataraba tutup, bulary Aktakyra göçürip äkitdi.
Sähet mekdebe gatnap başlan uçurlary çaga üstünden ejesi ýogaldy. Kakalygy Sähedi daýylaryna alyp gitdi. “Ejes-ä şeýle boldy welin, ynha, indi muny näderis? Ýegenjigiňize eýe çykarmysyňyz?” diýip ýaýdana-ýaýdana habar berdi. Daýy-daýzalarynyň ählisi dil birikdiren ýaly, ýüzlerini kürşerdip, tykyraşdylar, ýükürgendiler. Hakgy olara ýalbaryp durmady. Sähedi Aktakyra alyp gaýtdy. Aradan ýoňsuz salym geçmänkä-de, Ajap atly yzgytsyz bir aýala öýlendi. Sähet soň görüp otursa, Ajap Hakgynyň önelgesizligi üçin kowan başdaş aýaly eken. Ajaba ikinji gezek öýlenenden soň iki ýyly geçirip, bir keseljik tapyndy-da, Hakgynyň özem arman bilen gözüni açyp gitdi.
Ajabyň welin Sähet bilen mäşi bişişmedi. Jyny jyňkyryşmady. Hamana, önelgesizligine, Hakgynyň özi bilen aýrylyşmagyna, Sähediň ejesine öýlenmegine, ahyrynda-da ähli zat gülala-güllük bolaýmaly wagtynda Hakgynyň ölüp gidibermesine, şowlamadyk maşgala durmuşyna, hemmesine, ine, şu boýnuny sallap, egnini gysyp, sust oturan oglan günäkär ýaly, ýüzüni ajatdy. Torsaryldy. Siltenjiräp, girse-çyksa, azar ýamanyny berdi. Hunaba ýuwutdyrdy.
Sähet çydamady. Daýylarynyň gözlegine çykdy. Salgy bilen tapdy. Ýöne daýylary gujak açmadylar. Ýüz bermediler. Seňriklerini ýygryşyp, aýal doganlarynyň ozalbaşda ölen äriniň ojagyny saklap oturaýman, äre turup gitmesine Sähet sebäp bolan ýaly gaharly seretdiler.
Ol ýene Ajabyň ýanyna dolandy. Her näçe muşakgatly bolsa-da, gaýrat etdi. Ýuwudar ýaly zatlary ýuwutdy. Mädesi iri adamyňam ýuwutmasy kyn zatlary bolýar. Sähet, başarsa, şolary hem ýuwutmaga çalyşdy. Bir gezek Ajap: “Seň ejeň düzüw däldir, ýurtýykan loly bolmasa, meň gül ýaly günümi bulamazdy” diýip, ölüp giden ejesini tisgindirdi. Şol gezek Sähet saňňyl-saňňyl etse-de, sesini çykarmady. Gaýtawul bermedi. Içinden welin öldürip dynmaly diýip pikir etdi. “Palta bilen göni bir uramda alaryn. Ahmalyna garap alaýyn” diýen hyýala mündi.
Edil şu niýeti aňan ýaly, goňşulary Ýemşik aga bir gün Sähedi ýanyna çagyryp:
-Hä-äýt, seresap bolgun! Albassydyr, seň el götereriňe garaşýandyr. El göterdigiň – işiň gaýtdygy. Göni türmä gidersiň, çüýrärsiň, ömrüň kül bolar, oglanlyk edäýmegin! – diýip tabşyrdy.
“Wah, Ýemşik aga, jan agam, el göterjek däl, öldürip dynjak, palta bilen çapym-çapym etjek, her bölegini tike-tike edip, ýedi ýoluň birigýän ýerinde gömjek. Şonda-da içim sowar öýdemok” diýip, şol gezek Sähet tasdanam içindäki pikirini daşyna çykarypdy. Ýöne hykga damagy dolup, gözüne ýaş aýlandy-da, hiç zat diýip bilmedi. Başyny atyp, turup gitdi. Näçe hyýala münse-de, Sähet eline palta alyp bilmedi. Hyrçyny dişläp, Ajabyň buýran ýumşuny bitirmek üçin ýüwürdi ýördi.
Aý-gün geçip, Sähet mekdebi gutardy. Gulluga gidip geldi. Gelşine-de obada uzak eglenmän, talap

gözläp, şähere siňdi. Soň oba dolanmady. Ajabam muny idäp durmady.
Sähet gurluşykçylaryň brigadasynda işe durdy. Oňa umumy ýaşaýyş jaýyndan otag berdiler. Brigadada Zeýnep atly suwagçy gyz işleýärdi. Sözleri bal bilen ýag ýaly alyşdy-da, Sähet muňa öýlendi. Durmuş birsydyrgyn akymy bilen bulary hüwdüläp ugrady. Basym iki otagly jaý berildi. Ýuwaş-ýuwaş goş-golam edindiler. Zeýnep yzly-yzyna iki ogul dogurdy. Ikisem durmady. Hersi bir kesel tapyndy-da, iki-üç gün ýaşap, eräp gitdiler. Soň Sähet azaşdy. Ýol urdurdy. Jalataý ýigitlere ýaran boldy. Ýaşaýyşyň lezzetini içgiden gözledi. Gijäniň birmahalaryna çenli dowam edýän göçgünli meýlisler ömrüniň bezegi bolmalydyr öýtdi. Keýpi-sapany gündelik adata öwürdi. Meslekdeşleriniň köpüsi ýaly, kellesiniň dumanlap, gözüniň gyzaran wagty ýekeje gyşyk söz üçin gyzyl ýumruga girişmekdenem gaýtmady.
Bir günem özi ýaly tüýsi bozuk bilen serini sämedip, anjaýyn geýnen nätanyş gelne lak atdy. Gelin şer tapsa, toý küýsemez ekeni. Agzyna gelenini aýdyp, paýyş-paýyş sögüberdi. Hiç tüketmedi. Sähedem ýanyndaky ülpedi bilen süzübermeli welin, etmedi. Gaýta topulyp, gatnawly köçäň ugrunda gelniň özüni ýençdiler. “Bu bizi äridir öýdýä. Ärinden görmedigini görkezeli!” diýişip gülüşdiler. Gelin görgüli kimlere sataşyp ýörenini bilen dessine derrew mugyra geldi. “Waý, göwrämde çaga bar. Waý öldürýärler!” diýip jowranyberdi. Ýöne giç. Bularyň diňlejek gümany barmy? Ülpedi-hä saklap durdy, Sähedem kemeri bilen gelni essinden gidýänçä saýgylady. Munuň bilenem oňman, gelniň ýantorbasyny silkişdirip, puluny-da aldylar. Bu işiň soňy gelniň göwresindäki çaganyň aýrylmagy, Sähediň we ülpediniň on ýyl türme tussaglygyna hököm edilmegi bilen tamamlandy.
Sähet möhletini doly oturyp, boşap geldi. Gelse, Zeýnebem yzynda muň geljek ýoluna gözüni dikip ýeke oturmandyr. Alaga-da, birine äre çykypdyr. Öýüne salypdyr.
Sähet:
-Wah, Zeýnepjik! Wah, senjagazmy?! Wah, sen-ä... – diýip, yzyny aýdyp bilmän, aşaky dodagyny dişläp, başyny ýaýkap, çykyp gitdi.
Soň ol ozalky işlän ýerine bardy. Ýene umumy ýaşaýyş jaýyna ýerleşdi. Gaýtadan içgä imrikdi. Boş wagtlary dul aýallaryňkydan çykmady. Olaryň biri bilen goşuny birikdirdi. Dogrusy, birikdirer ýaly üýşüp ýatan goşy-ha ýokdy welin, garaz, bolanja goşuny alyp, bir ýassyga baş goýmak üçin täze aýalynyňka göçüp bardy. Ömrüniň üç ýylyny şol ýerde geçirdi. Onsoň aýrylyşdy. Aýrylyşmady-da, has takygy, bipeýan ülpeti köpelip, güzeran aýlamak weji bolmany üçin kowuldy. “Hojalyga nepiň degmejek bolsa, sen tetelli äri başyma ýapaýynmy? Araga aňyny aldyran alkaş meýdiýanan! Göteril! Sen ýaly ärsumagy basan ýerimden tapýan. Ýüz ýyldanam gerek zadyň ýok” diýip, aýaly onuň gülberini arkasyna daňdy. Sähet ýene umumy ýaşaýyş jaýyna bardy. Ýene dul aýallar bilen baş goşdy. Içgi bilen ýabany ýaşaýyşdan hözir gözläp başlady.
Bisähet günleriň birinde-de diline dygy etdirip bilmeýän ärsiz heleýleriň birini suwasalma ýençdi. Ýenjilen aýal ozaldanam keselbent ekeni. Sähediň bijaý urgulary zerarly huşundan gidensoň ony keselhana alyp gitdiler. Ol ýerde özüni bilmän dört gün ýatansoň aýal öldi. Sähet bolsa ýene köpýyllyk türmä gitdi. Ikinji tussaglyk möhleti uzaga çekdi. Türmäň içinde urşup, ýyl üstüne ýyl aldy. Bu gezek ol gojalyp, tapdan düşüp, boşap geldi. Gelip, Sähet barara gapy tapmady. Umumy ýaşaýyş jaýy ýykylypdyr. Ol ozalky meslekdeşlerini idedi, olar dereksiz bolup çykdy, kyn gününde Sähede birem ýüz bermedi. Tanyş dul aýallary bolsa ýa-ha äre çykyp ýitirim bolupdyrlar, ýa-da ölüpdirler, hiç bir tanyş galmandyr.
Onsoň ykbal tüweleýi aýlap-aýlap, Sähedi bazar gedaýynyň – dilegçiniň ornunda goýdy. Ýaşaýyş ugrundaky göreş sergezdan durmuşyň täze sahypasyny açdy. Ömrüň henize çenli görülmedik, garaşylmadyk we biraz elpe-şelpeligi wada berýän sepgidi başlandy.

4.

Güýzmyrat aganyň aýaly ir ýogaldy.
Käte şeýle bolýar: Adam alňasaman, uly jebirlere duçar gelmän, agyr kynçylyklaryň we şowsuzlyklaryň

tütünsiz ýakýan odundan nähilidir bir ýol bilen sowa geçip, öz öýünden arkaýyn girip-çykyp ýörendir. Özüni aňrybaş bagty gelen hasaplamasa-da, nadyl däldir. Hiç mahalam kellesini tutup, içgussa bolup, uly hossa edinip ýören zady ýokdur. Şonda, syn edip görseň, durmuşynda onuň rahatlygyny goraýan bir daýanç nokady bardyr. Ol şoňa arkasyny direýändir. Şondan ugur alýandyr. Köp ýerde ony çelgi edinýändir. Alys ýola düşüp, menzil söküp barýan ömür kerwenine onuň birsyhly, bilniksiz tekge berýändigini adam aňşyrsa, aňşyrýandyr, ýöne önjeýli düşünýän däldir. Niçikmi, ýazgydy şeýle bolup, şol daýanç nokady syndymy, adamyň dünýesi gapyşybiýr. Ol soňraky ätjek ädimini bilmez. Ýörejek ýolunyň hanjakdygyny saýgarmaz. Kesesinden göz-görtele mälim bolup duran aljyraňňylygyny, dagynyklygyny ýaşyrmaga gurby ýetmez.
Aýaly ýogalanda Güýzmyrat aga-da aljyrady. Orta ýolda atyň büdrese, elbetde, gowy däl. Ýöne orta ýaşda aýalyňy ajala aldyrsaň, has-da keçje bolýar. Höwrüňden aýrylmak hem edil ýetim galmak ýaly bir zat. Başdaşy bakyýa göç edensoň, ýaşuly hakykaty boýnuna aldy. Sakgal goýberip, Şerigata uýdy. Höwürsiz durmuşyň hözirsizligi Güýzmyrat agany tiz kejikdirdi. “Ýekelik – Hudaýa ýagşy” diýip, ol önelgesiz, sary diş bir aýala öýlendi. Iki ýyldan uly ogly Şageldini öýerdi-de, dessine rysgyny aýrylady, täze mellekden jaý salyp berip, göçürdi. Yzýany bilen ýetişen gyzlaryny durmuşa çykardy. Oňa çenlem ortanjy ogly Şahan ýokary okuwy bitirip geldi. Güýzmyrat aga gyzgyny bilen ony-da öýli-işikli etmegiň aladasyny etdi. Sorap-idäp, belet bolansoň, goňşy obadan bir okuwly maşgala üçin guda boldy. Obany çagyryp, toý berdi.
Bir gün Şahan gelip, kakasynyň ýanynda oýkanjyrap esli oturansoň, ýaýdanmaç gürrüň etdi:
-Kaka, bir maslahat bar...
-Ýeri!
-Göwneseň, men-ä şähere göçäýsem diýýän.
Güýzmyrat aga keçäň gülüni dyrmalap, eline ilenini tüýdüşdirip, gara dere batyp, ber-başagaý aljyrap oturan ogluny ilkinji gezek görýän ýaly, ýiti-ýiti synlap:
-Beh-beh, näme, başbütin şäherli bolaýsam diýýäňmi? – diýdi.
Şahan gümürtik jogap berdi:
-Bilmedim-dä, kaka. Görmeli-dä.
-Diýmek, obada ýerläp bilmänsiň-dä?
-Ýerläp bilmedim, kaka. Birhili oba sygmajak bolýan...
Güýzmyrat aga birmeýdan dymdy, ynjalygy gaçan ýüz keşbini, gam ýetişen garaklaryny gizlemek üçin kesä bakyp:
-Sygyp-sygmaz ýaly oba-ha dar ýer däldir, ogul. Gör-dä özüň – diýdi.
Şahan ýaş gelni bilen şähere göçdi-de, mekdepleriň birinde mugallymçylyk edip başlady.
Güýzmyrat aga Şalary öýermäge ýetişmedi. Körpe ogul oglanlyk etdi, ýerliksiz batyrlyk satyp, türmä düşdi.
Wa-ah, bi döremän geçen Şalarmy? Kakasyny wagtyndan öň garradan, bilini büken, dilini gysga eden şo dälmi? Güýzmyrat aganyň käte-käte başyny ýerden galdyrman, “hümm”, “hümm” edip içini gepledip ýörmesi-de Şalar üçin-dä. Ojagaz “hümmüldileriň” aňyrsynda kän zat ýatandyr. Şalar gursun!

* * *

Amanýaz saňsaryň uly gyzy Suraýyň bagty pes ekeni. Agras görünmese-de, asylly saýylmasa-da, owadanlykda Aktakyryň iň naýbaşy gyzlarynyň biri hasap edilýän bu gyzy Güýzmyrat aganyň körpe ogly Şalar galmaz güne salyp gitdi.
Baýak bir meýlisde keýpi çag orramsynyň biri:
-Iş oňarmaýan köpek kändir, emma yrylmajak ganjyk ýokdur. Ynha, özümiz ýalyň eline düşse, kim bolanda-da süňňi gowşabiýr – diýip, hiç kime gezek bermän öwündi.
Şo meselede onuň nähak magtanmaýandygyna hem atan okunyň pys geçmeýändigine belet

bolansoňlar, müňkürlik etmek hiç kesiň ýadyna düşmedi. Meýlishalar kişiler sabyr-takady elden berip, bilesigelijilik bilen:
-Syry nämede, syry? Şony aýt! – diýşip, ilgezik boluşdylar.
Orramsy:
-Üýtgeşik syry ýok. Diňe öwgi bilen alyp ýatmaly! Aýagaldygyna ýüzüne öwübermeli. Degse, bäş, degmese, ýigrimi bäş, ýalan-ýaşryk söz bilen pyrlanyber daşynda. Asyl bäri-bärde goýma, göge göter, asmanyň Aýyna deňe. Ýaş görünýäň diýip öw. Yşnaksyz bedroýam bolsa, senden owadan hiç kim ýok diýip öw. Häsiýetini öw, gözüni-gaşyny tarypla. Işiň öwmek bolsun! Öwgüň öňünde uzyn etekliň durary bolmaz. Edil ýöne pagyş-para eräbiýr. Muňa öwgi bilen yrmak usuly diýýärler – diýip, welilik satdy.
Muny öz gulagy bilen diňläp oturan Şalar orramsyň okuwyny şol günüň özünde özleşdirip başlady. Niçeme aý bäri ýüzüni sowup ýören Suraýyň daşyna geçdi. Birnäçe günden soň gözi-başy aýlanan hem oý-pikirlerini aldawçy hyýallara gurban beren Suraýyň ýumşajyk ak ellerini öz penjesinde saklap duran Şalar orramsy deýýusyň juda tap bilerligine haýran galdy. Ol awuny hatasyz urýan tekepbir mergeniň göçgünliligine bendi bolup, gyzyň galdyrap, galpyldap, lowlap duran gyzgyn bedeninden erjellik bilen myrat tapmaga dyrjaşýardy.
Suraý bolsa, akyl-huşuny aldyrdy, erkini elden giderdi. Soňuny saýmady. Soňuny saýmaga wagtam bolmady. Onsoň iş işden geçdi-de, serhet bozuldy. Ol ganat-perden aýrylyp, al-asmanda gaýyp ýören ýerinden patlap, ýere gaçdy.
Ýüzüni tutup, silkinip, sessiz gözýaş döküp duran Suraýyň bulaşan saçlaryny eli bilen daraklap durka Şalar ýaramsaklyk edip, boguk sesde üzlem-saplam:
-Goý, aglama! Taşlap gider öýdýäňmi? Ömür taşlarynmy? Meň aldamajagymy bilýäň-ä! Ynha, basym toý ederis. Men seni bagtly ederin. Goý, aglama, aglasaň gözüň çişýär, ana, eýýäm ýüzüň gyzaryp ugrady – diýdi.
Soň bir gün Suraý onuň utanjy-uýady unudan ellerinden zor bilen sypyp, döşünden itdi-de:
-Hany, ejeňi ugratjak dälmi bize? – diýip, dözümli sorady.
-Ugratjak. Ynha, basym ugratjak.
-Ölüp-öçüp barma onda. Toýa çenli sabyr et!
-Ýüregim ýarylyp barýar, Suraý. Sensiz ölýän men. Sen bolmasaň, howam ýetenok. Sen... Men... – diýip, Şalar gyzy gola salmak üçin öňe omzady.
-Ejeňi iber diýýän-ä. Iber-dä!
Şalar biraz gowşap:
-Ejem barmaz – diýdi.
-Nämüçin?
-Kakamy ibererin. Birem Jahan barmagy mümkin. Ejemi iberjek däl, o heleýi hi-iç jynym alanok. Şu günem eşiklerimi ýuwmandyr, menem agzymdan gelenini diýdim. Toýdan soň o heleýi özi gaçyp gider ýaly ederin. Kakama gaharym gelýär. Bizi masgara etdi, bi ýaşdan soň heleý nämä gerek?! Şahan şähere keýpine göçendir öýdýäňmi? Şo heleýiň ýüzüni görmejek bolup gitdi. Ýöne men beýtmen. Men oň özüni gaçar ýaly ederin. Sen kakama gowja seretseň bolýar, Suraý! Ojagaz heleýe dagy ýüz beräýmegin! Eşitdiňmi?! Entek birazajyk howlukma, tomaşa görkezişime bak. Gan agladyp, "Ykbalym" diýen aýdymy aýtdyrmasam, hasabam däl – diýip, Şalar dişini gyjady.
Güýzmyrat aga Suraý üçin gudaçylyga gelse, gelerdem welin, Şalaryň özi oňarmady. Ol Hojanyýaz saňsarlaň bir toýunda gümbaşlyk etdi, toýa gelen myhman oglan bilen sözi azaşdy, uruşdy. Has dogrusy, urdy, suwasalma ýençdi. Ýenjilen oglan bolsa, öňdenem keselbent ekeni. Bijaý degen ýumruklar tas onuň ölümine sebäp bolupdy. Güýzmyrat aga keselhana bilen sülçiniň arasynda jöwlan urup, şunça gatnasa-da, nepi degmedi. "Bir ýazykdan är ölmez! Öýlenmedik gögele oglanyň ömrüni puç etmäň! Gaýrat ediň!" diýip ýalbardy. Oňa "Ýaşuly, giç äwýäň. Wagtyragynda ogluň temegine kakan bolsaň, bizem dynç bolardyk, senem beýdip elewräp ýörmeli bolmazdyň" diýdiler.

Ahyrynda Şalary üç ýyllyk türme tussaglygyna höküm etdiler.
Suraý içini tutup aglady.

5.

Amanýaz saňsar eýlesi-beýlesi bir gulaç çemesi ýuka tagtanyň ýüzüne gyzyl reňk bilen:

“Men-men diýen ärler ýatyr gum bolup”

diýen sözleri gödeňsi hem tagaşyksyz ýazdy-da, ýazgyny göterip, “Ýylgynly” gonamçylygyna gitdi. Ony eltip, gabrystanlygyň alkymyndaky ýolaýrytda hyrawa biten igde agajynyň şaha bölen ýerinden çüýläp goýdy. Bäş ädim gaýra çekilip, kellesini gyşardyp, eden işini synlady. Kanagat tapdy.
Ynha, indi ötegçiler muny görmän geçmez. Harp tanaýan adam hökman okar. Goý, okasyn! Many alsyn! Adamyň irde-giçde boljagy şudur. Dünýäde näçe ýaşanam bolsaň, nä iş goparanam bolsaň, şu ýere geleňsoň, sen hiç kimsiň! Kim bolaňda-da bir gysym gum bilen gözüňi dolduryp, tümmegiňi ýasansoňlar, ýer astynda ýatan mör-möjeklere lukma bolarsyň, gözüň akyp, etiň çüýrär, bogunlaň ýazyp, süňk-süýekleriň sypar. Birbada ýatlasalaram, soňabaka ýagşydan-ýamandan adyň tutulmaz. Bir etjekleri, agtyklaň birine adyňy dakarlar, onam indiki gelin bolýanlar göwnese! Ana, wessalam, iş tamam!
Berdi sopy ýalylaryň “Iş tamam däl, esasy iş şol tümmekden soň başlanýar” diýjegi ikuçsyz. Olaryň pikiriçe, adam ölenden soň şu dünýelik iş gutarýar. Gabyr döwri başlanýar diýýärler. Dar gabryň içinde Müňkür bilen Nekir atly elleri gürzüli iki sany perişde öleni burça gabap, set-müň sorag berýärmiş. Aýdyşlaryna görä, günäli öten bendäň beden agzalaryna hem dil bitip, eýesiniň garşysyna gitjekmiş, ýüzüne durjakmyş! Onsoň perişdelerem gürzüsi bilen depäňden urup, tükeniksiz azap berjekmiş. Ýazygyň çökder bolsa, hatda gabyr hem gysjakmyş, gapyrgalaň bir-biriniň içinden geçip, çydap bolmaz derejede agyr jepalar çekjekmişiň diýen ýaly heňe gelmejek gürrüňlerem bar. Soňam, haçandygy belli däl, öz-ä wagty golaýlapdyr, Kyýamat gopmaly diýýärler. Ähli janly zatlar ölüp, ýaşaýyş togtamaly. Onsoň ölenleriň hemmesi direlip, asgyryp ýerlerinden turmaly. Pany dünýäde eden işleriň üçin Hudaýyň öňünde birme-bir hasap bermeli. Hasap berip bilmejekler üçin agyr azaplar bar. Lowlap ýanýan ot bar, Jähennem bar! Ýagşy adamlar üçin Jennet bar! Jennetde-de egsilmez eşret bar, tükeniksiz lezzet bar! Baky ýaşaýyş bar. Kän zat bar. Ýöne Amanýaz üçin bularyň käbiri jedelli mesele! Yrga gürrüňler! Elbetde, Amanýaz Hudaýsyz däl. Bihasap zadyň ýokdugyna-da ynanýar. Agyr günä eden adamlar üçin Dowzahyň, ýagşy adamlar üçin Jennetiň ýaradylandygyna hem müňkür gidenok. Pany dünýäniň synag edilýän bir düşelgedigi barada bolsa, kitaplardan telim gezek okap bildi. Synagyň kä netijesi şu dünýede belli edilýär, köpüsi bolsa, Kyýamat gününde aýan boljak! Onsoň bu zatlary o dünýä baryp görübermeli bolar. Häzir bolsa, Amanýaz tümmekden aňryny bilenok, hiç kimem bilenok, ondan bärsini bolsa, ana, hol ýazgy aýdyp dur. Oka-da, many al! Kädiňi işlet!
Oba tarapdan bir gara göründi. Gara birazdan ulalyp, iki elini arkasyna tutup, bir aýagyny ýempäbräk alyp gelýän Güýzmyrat aga öwrüldi. Ol golaý gelip, Amanýazyň salamyny alan dessine:
-Sapar gelmedimi? Annahalyň ogly Sapar? – diýip sorady.
-Bilmedim-dä. Men gelelim Sapar görnenok. Menden öň geçip giden bolsa biljek däl.
-Senden öň geçende-de traktory görünmeli ahyryn. Göze ilmez ýaly traktor kiçi zat däl-ä.
-Traktory bilen gelmelimi? Aý, ýok, traktorly bolsa görerdim.
-Gelmändir onda. Barjak diýipdi. Kerçliperi, odunlary göçürmeli. Täze öwlüýä göçmeli. Sapara gaýrat edermiň diýsem, ýok diýmedi. Ynha, men agsak aýagymy süýräp, keremara geldim, o bolsa traktorly halyna henizem gelmändir.
-Geler, Güýzmyrat aga! Sapara belet, bor diýensoň, öwlüýäň tümmegini göçürmelem bolsa, arkan gaýyşmaz. Boýnuna alansoň, bitirmän goýjak gümany barmy?!
Güýzmyrat aga az-kem ynjalyp:

-Tilpunyň el-ýüzdemi? – diýip sorady.
-Tilpunmy? Tilpun-a şu günlükçe heleýe berendiris, Güýzmyrat aga. Atasy öýüne gitdi. Galpak toýa.
”Tilpun” diýilýän zadyň galpak toýa gidilende nämüçin äkidilýändigine akyl ýetirip bilmän, biraz duransoň, ol:
-Bi günortanyň garaňkysynda sen näme işleýäň bärde? – diýip sorady.
Amanýaz saňsar:
-Menmi? Menem öwlüýäň tümmegini sanamak üçin-ä gelmedim. “Ýylgynly” dolanam bolsa, gara ýeriň adam etinden doýmajakdygyny ötýän-geçýän bilsin diýip, bir işjagaz etdim. Hany, hol tagta seret! Bolupmy? – diýip, igde agajyna çüýlenen ýazgyny görkezdi.
Güýzmyrat jiňkerilip, görkezilen ýere seretdi.
-O näm-aýt? Hatmy?
-Hawa, okap gör hany?
-Gözüm kesenok. Näme ýazdyň? Tapmalysyň öz-ä. Özüň oka, hany!
Amanýaz okap berdi.
Güýzmyrat aga bir Amanýaza, bir-de ýazga seredip durşuna:
-Aýdym ýaly-la munyň? – diýdi.
-Hawa, aýdym edibem aýdýarlar.
-Indi? Näme etmeli muny indi?
-Hiç zadam etmeli däl. Geçip barýanlar okamaly. Okabam pikir etmeli. “Ine, adamyň soňy şü. Iň soňunda hemme kişi ýeriň aşagyna girmeli” diýip, geçen pikir eder. Soňuny ýatlar.
Güýzmyrat aga höwessiz:
-Ýatlar öýdýäňmi? – diýdi.
-Hawa, ýatlar. Ýatlamasa, bolmaz-a.
-Haý, näbileýin?! Gaýtam seň munyňy okap, geçip barýan aýdyma hiňlenäýmese.
-Hiňlenende näme? Aýyp zatmy? Esasy zat, okasalar, birem adamyň ahyrynyň puçdugyna düşünseler boldy-da.
-Bolmaz, inim, bolmaz! Öwlüýäň içinde aýdyma gygyryp otursalar, boldugymy? Bolmaz-a, be-e!
Amanýaz saňsaryň çaky çykmady. Ol ýazgyny görüp, Güýzmyrat aga haýran galar öýdüpdi. Iň bolmanda “Oňarypsyň” diýerine garaşypdy.
-Şuny okan adamlaň bäşden biri şo zatlar hakda pikir etse-de, ýetik – diýip, Amanýaz ýene bir gezek eden işiniň ähmiýetini düşündirmäge synanyşdy.
Güýzmyrat aga esasan agsaýan aýagynyň haýal-ýagallygy bilen barypýatan perwaýsyzlyk görkezip, igdäň kölegesinde çökdi.
-Juk. Pikir etmezler! – diýdi. – Pikir edýän barmy indi? Soňuny ýatlaýan adam sen muny ýazmaňda-da ýatlar.
Amanýazyň bady gaçdy. Ol kem-kemden güýjeýän gaharynyň hetden aşmazlygy üçin igde agajynyň elýeterde sallanyp duran kiçeňräk şahasyny döwüp eline aldy. Oturyp, pudarlamaga başlady, çybygy ýalaňaçlady.
-Seň şu ýazanyň asly goşgudan dälmi? Şeýlemi? – diýip, Güýzmyrat aga birhaýukdan gyzyklandy.
Amanýaz körkeýp jogap gaýtardy:
-Hawa. Magtymgulyň goşgusyndan bir setir.
-Seň bu ýazanyňam boljak welin... Nememi, sen kän kitap okaýaň. Şü öwlüýäň gabadyndan geçip barýarkaň aýat okamaly diýibem goşgy barmy?
-Aýat okamaly diýip?
-Hawa. Aýat hakynda goşgy diýýän-dä. Aýdyma zowladyp geçme-de, oturyp, ölenleň ruhuna Gurhan oka diýýän goşgy ýokmy?
-Bilmedim-ow, Güýzmyrat aga.
-Bilmeli, Amanýaz, bilmeli! Ýazjak bolsaň, şolar ýaly zat ýaz. Geçip barýan oturyp, aýat okasyn! Eýse,

erbetmi?
-Erbet däl.
-Ýogsa, öwlüýäň gabadynda oturyp, aýat okaýan adam azalyp barýar.
-“Öli aýatdan doýmaz, diri hezzetden” diýip ýazsam näder?
-Goşgymy ol?
-Nakyl.
-Hany, goşgy ýokmy?
-Gözläp göräýerin, Güýzmyrat aga.
Hol aňyrrakdan, gonamçylygyň esasy girelgesinden başy bürenjekli bir aýal çykdy. Onuň yzynda töweregine gorky bilen ýaltaklap gelýän, ýaglygyny çümre daňynan ýaş gyz bardy. Aýal igdäň aşagynda oturanlary görüp, girelgede dem salym kürtdürip durdy.
Amanýaz esli aralykdan:
-Salawmaleýkim, ýeňňe! Zyýaratlar kabul bolsun! – diýip gygyrdy.
Aýal başyny atdy-da, yzyndaky gyza bir zatlar diýip, ekerançylygyň içi bilen oba garşy biýol ýöräp ugrady.
-Kim ol? – diýip, Güýzmyrat aga sorady.
-Jepbar mesiň heleýi.
-Ýanynda-da biri barmy?
-Gyzy bar.
-Bärde näme işläp ýör-aýt olar?
-Zyýarat edendirler-dä. Öwlüýä diýlen ýere erkekler-ä öli gömmek üçin gelýär, heleýlerem olaň ýasan tümmegine ýykylmak üçin zyýarata gelýär.
-Beh, zyýarat edip, näme, olar näme... Hany, haýsy mazara zyýarat edipmişler?
Amanýaza oýun gerek.
-Bilmedim, Güýzmyrat aga. Yzlaryndan gygyryp soraýynmy?
-Gerek däl! – diýip, Güýzmyrat aga elini silkeledi. Hüňür-hüňür etdi. – Bi heleýler-aý gorky-ürkünem bilenoklar-aýt.
-Gorkar ýaly näme bar, Güýzmyrat aga? Öliň tümmeginden gorkup ýörseň, bolmaz-a.
-Gorkjak bolsaň, dirilerden gork diýýärmiň?
-Aý, ýok, on-a diýjek bolamok.
Güýzmyrat aga gobsundy.
-Sen diýmeseň, men diýýän, dirilerden gorkmaly!.. Onsoň Jepbar mesiň habary barmyka bu zatlardan?
-Haý, Güýzmyrat aga, bejerdiň-ow. Jepbar mesiň özi iberen bolsa bildiňmi? Men heleýlerden eşidenimi aýdaýyn saňa. Jepbaryň şo gyzy gije düşegini ölläp turýarmyş. Onsoň dogtora görkezseler, anginasyny kesip aýyrmaly diýipdir.
-Nämesini kesip aýyrmaly diýdiň?
-Anginasyny. Bokurdagyň iç ýüzünde mäz bar. Sowuklap, çişip, ýuwdunaňda itiň gününi görkezýän mäzi bileňokmy? Angina diýilýär şoňa. Şony kesmeli diýipdirler. Oň üçinem, näme, birgiden pul gerek. Jepbarda-da pul ýok. Onsoň, ine, mazaly tümmekler bar, şolara ýykylyp, çynyň bilen ýalbarsaň, em bolar diýip özüň ýaly bir-ä öwredipdir. Mugt bolýar-da şeýtseň. Bar çykdajyň tümmegiň başujyndaky taýaga bir esgini daňmak.
Güýzmyrat aga Amanýazyň ýaňsysyny duýmady. Jepbaryň aýalynyň matany haýsy mazaryň başyndaky taýaga daňanlygy baradaky pikir onuň aňyny şeýle bir eýeledi welin, ol hatda Annahalyň ogly Sapara garaşyp durandygyny-da bir pursat unutdy.
-Güýzmyrat aga, sen duza dem salyp bileňokmy? – diýip, biraz wagtdan Amanýaz saňsar başga gürrüň tapdy.
-Ä? O nähili dem? Çüfläp okalýan duza diýýäňmi? – diýip, Güýzmyrat aga aýňaldy.

-Hawa. Bi gaýraky Gädik işanyň okaýşy ýaly?
-He-eý, inim, elipden şermende ahyryn men. Bileňokmy? Ýa birinden duza çüfläp berýär diýip eşitdiňmi? – diýip, Güýzmyrat aga betgüman boldy.
-Ýok, eşdemok.
-Onda bi gürrüň nireden çykdy?
-Ýo-o, men başga zat diýjek bolýan. Bilýän bolsaň, ýaňky Jepbaryň heleýine beýdip, öliň tümmegini basgylap, elem-tas bolup ýörme-de, Güýzmyrat aga dem saldyr diýjekdim.
Güýzmyrat aga ilkinji gezek görýän ýaly Amanýaz saňsary ýiti-ýiti synlady. Onuň gep-gürrüňinden oýnudygyna-çynydygyna teý düşünip bilmänsoň, ýüzünden bir yşarat gözledi. Tapmady.
-Onsoň? – diýdi.
Amanýazyň: “Bir çümmük duza dem salyp ber-de, geleniň aklygyny al-da otur. Ana, aňsat eklenç!” diýesi geldi. Ýöne Güýzmyrat aganyň şübheli garaýşyndan heder etdi, onuň dilinden ýakymsyz bir zady eşidäýmeginden ätiýaç edip ýöwselledi.
-Ýa oňam ýörite okuwy-zady barmyka? Kynmyka? – diýdi.
Güýzmyrat aga bu barada belli-külli bir zat bilmeýändigi üçin, üstesine-de öňden beýle zady pikir etmänligi sebäpli ýaýdandy. Amanýazyň sowalyny jogapsyz goýmazlyk üçin umumy gürrüň etdi:
-Il her öňýetene derdini aýdyp, duza çüfledip ýörmez, inim. Il Güýzmyradyň kimdigini bilýändir. Biz ne awun bolduk, ne-de mawun.
“Awun bilen mawun nämekä? Agzy jäheksiziň ugralla aýdyp goýberen zady däldir. Aňyrsynda hökman bir gürrüň ýatandyr. Şu sözüň gelip çykyşyny öwrenmeli” diýip Amanýaz öz ýanyndan belläp goýdy. Onsoň:
-Ulurak öwlüýäleň müjewürlerem bir çümmük duzy kagyza dolap, pylança manada satyp otyrlar – diýip, gürrüňiň örüsini giňeltdi.
-Satýan däldirler, Amanýaz, hergiz baha kesýän däldirler. Her kim eçilenini berýändir. Sadagasy gitdigim, güýçli öwlüýäler... Galyň bende derdine dowa agtaryp barýar.
Amanýaz ters gürrüň etdi:
-Dowa agtarsa, agtarýandyr. Ýöne haýyr tapýan ýokdur. Hany, nep tapan barmy şolaň duzundan?
-Ilçilikdir, Amanýaz, kändir. Sen seresap bol, birden bir bela duçar gelip oturyberme. Hudaýdan gork!
Amanýaz Hudaýdanmy, ýa başa inäýjek başga bir beladanmy, gorkup, heder etdi. Şu gürrüňi başlanyna azajyk ökündi. Ol biraz dymyp oturansoň:
-Şo müjewürleň hemmesiniň eteginde namaz okabermeli päkdigine şekim bar. Menem eşitmiş welin, eklenç üçin oturýanam barmyş. Eýse, pul bolmasa, kim otursyn öwlüýäde? Müjewüri öwlüýäde pul oturdýar, Güýzmyrat aga, pul! – diýip, ol başga gürrüň tapdy.
-Dagyň-a bilemok welin, Amanýaz, şü duza çüflemek ata-baba bar zat. Galamasynam, dogar aýyň dördüne Gädik işan sadaka berýär, çakylyk etdiler, şoňa baramda sorap göräýerin.
-Güýzmyrat aga, sen heý, şu çaka çenli duza dem saldyryp gördüňmi?
Güýzmyrat aga “Ýaman kän sorag berýäň-aý” diýýän manyda alarylyp, Amanýaza kineli seretdi.
-Ýadyma düşenok.
-Ynanýaňmy özüň şo zada?
-Nämä?
-Ynha, men Gurhany ýat tutaga-da, müjewür bolup oturjak şu ýerde. Jebeliň duzundan bir haltany elimiň aşagynda goýup, kagyza dolap, dem saljak-da, zyýarata gelene berjek oturjak. Sen onsoň şondan haýyr taparyn öýdýäňmi?
Güýzmyrat aga Amanýaz saňsaryň sakgal goýberip, başyna selle orap, dondur mesi geýip, gonamçylygyň başynda müjewürlik edip oturan keşbini göz öňüne getirjek bolup, şunça jan etse-de, bolmady. Onuň hyýalynda barmagyny çommaldyp, gelene akyl öwredip oturan, kän gepleýän başga bir Amanýaz janlandy.
-Sen oba garşy ýörejek dälmi? – diýip, aladaly sypata girip, ol Amanýazyň soragyna jogap beresi

gelmeýändigini ýaňzytdy.
-Ýörejek...
-Ýöreseň, ýüzugra Annahallara degip geç. Sapara aýt, garaşyp otyr diý. Güne kak boldy diý.
-Traktory döwlen bolsa nädeýin?
“Äý, dünýäni gapyşdyrdyň-aýt!” diýýän manyda Güýzmyrat aga gaharly elini silkdi.
-Traktory döwlen bolsamy? Döwlen bolsa, Şükür gyzyla aýt, eşegini araba goşup, bejit gelsin, odunlary bir äkidip bersin!
-Haý, näbileýin?! Şükür gyzyl edäýermikä? Mal bakýandyr ol.
-Eder, Güýzmyrat aga haýyş etdi diýseň, malyny taşlap gaýdar. Amanýaz, sen bulaşdyrma-da, ilki Annahallara bar!
Amanýaz gitdi.
“Muň kellesinde harasat kän, saňsar diýseň, saňsar, ady özüne şaplaşyp dur” diýip, Güýzmyrat aga oýlandy.
Saňsarlar tiresiniň döreýşiniň il üçin gülküli taryhy bar. Bularyň düýp atasyna Nazar diýer ekenler. Oglan mahallary Nazar bir baýyň öýdeniçeri bolupdyr.
Bir gün baý söwdasy küşat bolup, oba arasyndan on iki sany düýe alypdyr. Baýyň gum içinde sürüsi bolup, täze alan mallaryny şol ýere sürmekçi bolupdyr. Ol Nazary bir erkegiň üstüne mündüripdir-de:
-Yzym bilen baryber. Gyssanmagyn, gyssansaň, mallary bölersiň. Tükel elten ýeriň bolar – diýip tabşyrypdyr. Özem basypdyr ata gamçyny.
Nazar gyssanmandyr. Düýeleri yzyna tirkäp, peýwagtyna guma garşy sürüberipdir. Obadan çykyp esli ýöränsoň, boýnunda duran kişi amanatynyň jogapkärçiliginden ätiýaç edipdir, oturan ýerinden yzyna gaňrylaga-da, düýeleri sanapdyr. Görse, on bir düýe! Biri kem! Göze ilmez ýaly düýe kiçi-girim zatmy? Gaýtadan sanapdyr. Biri ýetmän durmyş! Zähresi ýarylara gelen Nazar çökermezden-zat etmezden, münüp oturan erkeginden syrylyp düşüpdir. Durup, barmaklaryny büküp, täzeden sanapdyr. Sanapdyr welin, laýyk on iki düýe! Nazaryň ýüregi ýerine gelipdir. “Ilki sanamda birini gören däldirin, ýalňyşandyryn. Bu bolýan zat” diýip, ynjalypdyr. Ýogsa, görüp-görmez ýaly iňňe däl, gözüňi dolduryp duran egriboýun äpet janawer.
Onsoň öňden barýan erkegi çökerip, münüpdir-de, ýoluny dowam edipdir. Birazdan janyny barlap görmek üçin ýene-de oturan ýerinden düýeleri sanapdyr. Ýene on bir çykypdyr. Ýene düşüp sanapdyr. Düşüp sanasa, eýesi guramyş, on iki diýýä.
Münüp gelýän erkegini sanamalydygy teý üşügine gelmänsoň, saňsarlaryň düýp atasy şol gezek gaty kösenipdir. “Beh, bu nämüçin beýdýär-aý? Ýaňam on birdi. Indem on iki, ýola düşemsoň, ýene on bir bolaýsa” diýip, elheder alypdyr, aljyrapdyr. Ahyrynda halyslalla göwnelaýyk tükelläp bilmänsoň, öňden barýan erkegiň owsaryny eline alypdyr-da, pyýada gidiberipdir. Gidip barýarka-da gözi yzynda diýýä. Zol-zol gaňrylyp, sanap barýamyş. Hasabyny dürs çykarmak üçin pyýada ýöremeli bolandygyna dagy birjigem ökünmändir.
Şeýdip, säher bilen ýola çykan Nazar heleý öýlesi bolanda zordan barmaly ýerine ýetipdir. “Muňa näme bolduka? Ýaman köp eglendi-le. Eýgilikmikä?” diýip, bir ýerde durmaga karary ýetmän, zowzuldap ýören baýa dagy barmysyňam diýmän, baran dessine ýarty bedre suwy başyna çekipdir. Diňe şondan soň:
-Baý aga, mallaryňy sanapjyk alaweri! Şulary tükellejek bolup, tas şehit ölüpdim – diýip, uludan demini alypdyr.
Göwnüne mojuk zatlar gelen baý geňirgenipdir. Sebäbini sorapdyr.
-Düýäň üstünde oturan ýerimden sanaýan welin, edil arwah kakan ýaly, biri kem çykyp dur. Düşüp sanaýanam welin, dogry on iki sany. Ä-äý, hasabym çykman, ýaman heläk bolandyryn. Ahyry münüp-düşüp, münüp-düşüp ýadamsoň, pyýada gaýdyberdim. Maňa näme, ýitirmän, gaçyrman başbitin gelen ýerim bolýar. Malyň tükeldir, baý aga, arkaýyn sanaber – diýip, Nazar çyny bilen jogap beripdir.
Öýdeniçerine ozaldanam mazaly belet bolansoň, baýyň gahary gelmändir. Gülüpdir.

-He-eý, saňsar! – diýipdir.
Ondan bäri ýedi-sekiz arka nesil çalşypdyr. Şunça wagtyň dowamynda saňsarlaryň döreýiş taryhy baradaky gürrüňiň ýoýulan bolmagy-da mümkin. Ýöne düýp atalarynyň Nazardygyny we şoňa meňzeşräk bir wakanyň bolandygyny saňsarlaryň özleri hem boýun alýar. Bu taryhy keýpiniň kök wagty Amanýaza aýtdyraýsaň!
Güýzmyrat aga “Saňsarlar tiresiniň içinde Amanýazdan başga çorbaň ýüzüni ýaglap biläýjek kim bolup biler?” diýen pikire gümra bolup otyrka oba tarapdan Saparyň traktory göründi. “Wah, gel-ä, jan inim! Gaýrat ed-ä!” diýip, ol ýanynda hiç kimiň ýokdugyna garamazdan, nämüçindir daşyndan seslendi.

6.

Köp çagaly maşgalalarda öýüň körpesi ir ýetim galýar.
Poladyň alty uýasy bilen iki agasy bar. Polatdan soňam bir oglan bäbejik dünýä inipdi, ýöne oňa bary-ýogy bir ýyl ömür berlen ekeni. Kakasy dokuz çagany kündük ýaly aýalyna goýup, göç etmek üçin gözüni ýumanda Polat entek oglandy.
Agalary öýlendi, rysgy aýrylanyp, uçurym bolan guş kimin, özbaşlaryna höwürtge edindiler. Duzy-nesibesi çekip, wagty gelende gyz uýalary ýat ojaga imrigip gitdiler. Çöpi gaty uzakdan berilmänligi üçin bir ýelli gün ejeleri hem körpe oglunyň deňli-derejeli bolanyny görüp bilmän, ýel atyna atlandy. Doganlarynyň hersi bir ýerden tapylyp geldi-de, üýşüp, legzeban bolmasalar-da, legze kakyp, saç ýaýyp, öten günleriň, sowlan döwranyň, dolanmajak baharyň agysyny aýdym edip aýtdylar, ýas tutdular. Poladyň ýerden ýeke çykan ýetim däldigini gaýta-gaýta nygtadylar. Muny tassyk edýändikleriniň delili hökmünde başga bir sähetli gün şagalaňy peselip, çolaran öýde iki egninden demini alyp, başyny aşak salyp, külembike barmagyny dişläp, sust oturan Polada Ýazbibi diýen birini tapyp getirip, höwür etdiler. Höwür etdiler-de, biraz eglenip, köwejekleşip, hersi öz ojagynyň aladasy bilen sypba sypyrylyp gidiberdiler.
Polat bilen Ýazbibem täze maşgalanyň binýadyny tutup başlady. Bir-birine çak edişlerindenem gowy düşünişdiler. Ýykylmazlyklary üçin söýenişdiler. Bir-birini ynjytmakdan gorkýandyklary üçin gaty-gaýrym diýişmediler. Gaty-gaýrym diýişmäge sebäbem ýokdy. Ownuk-uşak sebäpleri bolsa tüýs wagtynda gelip ýetişen yşk muhabbeti ýuwup, ýaýardy, döremedik ýaly ederdi. Entek wysalyna gowşup ýetişmedikleriň söýgüsinden tapawutlylykda ýaş çatynjalaryň kalbynda dörän yşk közi ejirsiz bolýar. Üstesine-de, perzent höwesi olaryň alys ýola ugran arabasyna tekge berýär. Ýazbibi adam çagasyny dünýä getirmäge sebäp bolmak üçin gün-günden gabarýardy. Buýsanç bilen gyzarýardy, ozal başyndan geçirip görmedik süýjümtik hem nätanyş duýgularynyň uç-gyraksyz giň asmanynda pel-pelleýärdi. Ganat ýaýýardy. Gyzyklydy. Hemme zat gül ýalydy. Dünýe düzüwdi. Bagt gülüp bakýardy.
Ynha, indem säher bilen goýun gözli bir gelin Poladyň ömrylla garaşmadyk, ýatanda-turanda oýuna gelmedik ýürekbulanç gürrüňlerini tapyp geldi. Sähel salymda ulugyz ýaly ýuwaş, derýa ýaly giň, uly aladasy, ünjüsi bolmadyk Polatdan galagoply, yzgytsyz, gözi gyzaryp, ýüzi agaran başga bir adamy ýasap gitdi.

* * *

“Indi näme etmeli?” diýen sowal jylawsyz aty eýersiz münüp, Poladyň beýnisinde ula goýberilen ýaly, ýüzin salyp ugrady. Beýnisini dar görüp, gan damarlarynda aýlandy. Her ýerden bir jogap tapyp, oňa-da kanagat etmän, atasynamy, babasynamy çeken damarlarynyň çydamyny ölçäp çykdy. Henize-bu güne çenli nädibem bolsa oňşuk edip gelen paýhasy bilen döwdeş boldy, darkaş gurdy.
“Öldürmeli! Diňe öldürmeli! Bogup öldürmeli! Çapmaly! Asmaly! Nädibem bolsa, öldürmeli! Ýoguna ýanmaly!” diýen gorkuly pikire ýesir düşdi.
Käte bir ýerden wehim ýetişip, Polada ertirki gün bolaýjak zatlary ýatlatdy:

“Soň nätjek? Bu zatlaň soňam-a bardyr. Özüňem-ä aman galdyrmazlar. Oňarypsyň, hak edipsiň, asyl etmelisi şo diýmejekleri belli. Sülçi diýdi, türme diýdi, oglan başyňa pylança ýyl tussaglyk... Ganhor adynam ömürboýy ýanyňda götererersiň. Bigünä halyňa soňsuz ezýeti neneň çekersiň?”
Ýöne Polat uçguryna gaýym däl zenan bilenem-ä bir ýassyga baş goşup bilmez.
“Onda, iň gowusy, aýrylyşmaly! Ganam gerek däl, pyçagam. Goh-galmagalsyz, ümsüm aýrylyş-da, dyn. Kow! Ýeke günem saklama! Häziriň özünde düwünçegini düw-de, goşuny ýagyrnysyna daňyp, ugradyp goýber. Ýok, ugradyp goýberme. Öýlerine eltip gaýt. Ene-atasyna ýagdaýyny aýt. “Anha, gyzyňyz, maňa beýle heleý derkar däl, kime berseňiz, beriberiň, menden-ä talagyny aldy, goltugymda ýylan saklap biljek däl” diý. Götinogry tutjak bolsalaram, sözüň gury däl, ýüzüne wazladyp basjak bar. Hemmesini üýşüräge-de, meseläni Aý dogan ýaly et”.
Soň näme? Başga birine öýlenäýsinmi? Kime? Kim bolanda-da, öýüňe keýwanylyk etjek uzyn etekli tapdyrman durmaz. Ýöne, ine, bi il-güne näme diýjek? Nirede näme gep-gürrüň barka diýip, heşelle kakyp, tomaşa garaşyp ýatan adamlara näme diýmeli?
Bir-birinden kyn sowallara jogap agtaryp ýörkä Polat beýnisiniň bir künjünden akyl gürrüň tapdy: “Dur entek. Gyssanma! Kowmaga her haçanam ýetişersiň. Hany, bi Ýazbibi näme diýýär? Sen ilki onam bir diňläp gör-ä”.
Polat ony diňlese, diňlär welin, birden bu gürrüňler çyn bolup çykaga-da, aýby açylan Ýazbibem ýüzüni sallap, sesini çykarman otursa, ana, şonda näme etmeli?
“Ondakyny onda görübiris” diýip, Polat ahyry paýhasa gulak asdy.
Öýe giren dessine ol Ýazbibini burça gabady. Hemle urmady. Sowukganly bolmaga çalyşdy.
-Düýn ejeňlerden geleňde kimiň maşynyna münüp gaýtdyň? – diýip, ol asuda sowal berdi.
Poladyň adaty bolmadyk çynlakaý gürrüňi, agras keşbi Ýazbibini geňirgendirdi. Ol sowala gönümel jogap bermegiň ýerine:
-Ony nämüçin soraýaň? Näme boldy? – diýip sorady.
-Gerek. Düşünişmeli zat bar.
-Kireý edip ýören birini tutup gaýtdym.
-Kim ol?
-Goňşymyz. Sag tarap, duldegşir goňşymyz.
-Ady?
-Tanamaýaň ony. Jumadurdy.
-Hm-m, dogry... Onsoň?
-Näme onsoň?
-Näme gürrüň etdiňiz onsoň? Ýolda? Gelýärkäňiz?
Ýazbibi ýakasyny tutdy.
-Toba! Hiç zat. Näme gürrüň etmeli?
Dogrudanam, olar näme gürrüň edip biler? Eger hälkije gelniň diýýänleri çyn bolsa, elbetde, olaryň döwletli gürrüň etmejekdikleri düşnükli. Ýuwan sözler, suwjuk samahyllamalar, çylkasyz gülkiler, nakys hereketler... Polat Ýazbibiniň bigäne erkek kişi bilen ulagyň içinde ýeňles, süwümsiz gürleşip oturan keşbini göz öňüne getirjek bolup kösendi.
-Ýolboýy agzyňyza suw alan ýaly, gürleşmän-zat etmän gaýtdyňyzmy?
-Gyýw, kim näme diýdi saňa?
-Ýazbibi! Gepi başga tarapa sowma! Göniňden gel-de, näme gürrüň edeniňizi aýt maňa.
Ýazbibi ýadyna saljak boldy.
-Üýtgeşik gürrüň etmedik. Hal-ahwal soraşdyk. Dymyp oturmazlyk üçin ol-bi ownuk-uşak gürrüňler...
-Hm-m, dogry... – diýip, Polat köpmanyly dymdy.
Ýazbibi ýagdaýy aňdy. Kimem bolsa biri Polady gepden doýrupdyr. Ol nämedir bir zatlar diýmelidigine, diňe soralan zada jogap berip otursa, agyr ýüküň boýnuna galyp barýandygyna düşündi. Eýse, garşylyklaýyn hüjüme geçibermedi, kanagat etdi, biraz garaşaýyn diýdi.

-Onda düýn şoň maşynyna münüp gaýdanyň çyn-da?
Polat Jumadurdynyň adyny tutmagy ýokuş görýän eken. Ýazbibi muny aýal duýgurlygy bilen şu wagt aňdy.
-Hawa, çyn, hä, münmeli dälmi? – diýip ol Poladyň özüne sorag berdi.
Hawa ýa ýok diýip jogap bermegiň ýerine Polat hetjikläp öňki soragyny gaýtalady:
-Onda sen şoň bilen gaýdanyňy doly boýnuňa alýaň-da?
Ýazbibi geňirgenme gatyşykly ätiýaç bilen:
-Hawa – diýdi. – Münüp gaýtdym. Öýüň gabadynda-da düşüp galdym. Kireýinem töledim.
-Aldymy onsoň? Kireý puluny aldymy?
-Hawa aldy. Kireýkeş puldan ýüz sowar öýdýärmiň? – diýip, Ýazbibi parahat gürrüň etdi.
-Nememi, özi pylança pul ber diýdimi? Kireýiňi töle diýdimi?
-Diýenok. Özüm berdim. Mugt getirmejegi belli.
-Puluň gerek däl, düşüber-zat diýmedimi?
-Ýo-ok.
“Ýalan sözleýär. Kireý beren däldir. Berjek bolsa-da, ol alan däldir” diýip, Polat güman etdi. Islemeýän hem bolsa, ýalan sözi tassyk edýän alamaty gözläp, Ýazbibiniň ýüzüne-gözüne içgin syn etdi. Degerli alamat görmedi.
-Polat! Men hakda kimiň näme diýenini aýt. Asmandan alyp, toslama aýtmaýanyňy bilýän. Düşündir, men düşünemok.
-Düşünip aňyrsyna geçýäň sen. Düşünmezmiň? Meni gepletjek bolma.
Ýazbibi näme diýende gowy boljagyny bilmän, dymdy.
“Hälkije gelniň otly köýnek geýip, gübür-gübür tutaşmasynyň jany bar ekeni. Ine, şol Jumadurdy diýilýän haramzadanyň ulagyna münüp gelenini öz dili bilen aýdyp otyr. Çyn ekeni” diýip Polat oýlandy. Ol Ýazbibiniň Jumadurdy bilen halaşanyna şübhe etmedi. Her hal magadyna ýeteýin diýdi, şeýtmese, ynjalmajagyny bildi. Ýöne nädip? Ýazbibi dogrusyny aýdar öýdýärmiň? Aýtsa, aýtmasa, soraman, bilmän, meselä nokat goýup bolmaz.
Polat şu meseläni gozgamagyň ebeteýini tapmady. Has dogrusy, ýaýdandy. Heder etdi. Nikaly ýanýoldaşynyň geçmişde kimdir biri bilen uly ile metgi bolup, söýüşendigi barada soramak üçin Ýazbibiden utanmady, çekinmedi, eýse, ony “hawa söýüşdim” diýiläýmegi ähtimal jogabyň gorkusy basdy.
Ol Ýazbibiniň:
-Etegiňde biderek daş göterip ýörme-de, aýdaý, Polat! – diýen galagoply sesine aýňaldy.
Ahyry aýgyt etdi:
-Aýtsam, şo düýnki bilen araň bar ekeni. Men ony bildim. Aýtdylar. Gyz mahalyň şoň bilen söýüşeniňe çenli aýtdylar. Ýalanam bolsa, aýt!
Ýazbibi elini agzyna ýetirip, içini çekdi.
-Ýalan! – diýdi.
Ýalan bolsa, elbetde, Poladyň jany aram tapjak. Ýöne edil şu wagt Ýazbibi hudaýlygyny sözledimi? Bolmanda-da ol Poladyň göni iki bäbenegine seredip: “Hawa, çyn şol-a!” diýäýmez. Ýa diýermi? Diýmez, diýmez. Het edip bilmez. Häliden bäri kä ýerde, kä ýerde özüniň bardygyny duýduryp ýatan müňkürlik damary hem üstünden akýan ganyň tizligini artdyryp, Poladyň garjaşyk beýnisinde bu pikiri tassyklady.
-Ýalan bolsa, onda bu gürrüňler nireden çykdy? – diýip, ol Ýazbibiniň esasan ýüzüne dikarynlap, gaýta-gaýta seretdi. Şeýdip, onuň ýüzünden hakykaty okasy geldi.
-Toba! Men näbileýin nireden çykanyny. Sen tapyp geldiň bu gürrüňi. Sen bilmeli.
-Ýazbibi! Samsyklyga salma, eşidýäňmi? Ugrunda bolmasa, gürrüň ýaýramaz. Kime gerek bi gürrüň? Sen maňa dogryňy aýt!
Hamana, bu gürrüňler il arasynda ýaýrap, iki adamyň başy çatylan ýerde özi barada ýakymsyz,

masgaraçylykly gürrüňler edilýän ýaly, Ýazbibi agyr aladanyň astynda galdy. Nähak ýere ynjydylyp, kemsidilen çaganyňky ýaly duýgular peýda bolup, onuň zenan ejizliginiň çydamyna agram berdi. Tap getirip bilmän, gözüne ýaş aýlady. Ol eýýämhaçan dolup, balkyldaýan owasyny sylman:
-Myjabat! – diýip janyýangynly gygyrdy. - Şul aýdýanlaň hemmesem töhmet! Seň şu zatlara ynanyp ýörşüňe içim tüteýär.
Ýazbibi aglan mahaly owadan bolýar ekeni. Onuň gözýaşyny ilkinji gezek görýänligi üçin Polat muny şu wagt bildi. Mundan öň ol aýallaryň agysynda nämüçindir köplenç şermendelik görýärdi. Käbir aýallaryň agyny üstüne abanan howpdan sypmak, sowulmak üçin ulanýan pirimidir öýderdi. Garşysynda duranyň asgynlygyny duýanda köplenç adamyň ýüregine ýumşaklyk inýär, dözümsiz bolýar. Meger, aýal diýlen jemende şol ýumşaklykdan, dözümsizlikden peýdalanmak üçin al salýandyr, hilä ýüz urýandyr. Häzir Polat Ýazbibiniň gözýaşyndan hile, pirim gözledi. Tapmady. “Şoň üçinem ol owadan görünýändir” diýip pikir etdi. Şoň üçinem ol aýal diýlen jynsa oňly düşünmeýändigine akyl ýetirdi.
Poladyň Ýazbibä ynanasy geldi. Kim ýalan sözlese-de, näme al salsa-da, gözýaş çyndyr, arassadyr. Ýöne şol gözýaşyň özi ýasama däldir-dä hernä? Içine girip-çykaýmasaň, bu millete düşünmek çetin. Seň göwnüň muny düýn duluňa geçirip, bu günem tanaýsam diýýändir. Ýo-ok, tanaýmarsyň, ömürboýy bir ýassyga baş goşup, tanabiljegiňem gümana. Hususan-da şular ýaly meselede. Bularyň ýüz-müň sany hilesi, sapalagy bar. Şeýtanam şulardan sapak alýarmyş. Polat özüni aýal mekirligine gurban bolup barýan aw saýdy. Hopukjak boldy. Onsoň ol esasy urgy hökmünde Ýazbibä şu sözleri diýdi:
-Sen şu wagt aglan bolýansyň. Aglap gutulaýaryn öýdýänsiň. Ýöne bolşuň şu bolsa ömürboýy aglarsyň. Gözüň agydan başga zady görmez. Gözüň gurar, gözýaşyň gutarar, ýöne agyň tükenmez.
Polat özüniň asudalygyna geň galdy. Şeýle parahat hem çynlakaý äheňinden özi gorkdy.
-Bolşum nähili, aýt ahyry, aýt.
-Seň bolşuň menem, özüňem diri ýakjaga meňzeýär.
-Indi sen maňa ynanman, ile ynanýaňmy? – diýip, Ýazbibi agy arasynda Polatdan sorady.
-Ýazbibi, şumjarma, eşidýäňmi, şumjarma! Maňa gelmeziňden öň şoň bilen araňda näme bolan bolsa, gizleme, aýt. Meni köseme, özüňem kösenme.
-Nämäni aýdaýyn men? Özümden toslap tapaýynmy? Bolmadyk zady boldy diýip, ýalan sözläýinmi?
-Hudaýlygyňy aýt!
-Aýtdym-a ýaňy, ýalan şo eşiden zadyň. Kimem bolsa biri ikimiziň günümizi bulamak üçin ýüregiňi çişiripdir.
-Günümizi bulap, ýüregimi çişirip... – diýdi-de, Polat hapa sögündi. – Nämä gerek, kime gerek? Oňa peýdasy näme?
-Kim şol?
-Kim bolanda näme?
-Onda men näme edeýin? Çörekden ant içeýinmi? Ynanjakmy şonda?
Ine, saňa şert! Çörekden ant içjek diýýär. Näme jogap berersiň? Eger ant iç diýseň, içer, onsoň ynanmaly bolarsyň, Ýazbibiň arassalygyny boýnuňa almaly. “Ýok, ant içip oturma! Barybir ynanamok” diýseňem, yrsaradygyň bolmazmy? Polat näderini bilmän durka Ýazbibi garnyny gujaklap, ýerinden galdy-da, äriniň küýüne-köçesine gelmejek başga gürrüň tapdy:
-Ine, şü göwrämdäki çagamdan ant içsem, ynjalarmyň? Ýedi aýlyk çagamdan geçýän diýsem, şonda ýüregiň ýerine gelermi?
Ynjalarmyka? Ynjalmasa gerek. Barybir antly gürrüň Poladyň badyny aldy. Onuň öňünde “Hany, indi bulaň haýsyna ynanmaly? Hälki dogumlyja gelnemi ýa gaşyňda ýarym ýaş bolup, heniz dünýä gelmedik perzendinden ant içjek bolup duran Ýazbibä?” diýen anyk sowal keserdi. Bulaň haýsam bolsa bir-ä ýalan sözleýär, beýlekisem dogrusyny aýdýar. Ýöne haýsynyňky dogry? Kimiňki ýalan? Hakykat nirede?

-Bolýa, bar seňki dogry, saňa ynandym diýeli. Ýöne sen pikir edip gör, şu gürrüňi maňa ýetireniň maksady näme? – diýip, Polat antly meseleden sowulmak niýeti bilen köne heňine tutdurdy.
Ýazbibi agysyny goýdy.
-Polat, kim tapanam bolsa, şo gürrüň dereksiz. Meni şoň bilen ýüzleşdir! Ýüzleşdirip bilermiň?
Poladyň başy çaşyp ugrady. Şol bir wagtyň özünde-de Ýazbibiniň sözlerinden az-kem kanagat tapdy. Nätanyş gelniň: "Ýör, görkez şo heleýi, wazladyp, ýüzüne basaýyn!" diýip, çişip duran gaharly keşbi gözüniň öňünden üç hatar geçip gitdi. Ol hyýalynda nätanyş gelin bilen Ýazbibini ýüzbe-ýüz oturdyp: "Hany, ýüzleşiň, ýüzleşýän bolsaňyz!" diýdi. Gelin ýöwsellik etmedi, içikdiriji sözleri suňşuryp, hapa baryny dökdi. Ýazbibem pes oturmady. Siňekden goranýan ýaly ellerini daldalap töhmet diýdi, subut et diýdi. Bularyň ýüzleşmesi gitdigiçe dartgynlaşyp, ahyry saçýolda baryp ýetdi. Nätanyş gelniň gepi-sözem, hereketlerem rüstem göründi. Ol garşydaşynyň aman-zamanyny bermän, düýt-müýt edip barýar. Ýazbibiniň döwüniň pesligi kesesinden görnetin. Şonda-da ol aman dilänok, dyrjaşýar, garşylyk görkezýär, gapdaldan biri gelip, kömek etse kem görmeýän ýaly. Polat goşulanok, ajymtyk ýylgyryp, bularyň darkaşyna tomaşa edýär.
Hyýaly söweş soňlanman galdy. Poladyň jübi telefony jyňňyrdady. Başlyk jaň edýän ekeni. Telefony alyp, gürleşdi. Başlygy ynjalman, habar tutaýyn diýipdir. Polat ýalan bilen çyny garyp, lukmanyň ýazyp beren dermanyny içýändigini, ýagdaýynyň gowulaşýandygyny, ertir işe çykjakdygyny aýdyp, telefony goýdy. Birsellem dymdy. Höwessiz sorag berdi:
-Onda şol Jumadurdy diýilýän bilen öňde-soňda araňyzda hiç hili gep-gürrüň, eýle-beýle bolmadymy?
Ine, şu sowala jogap bermek üçin Ýazbibi görnetin kürtdürdi. Polat muny bada-bat duýdy-da, Ýazbibiniň ýalan sözläýmeginden ätiýaç edip, dessine:
-Gizleme, hiç zady gizlemän, göniňden gel! – diýdi.
-Indi häzir dogrymy aýtsam, sen maňa ynanarmykaň, Polat? Ynanmarsyň.
-Ynansam-ynanmasam, sen maňa dogryňy aýt.
Ýazbibi ýaýdandy. Galpyldysy artdy.
-Jumadurdy maňa birki gezek lak atdy.
-Haçan?
-Mekdebi gutaraýan uçurlarymyz.
-Onsoň?
-Birki gezek lak atdy. Menem içinden çykmaz ýaly edip, sögdüm. Näme diýip jabjynanym ýadyma düşenok, ýöne erbet ýüzüni aldym. Şondan soňam girsem-çyksam, ýiti-ýiti seretmesini goýmady. Ýüz bermedim. Ýigrenýänimi bilsin diýip, gaharly hüňürdedim. Adamyň ýüzüne dogrulyp, seni ýigrenýän diýip bolanog-a. Şoň üçin her gezek gabat gelende ýüzümi kürşertdim. Onsoň menden gowy söz eşitmejegini ýuwaş-ýuwaş bilendir-dä, tamasyny tala daňdy. Gaýdyp golaýyma gelmedi. Meni görse, sowlup geçdi.
Polat Ýazbibä şübheli garap:
-Başga bolan zat ýokmy? – diýip sorady.
-Juk...
-Onda nämüçin oň maşynyna mündüň? Başga kireý edýän ýokmy? Ala-böle şony tutup gaýtmaňda...
Ýazbibi Poladyň sözüni soňlaryna garaşmady:
-Jan dogan, şo zatlar meň kelläme-de gelenok. Şu wagt şu gürrüň çykansoň, ýadyma düşýär. Kireýkeş gyrylmandyr. Kän. Ýola çykybam gaýdyp bilýän. Ejem kösenip ýola çykma diýip, şony görüp geldi. Men näbileýin bi gürrüňleriň çykjagyny.
Polat muňa kes-kelläm ynanmady.
-Goýsana, how, erteki otarmaňy! Näme meň maňlaýyma samsyk diýlip ýazylypmy?
-Polat, ursaňam, öldürseňem, ynansaňam, ynanmasaňam, bar bolan zat şo.
Adam käte öz daýanç nokadyny berkitmek maksadyna eýerýär-de, durmuş ýörelgesininiň hanjakdygyny beýlekilere hem aýyl-saýyl görkezmek üçin melgun göçgünliligine bendi bolýar, şeýle

pursatlarda ol diýmesiz zatlary hem ýaýdanmazdan-zat etmezden, ýeňillik bilen diline getirýär, göwnüniň islemedigini edip goýberýär. Polat bilniksiz albaýa düşdi, säwlik etdi, özüniňem garaşmadyk gürrüňini aýtdy:
-Oň üçin urup-sögüp oturman. Kowar goýbärin. Kime heleý bolsaň, şoňa bol. Maňa-ha gerek zadyň ýok.
Ýazbibem beýle gürrüňe garaşman ekeni. Ol aňk bolup birhowa dymdy. Dagy näderini bilmän aglamjyrady.
-Onsoň o ýerýuwdanyň süýkenmesine men günäkärmi? Men näme etmeli onda o şeýtse?
-Maňa bildirenok seň näme etmelidigiň. Nätseň, şeýt. Maňa sen tetelli heleý gerek däl.
Polat gazap atyna atlananyny aňdy. Yza tesmejegini bildi.
Ýazbibi aýgytly gepledi:
-Sen yrsaraýaň, Polat, şu wagt, bilýäňmi?
-Şu öýden gerek zadyňy alyp, gidip bilýäňmi ýa özüm çykaraýynmy?
-Gidip bilýän – diýip, Ýazbibi hem gaharly äheňe geçdi. – Dur diýseňem, durjak däl.
-Onda gözümiň öňünden çaltrak üýtge!
Äriniň hökümli gepine biperwaý garaýan sypatda Ýazbibi ýuwaş deprendi. Sesini çykarman, sandygy dörüşdirip, düwünçegini düwdi. Polat sözüni yzyna gaýdyp alar, ýaňky diýenlerini hem gaharyna aýdandygyny boýnuna alar, bagyşla diýer diýen umyda maýyl bolan ýaly eglendi. Aýasy bilen gözýaşyny sylyp, haýal gozgandy. Ysgynsyz hassa kimin ýüzüni aşak salyp, gowuşgynsyz ädim urdy. Gapydan ok ýaly atylyp çykmady, işigi wawwasy bar ýaly emaý bilen ýapdy. Şeýdibem gitdi.

7.

Jüwlüksiz bolmaýşy ýaly, bazar gedaýsyz hem oňmaýar.
Sähediň dilegçilik etmek üçin çöken ýerinde orta ýaşlaryndaky bir golak gedaý bilen kellesi saňňyldap, elleri üznüksiz sandyrap duran akyly şikesli ýigdekçe oturýan ekeni. Ol maýyp ýigdekçe-hä bir ýerde kän durubam bilmeýän ekeni, biraz durup, özbaşyna samyrdap, aýagynyň äden ugruna gidiberýär. Esli mahaldan aýlanyp gelip, biraz eglenip, ýene bir ýerlere ugraýar. Ol gezme gedaý ekeni.
Golak welin barypýatan görip bolup çykdy. Içigara, dünýäni bir özüm tutaýsam diýýän hannas ekeni. Ol şu uly bazaryň mähellesiniň berýän ownuk pullaryny gysgandy. Gedaýçylyk bir özüne degişli ýaly, Sähediň sen-men ýok, gelip dilegçilik edip başlabermesine erbet boldy. Içi tütedi. Ýalynsyz ýandy. Sähet ony bada-bat duýsa-da, pisint etmedi.
Golagyň sabyr-kanagaty tükenip, bolmajysy boldy. Ol penjeginiň boş ýeňini galgadyp gelşine Sähede hemle atdy:
-E-eý, tur bärden! Git, başga ýerde otur! Bu ýerde men oturýan!
Sähet golaga çala nazar aýlady-da, onuň ýöwselligini ýüzünden okady. Ýöne diýýämiňem diýmedi.
-Meň yrsgyma dawa etme! Saňa diýýän, eý, gatan gurbakga! Eşdeňokmy? – diýip, golak azm urdy.
Gatan gurbakga diýip, eýýäm lakam hem ýelmäp ýetişdi. Sähet şonda-da sesini çykarmady.
Onsoň garaw görerin öýden däldir-dä, golak golaý süýşüp, onuň böwrüne hütledip depdi.
-Tur! Saňa diýýän, tur! – diýdi.
Sähet turmady. Oturan ýerinden çala gozganyp, golagyň aýagyndan çalyp tutdy-da, bar güýji bilen dyzap siltedi. Golak göwresini saklap bilmedi. Ýykyldy. Agzy gum garbady. Ol ýatan ýerinden:
-Kömek ediň! Urýalar! Men inwalid! – diýip gygyrdy.
Kimdir biri golagy aýak üstüne galdyrdy. Bir wäşi adam degşip:
-Häýt! Çüşş! Ýuwaşrak boluň! Uruşsaňyz, polisýa aýdaryn – diýdi.
Başga biri:
-Iki gedaý uruşýan bolsa, diňe meslikdendir. Bulara gowja düşýär. Göterinip bilenoklar – diýip, gaharlandy.
Sähet bu adama içinden hapa sögündi. “Meslik bilen görübilmezçiligiň parhyny bilmeýän haramzada”

diýdi.
Adamlar gülümsireşip, kinaýa bilen ýomak atyşyp, perwaýsyz geçip gitdiler.
Bazarçy aýallaryň biri söwdasyny goýup, bulara seredip duran ekeni.
-Indi şu uly bazary iki bolup paýlaşyp bileňzokmy? Eşek satyp, ýer alan ýaly hamana – diýip, ol esasan golak gedaýa igendi.
Golak ýagdaýa düşündi. Soň dyzap durmady. Ýeke eli bilen üst-başynyň tot-tozanyny kakyşdyryp, hol beýleräge geçdi.
-Maýyp adama rehim ediň! Ýarty adama sadaka beriň! Aýdan-diýeniňiz kabul bolsun! Döwletiňiz artsyn! – diýip, gedaýçylyk etmäge durdy.
Ahyrbazara ýakyn golak gedaý gaýtmakçy boldy. Ol Sähediň kän bir golaýyna gelmän:
-Ýaşuly! – diýip haýbat atdy. – Ýaşuly! Hälkije edenjäň üçin jogap bermeli borsuň.
Sähet munuň üçin darygyp, çekinip durmady.
-Kime jogap bermeli? – diýdi.
-Jogap soranlarynda bilersiň kimedigini.
-Hawa? Indi?
-Men inwalid. Sen inwalid adamy urduň. Bilýäňmi şony?
-Urub-a uramok. Ýöne uruldym diýip hasap edýän bolsaň, bar, şol ekeni-dä. Onsoň?
-Ýaşuly, meň arkamda hökümet dur. Bilýäňmi seni näderler?
-Näderler?
-Türmede çüýrederler.
-Onsoň?
-Önsöňň! – diýip, golak Sähediň agzyna öýkündi. – Türmäň nämedigini bileňok sen. Men ýaly maýyby uranyň üçin o taýda nädýänlerini bilsediň!
Golak bir zatlary göz öňüne getirip, gözlerini ýumdy, hyrçyny dişläp arman bilen başyny ýaýkady.
Sähet içinden: “He-eý, golak bedibagt! Türmäň nämedigini bilmeýän boldummy indi? Iki heleýi urup, seň o diýýän ýeriňde ýigrimi ýyldanam kän oturdym. Zeleli ýok, gaty gitse, sen üçünji boljak ekeniň-dä. Seňem heleýden üýtgeşikligiň ýok ýaly. Erkek eşikli heleý! Golak heleý!” diýip pikir etdi. Daşyndan başga zat diýdi:
-Onda nämüçin dursuň? Bar hökümede aýt-da, basdyr.
-Basdyraryn. Näme basdyrman?! – diýip, golak gylaw aldy.
-Basdyryp bilmersiň.
-Basdyraryn. Çüýrederin.
-Başarmarsyň!
-Başararyn. Öň-ä birini basdyrypdym – diýip, golak öwündi.
Sähet “Ýalan sözleýär” diýdi. Ynanmady. Dem salym dymyp:
-Ýagşam bir iş edipsiň! – diýip kinaýaly hüňürdedi. Soň agras, çynlakaý keşbe girdi-de:
-Ýöne, han ogul, seni urmag-a däl, öldüräýsemem, meni basmazlar. Oň üçin ýasy ýanyňy ýere taşla-da, ýaman arkaýyn bol! – diýdi.
Sähet şuny şeýle bir arkaýyn sypata girip aýtdy welin, golak birgeňsi gorky bilen üşeriliberdi. Sussy basylyp, gürrüňdeşine soragly seretdi.
-Sebäbi meň däli hatym bar – diýip, Sähet ýalan sözledi.
-Bolanda näme?
-He-eý, jüýje, dälileri türmä basanoklar. Bileňokmy şony? Etjek zatlary, birki hepde dälihanada ýatyrýarlar.
-Onsoň sen näme, dä-däli diýip näme, öňüňden çy-çykany nemedibermeli, u-urubermelimi? – diýip, golak sakawlady.
-Öňümden çykany uruberemok. Ýöne göwnüme degeni – Sähet süýem barmagyny bogazyna süýkedi. – Pyhk edip goýbermäge-de hakym bar.

Golagyň hezili gaçdy.
-Göräýeris. Däli bolaňda nä, edeniňi edibermelimi, hm-m, dälinem gördük, dolynam. Men şu bazarda ýedi ýyl bäri oturýan. Elimi aldyralym bäri oturýan. Beýle sen bu günki gün däli bolup, şahyňy bulap, hojaýynlyk satyp... Şahyňa kakjak ýokdur öýdýäňmi? Gerek bolsa, şahyňy döwäýmezlermi? Öňem sen ýaly gatan gurbakgaň biri meň ýerimi eýelejek bolup, şermendelik edipdi şu ýerde. Yzyna seretmän, baý, gaty gaçandyr-a! Gaçar ýaly etdim-dä. Şolam ilki herrelen bolupdy. Şoňam özüne göwni ýetýädi. Sen şondan artykdyryn öýdýäňmi özüňe? Kim-ow sen? Hä, kimdirin öýdýäň özüňe? Bolaňda näme däli? Däli bolsaň, özüň üçin däli. Bildirýän ýeri ýok – diýip, ol gidibem bilmän, golaýa-da gelibilmän, esli aralykda durup hüňür-hüňür etdi. Soň geçip barýan biriniň uzadan ownuk puluny jübüsine salyp, Sähede-de eşitdirip, uzyn-uzyn dileg etdi. Alkyş okady. Kän eglenmän, Sähediň ýanyndan daşlaşmak bilen boldy.

8.

Ynha, indi bi görgüsi ýaman Suraý näme etmeli?
Şalar-a türmede ýatyr. Ol “Soňun saýan batyr bolmaz” diýen ýörelgäni ýalňyş ulandy. Badyhowalygyň we kelesaňlygyň az salymlyk lezzeti oňa arzan düşmedi. Ömrüniň ne gözel çaglaryny, ýaşlygynyň güýje girip, gujur toplaýan ýyllaryny dar kapasada ahmyra-armana öwürmeli boldy.
Şalara ýyl kesilýänçä Suraý urunyp, ot-elek boldy. Ukusy gaçdy, işdäsi kemeldi. Gül meňzi soldy. Başyny gara-gara oý-pikirler hekem edindi. Içki hesretini gözýaşa öwrüp, tenha özi içigip-içigip aglady. “Eý, Hudaý jan! Şalar bilen deň bolma! Ony özüň gora! Şalary türmä basmasynlar, ony basylmaz ýaly et, Alla jan! Şu gezek ony gora, ýekeje gezek gora! Soň men onuň elini kişä uzamaz ýaly ederin. Men saňa söz berýän, Alla jan! Ol indi gaýtalamaz” diýip, özelenip-özelenip Hudaýa ýalbardy. Şu başagaýlykda, nireden kellesine geleni belli däl, ol palça-da gidip geldi.
Birki ýyllykda goňşy obada palçy aýal döräpmiş diýdiler. Hakyt suratyna seredip, adamyň geçmişini, geljegini edil ýanynda bolup gelen ýaly, ap-aýdyň edip otyrmyş. Ýiten, ogurlanan zatlary bolsa üsti duzly ak mata seredip, tapýarmyş. Elbetde, gözlenýän zadyň duzuň içinden çykmajagy düşnükli, ýöne palçy aýal şo duzda ýitgiň suratyny görýärmiş, görübem kimiň ogurlanyny ýa-da nirede ýatanyny aýdyp berýärmiş diýýärdiler.
Şalaryň suratyny gözläp, kösenmeli bolmady. Ol Suraýyň özünde bar ekeni. Şar-gara, ýumşak saçlary maňlaýyna dökülip duran, gözleri we dodaklary ýeser gülümsireýän tanyş keşbiň suratyny bagryna basyp, alakjap, Suraý goňşy oba gitdi. Göz-dilden, gep-gürrüňden çekinip, biýol gitdi. Goňşy obaň çetinden giräýen ýerinde ilkinji gabat gelen goltugy çagaly gelinden salgysyny alyp, palçy aýalyň öýüni aňsat tapdy. Baryp, niýetini äşgär etdi, derdini aýtdy, Şalaryň suratyny öňünde goýup:
-Şu oglanyň täleýine garap beräýseň! – diýdi.
Palçy aýal surata jiňkerilip, biraz oturdy, käbir zatlary soraşdyransoň, Suraýy uzak eglemedi.
-Öňünde bir garaňkylyk bar. Ýöne gorkuly zat ýok, soňy düz. Başyndan gara towuk aýtsaň, hemmesi düzeler gider. Aňyrda uzyn ýol görünýär, ýol ýagty, çarkandak däl, aýna ýaly tem-tekiz, özem gitdigiçe ýokaryk dyrmaşýar. Bi gowulygyň alamaty.
Suraý, garaz, takyk jogap eşitmek isledi.
-Türmä düşmez dälmi? Basmazlar gerek? – diýip sorady.
Palçy aýal çal sepen hem gulaklarynyň arkasyndan hüwjerip çykyp duran saçyny başbogusynyň astynda gizleşdirip oturyşyna ýene-de Suraýyň garaşýan sözlerini diýmedi.
-Men saňa näme diýsemkäm, keýgim?! Maňa görünýän zat – gap-gara zolak. Maňlaýynda bir garaňkylyk barlygy şü. Türmemi, dälmi, saýgardanok. Ýöne soňsuz garaňkylyk däl. Aňyrsynda suw ýaly giň ýol bar. Ýap-ýagty, ýalbyrap ýatyr – diýip, takmyn gürrüň etdi.
-Gara towugy nätsemkäm? Ulugyz halyma kyn boljak – diýip, Suraý birsellem dymyp oturansoň, ýaýdanjyny duýdurdy.
-Obaňyzda ýetim-ýesir ýa gününi aýlap bilmeýän ýekelli garry-gurty ýokmy? Eltip ber şolara. Şolar

ýalyň kabul bolsuny çalt ýetişýändir – diýip, palçy aýal aňsat ýol salgy berdi.
Goldan gidip barýan bagtyny näler dolamak isleýän we ýagty geljege atygsaýan ýüregi az-kem teselli tapan Suraý oba arasyndan gara towuk satyn aldy-da, ony Aktakyryň ileri çetinde nijeme ýyllardan bäri ýeke ýaşaýan, akly çaşyp ugran Ajap atly garra eltip berdi.
Iki günden soň Şalara ýyl kesilenini eşidip, Suraý serpmeden gaýdan ýaly seňseledi. Dünýesi agdar-düňder boldy. Palçy aýalam, gara towugam ýatdan çykdy. “Indi men näme edeýin, Alla jan? Üç ýyllap oňa nädip garaşaýyn? Meni uzak gezdirmezler. Meni çykararlar. Masgara borun. Biabraý bolmaz ýaly maňa ýol görkez! Meni ýüzügara etme, Alla jan!” diýip, ol gözüni sykdy.
Şu ikarada-da göz agyrysy ýaly bolup, daşkynrak garyndaşlary Suraý üçin gudaçylyga geldi.
-Garyndaşlyk ýitmesin diýip geldik. Indi tanamaly däl. Belet ýerimiz. Gözümiz ýetip dur. Bizem näbelet ýeriňiz däl, sözümizi ýykmajagyňyzy bilýäs – diýip, sawçylar gorkuly gürrüň etdiler.
Amanýaz saňsar bu meselä kän bir goşulasy gelmänligi üçin belli-külli zat diýmedi. Ejesi Ogulgül bolsa sawçy gelenleri kemmagal gördi.
-Garyndaşlyk ýitmese, gowudyr welin... Biziňem welinimiz bar-da. Ilmyrat deň-duşundan galyp barýar. Ilmyrat mundan iki-üç ýaş dagy uly. Oň aýagyny deňlemän, muny nädip göçüreýin?! – diýip, sypaýyçylyk bilen göwnemeýändigine delil getirdi.
Sawçylar:
-Bu diýýäniň-ä ilde-günde ýok zat däl. Hany, entek oýlanyşyň. Biz ýene geleris – diýşip, gitdiler.
Aýby açylyp barýan adamyň aljyraňňylygy bilen Suraý maňlaýyna goşa ýumruk urup, özüni näletledi: “Kän jikjerdiň. Ýeňilkellelik etdiň. Garagyň aksyn! Bulam az saňa. Entek gözüň näme görýär?! Namys et-de, öl!”
Ol çalt lejikdi, tiz usurgady. “Bi zatlar maňlaýdyr” diýdi. Maňlaýa ýazylan bolsa, gaçyp gutuljak gümanyň ýok. Ozalebetde bagtyň pes bolmasyn, bagtyň pes bolsa, sen jikjerseňem, jikjermeseňem, ýa-ha Şalar, ýa-da şoňa meňzeş gurrumsagyň biri sebäp bolar. Nätseňem, maňlaýyňdakyny görmeli!
Suraý: “Şalara hat ýazaýsammykam?” diýdi. Näme diýip ýazmaly? Türmede oturan adam näme edip biler öýdýäň? Onuň elinden geljek zat barmy? “Bar-da, biziň öýümizde oturyber!” diýende, sen şony edip biljekmi? Suraýyň alaçsyzlygyna içi ýandy.
Iki günden soň onuň kellesine täze pikir geldi: Jahanyň ýanyna barmaly-da, hemme zady bolşy ýaly aýtmaly! Güýzmyrat aganyň uly gyzy Jahan oba arasyna Atamyrat ýöwseliň ogly Seýitmyrada durmuşa çykypdy. Belkäm, Jahan bir çykalga tapar? “Taparmyka?” diýip, Suraý öz ýanyndan oýlandy. Şalar türmeden boşap gelmese, nähili çykalga bolsun? Jahan Şalaryň ganybir doganjygy ahyryn. Edil eli bilen düzetmese-de, dili bilen hökman bir ýol salgy berer. Ähtimal, ol Şalar bilen gepleşip görendir, bu zatlardan habarly bolsa bildiňmi? Arada Şalar: “Gudaçylyga Jahanyň baraýmagy-da mümkin” diýipdi. Güýzmyrat aganyň ýüzüni mama dişän, alçak, hoşgylaw gyzyny göz öňüne getirip, Suraý az-kem kanagat tapdy.
Onuň başga edip biljek zady ýokdy. Näbelli umydy yşyk edinip, ol Seýitmyratlara – Jahanyň ýanyna gitmegi ýüregine düwdi.

9.

Agşamlyk Amanýaz saňsaryň ýanyna oba geňeşliginiň başlygy Aky geldi.
-Amanýaz ýegen, saňsarlaň içinde iň düşbüsi sen. Ýöne senem käte nyrhyň soralmanka bahaňy aýdýaň. Sen kim diýip soramankalar, men saňsar diýip gygyryp dursuň. Beýtme ahyryn! – diýip, ol heniz dyzyny epip-epmänkä gahar gatyşykly igenjini orta dökdi.
Daýysynyň çynlakaý gepinden, agras hem ýadaw görünýän ýüz keşbinden elheder alyp, Amanýaz:
-Näme edipdirin, daýy? – diýdi.
-Kelte kakýaň, ýegen, kelte! Hiç kimden soraman-zat etmän, kelläňe gelenini edip goýberýäň.
Amanýaz nirede näme edenini ýadyna saljak bolup, hakydasyny dörüşdirip ugrady welin, Akynyň özi:
-Öwlüýäde näme iş edip gaýtdyň? O ýazyp gaýdan hatyň näme? – diýip, ýatladaýdy.

-Ýa-he-eý, daýy, şü tozan turzup gelmäň bär sebäbi şo dälmi? – diýip, Amanýaz biraz ynjaldy.
Akynyň has-da gahary geldi.
-Amanýaz, men entek öýe-de baramok. Özümem gyzyl aç. Öwlüýäden gelşim şü. Ilki hyýalym-a hatyňy getirip, işigiňde çüýläp goýaýynam bir diýdim. Öňümden biri çykyp, munyň näme diýer öýdüp, utandym, il-günden çekindim. Ýene-de aý, bor-la, saňsardan geň däl, üstesine-de daýy-ýegen bolup otyrys diýip, goýbolsun etdim. Ýazgyňam owum-döwüm edip, otladym, tüssesini asmana sowrup, külünem igdäň aşagynda gömüp gaýtdym.
Amanýaz ilki-hä öz gapysynda “Men-men diýen ärler ýatyr gum bolup” diýen sözler ýazylgy tagtanyň çüýlengi suratyny, soňam Akynyň eli ýazgyly alakjap gelýän keşbini göz öňüne getirip gördi. Gijara gonamçylygyň ýakasynda gara başyna gaý bolup, tagtany döwüşdirip, otlap ýören daýysy hyýalynda janlananda gülküsi tutdy.
-Otlamakaň okadyňmy, daýy? – diýip, ol göwnübir sorag berdi.
Henizem hum ýaly çişip oturan Aky:
-Okadym – diýip gysga jogap berdi.
-Hm, bolýa okan bolsaň. Okap otlan bolsaň, ýene gowy – diýip, Amanýaz ýüzüni aşak saldy.
-Ýene göwi – diýip, Aky onuň agzyna öýkündi. – Ýagşam bir pohuňy iýipsiň!
-Daýy, näme pohluk gördüň-aý o ýazgyda? Düşünseň, möňňürip aglap oturmaly sözler ýazdym. Nämesini halamadyň?
Aky başam barmagy bilen süýem barmagyny tegeläp görkezdi:
-Seň syýasy taýdan düşünjäň nol!
Amanýaz güldi.
-Aý-ow, daýy, meň tapan zadym däl ol, Magtymgulyňky – diýip janykdy.
-Itiňki bolsun! Ýedi ýoluň ugrunda agaja çüýläp goýan sen! Erteki gün o ýokardaky ýaşulylaň gözüne ilse, Magtymgulyň adyny tutmazlar, seň şahyňa kakarlar. Sendenem öň maňa gep geler. Düşünýäňmi şo zatlara?
-Düşünemok, daýy, düşündir!
-Erteki gün diýýä-än, ýaşulylar okasa, näme pikir eder? O-ol men-men diýip ýören ýaşulylar özüne çekmezmi? Nämä kakdyrýaň, kime pitjiň atýaň diýip, ýakaňdan tutsalar aman syparyn öýdýäňmi? Külüňi sowyrlar, Amanýaz, külüňi!
Amanýazyň muňa hä diýesi gelmedi.
-Daýy, ýaman ýöwsel bolupsyň-aý! Kölegäňden gorkup aýlanyp ýörsüň. Men haýran saňa.
Aky dergazap bolup:
-Amanýaz! – diýip gygyrdy. – Saňsarlygyňy etme! Özüňe geljek gepi bil! Şu wagt men şony saňa zyýan bolsun diýip goparyp otlandyryn öýdýäňmi?
Daýysyna ynamy bolany üçin Amanýaz şo bada gowşady.
-Ýo-o, daýy, düşünýän. Seň zyýanlygyň ýokdugyny bilýän-ä. Ýöne o diýýän ýaşulylaň kesä çekip, erbet pikir ederler öýdemok.
-Be, be, sen-aýt, şü saňsar kelläň bilen ýaşululaň näme pikir etjegini näbilýäň? Şunam bileňok sen! – diýip, Aky düwülgi ýumrugyny somlady.
-Biz bir iş etsek, hökman telek bolaýýar – diýip, Amanýaz hüňürdedi. Soň dogumlanyp, Akynyň ýüzüne dikanlap:
-Meň-ä saňsar kemim ýok. Eger seň diýşiň ýaly, erbet pikir edýän bolsalar, olaň kellesi meňkiçe-de ýok – diýdi.
Amanýazyň şu sözleri Akynyň ozalky gaharyna urna boldy. Ol gözlerini agdar-düňder edip, bir zatlar diýmäge çemlenen wagty telefonyna jaň geldi. Onsoň Aky diline gelen sözleri bialaç ýuwudyp, telefony aldy-da, düýbünden başga – ýüzi-gözi ýylgyryp duran, mylaýym sesli adama öwrüldi.
-Ýok, ýok, he-he, işden häli gaýtdym. Amanýazyň ýanynda otyryn. Amanýaz ýegeniň… Maňa garaşman, iýiberiň. Bardym, ine, häzir barýan.

Telefony goýup, Aky Amanýaza diýmeli sözlerini hakydasyna getirjek boldy. Birbada ýadyna salyp bilmedi.
-Ana, çagalaram biynjalyk bolup jaň edýärler. Il ýaly çaý-çöregi wagtynda iýip bilemok. Sen bolsa bärde nokgy-nokgy edip, set-müň gepiň başyny agyrdyp otyrsyň – diýip igendi.
Hoşuň atasy ölmändir. Amanýaz daýysyndan başyny gutarmak üçin ahyry ylalaşyga geldi.
-Bor, daýy. Ýaşululara ýaramaýan bolsa, etmeris. Olar ýaly ters manysynyň bardygyny bilsem, ömür etjekmi men ony?! Bizi tanaman duraňog-a. Saňsar adyny güne ýatyp alan däldiris.
-Şeýt, ýegen! O-ol mekdepde okadylýan goşgyny alaga-da, öwlüýäň bir gyrasynda ýazyp goýsaň, bolmaz-a! Herki zadyň öz ýeri bar. Goşgy diýilýän zadyň mekdepde okamak üçin ýazylýanyny bizem bilýäs, hemme kişem bilýär. Senem bilmän duran dälsiň welin, käte kädiň terse alyp gaçaýýar.
Amanýaz özüne zor salyp, ajy ýylgyrdy.
-He-eýý, daýy!.. Dogry... Dünýeler düýşdir keýtige diýen ýaly, käte uly-il samsyk bolup, bir özüm akylly ýaly duýýan özümi. Şo wagt, çaky, kädim ters işleýän bolmaly.
Elbetde, şundan soň Akynyň gahary zym-zyýat boldy.
-Men-ä ýöredim onda, ýegen. Öýe baraýyn. Ýaman ýadaw şu gün – diýip, ol ýerinden turdy. Turdy-da, çiňerilip, Amanýaza şübheli garady.
-Ýegen, göniňden gel, hany! Ikimizi gorpa iteklejek bolup ýören kümsügiň biri şony şeýt diýip öwreden-ä däldir-dä saňa? Şeýle bolsa, daýyňdan zat gizleme!
Amanýazyň ilk-ä gahary geldi, soňam gülküsi tutdy.
-Biri öwretdi, daýy. Şeýdip, Akyny işden kowduraly diýdi. Meňem saňsar kellämde şemal şuwlaýar, olar ýaly hilä akyl ýetirerlik çakym ýok. Ýöne seň daşyňa tor guryanlaryny bilýän, aýagyň aşagyny köwýändiklerini özüňem aňýansyň... – diýip, ol kinaýaly gülümsiredi. Soň iki egninden demini alyp, nebsi agyrýan äňeňde gürledi:
-He-eý, daýy, halys was-wasa bolupsyň. Birki ýyllykda-da gyzyl ýaly adamdyň.
Aky gaharlanmady, giňlige saldy.
-Bor, ýegen! Bu zatlar hiç-le. Garaz, seresap bol diýjek bolýan. Töweregiňde dostdan duşman köp – diýip, gapa tarap ugrady.
Amanýazam daýysyny daşky işige çenli ugratmak üçin aýak üstüne galdy-da:
-Daýy! – diýdi. – Onsoň seň o diýýän ýaşululaň öwlüýä-zada baryp görýärlermi? Gölegçi bolup gidýälermi?
-Weý, ýegeniň aýdýanyny! Hawa gidýäler. Hökman gölegçimi? Zyýaratam edýäler. Ýörite-de aýlanýarlar. Onsoň seň ojagaz ýazan goşgyňy, bu gün bolmasa, erte hökman görerdiler. Minneti menden çek!
-Hm... Dogry... Bor, daýy, sag bol. Taňryýalkasyn! Sen-ä maňa gaty uly kömek etdiň. Menem bu ýagşylygyň astynda galman. Maýyny tapan wagtym hökman ýerine salaryn bu edeniňi – diýip, Amanýaz kinaýa etdi.
Aky ýaňsyny duýmady, göwnübir gijäniň garaňkylygyna siňip gitdi. Sähel salymdan köçe tarapdan onuň kimdir biri bilen gürleşýän hümürdisi eşdildi. Hümürdi ýuwaş-ýuwaş uzaklaşdy, soň hiç zat eşdilmedi.

10.

Gyzlaryň äre çykansoň birsyhly görmegini artdyrybermesi-de bolýar. Ýazbibi ýaňy-ýaňy görk açyp ugrady.
Gyz döwürleri ol yşnaksyzdy. Garaýagyz, çepiksije, hordy. Gözleri alady, uludy, üstesine-de öçügsidi, inçemik ýüzüne birjigem gelşik berenokdy. Alçak däldi, geplemsek däldi, sustdy, dymmady.
Terliginden daşgary göze ilginç owadanlygy bolmasa, howalasy belent ýetginjekler gyzyň ugrunda oda-köze düşüp ýörmeýärler. Ýasawyna laýyk Ýazbibem ilki-ilkiler hiç bir oglanyň höwesi bolup bilmedi. Hiç bir oglanyň ýüreginde yşk oduny ýakyp bilmedi. Ýakjagam bolmady. Käbir joralarynyň açyklygy

hem görk-görmegi bilen telim oglany oda oklap, suwa salyp, telbe edip, olaryňam içinden özleriçe iň bir edenlisini, dokuzy düzüwini saýlap-seçip, syrly-syrly bakyşlaryny, düşnüksiz, ýakymly, az-kem ezýetli duýgulara maýyl bolup, juwanlyga mahsus bir derde ýolugandyklaryny görende kemsinmedi. Ähtimal, bolup biljek zat, gözi gitse, gidendir, ýöne ol hiç kime görübilmezçilik etmedi. Ah çekmedi. Arman etmedi. Käte uludan bir demini aldy-da, oňdy. Kimdigi näbelli bolan biriniň haçanam bolsa bir gün ýassykdaşy boljakdygyna, onuň ömürlik meslekdeşine öwrüljekdigine welin ynandy. Hyýalynda bir araba münüp, alys ýollary bile sökmeli hemrasyny hemmelerden saýlanyp duran, syrdam boýly, nurana, mylakatly, dogumly ýigide öwrüp, özüçe göz öňüne getirdi. Ony ýüreginiň pynhan bir ýerinde oňly oýanyp bilmän ýatan söýgi bilen ezizledi. Käte-käte-de uýaldy, öz-özünden utandy.

Ýöne Ýazbibä-de söz aýtjak oglan bar ekeni. Şo döwürler goňşulary, özünden iki ýaş uly Jumadurdy girse-çyksa, içgin-içgin seredip, gözi bilen Ýazbibiniň taryna kakyp gördi. Sessiz habar gatdy. Ýazbibem ýetişen gyzyň üme düşbüligi bilen alaga-da, muny hyýalyndaky ýigit bilen deňeşdirip gördi. Öňden tanap, bilip ýörenden bolsa-da ahmal, Jumadurdy o ýigidiň ýanynda juda ýükisaman göründi. Geljegini Jumadurdylaň öýünden girip-çykyp ýören bagtyýar gelin hökmünde göz öňüne getirip bilmänsoň, Ýazbibi sessiz habar alşy ýaly, bada-bat sessiz habar berdi. Gaşlaryny gaharly çytyp, siltenjiredi, ýüzüni ajydyp, kese-kese sowdy. "Maňa ýanýoldaş bolmaly sen däl. Men başga birine garaşýan" diýen manyny oklady. Jumadurdy ýa-ha gaty tünt ekeni, ýa-da kör umyda ýesir düşdi. Yza tesmedi. Maýyny tapyp, lak atdy. Ýazbibem öz gezeginde jogabyny berdi. "Süýkenme! Men seň deňiň däl. Öz deňiňi gaşa!" diýdi. Jumadurdy ýüzüni küsserdip, zut gitdi. Ýöne umytdan ymykly düşmän ekeni. Iki günden soň çola ýerde Ýazbibi bilen gabatlaşdy, kagyza dolangy sowgadyny uzadyp, boýnuny burdy. Özelendi. Ýazbibi onuň sowgadyna seretjegem bolmady, terse döndi. Jumadurdynyň: "Beýtme-dä, Ýazbibi! Bir zat diýip git-dä!" diýen zarynlamasyna-da "Meni öz günüme goý! Meň halaşýanym bar" diýip ýalan söz bilen jogap berdi. Şeýdip, özüne söz aýdan ýeke-täk oglanyň ýüregindäki kiçijik ody üfläp öçürdi. Şeýdip, Jumadurdydan sowuldy.

Ýoňsuz wagt geçmänkä Jumadurdyny öýerdiler. Edil şuňa garaşyp duran ýaly, yzýany Ýazbibi üçinem goňşy Aktakyr obasyndan sawçylyga geldiler. Birem däl, bassyr üç gezek geldiler. Soraşyp, ideşip, ejesi ahyry olaryň saçagyny açdy. Hyýalyndaky syrdam boýly, nurana ýigit bilen deňeşdirmezden-zat etmezden, Ýazbibini Polat atly ýetim oglana durmuşa çykardylar.

Adamyň birgeňsi häsiýeti bar. Ygtyýarynyň ýetip-ýetmeýänligine garamazdan, ol ähli zady terezä goýýar. Başyna kürte atylansoň, Ýazbibi göwün ýüwürden ýigidi bilen Polady terezä salyp gördi. Görse, ullakan parh ýok ekeni.

Söýgi hesersiz bolmaýar. Ýazbibi Polady aýratyn hyruç bilen söýdi. Ýaşyryn söýdi. Yhlasyny kemmedi, mährini gysganmady. Ol bagty uzaltmagyň ygtybarly ýoluny tapypdy. "Ynha, bäbejigimiz bolar welin, durmuşymyz has-da süýjär" diýip, Ýazbibi göwün ýüwürdýärdi. Perzent küýsegi onuň utanjyna az-kem talaň saldy. "Çaltrak dogursam! Ýeňlesem! Bäbejigimi elime alsam!" diýip, ol bir gezek Poladyň ýanynda gyz haýasynyň özüni terk edenini bilniksiz boýnuna-da aldy. Ýaş gelniň çaga dogurmaga isleginiň şular ýaly güýçli bolup biljekdigine, ony häzire çenli aňşyrman gelendigine oturyp-oturyp geň galdy. Şu meselede hiç bir gelniň özünden üýtgeşik däldigine şübhe etmedi. "Dogurasy gelmeýän heleý ýokdur" diýdi. Şu pikir onuň buýsanjyny artdyrdy. Şol buýsanjy baýdak edinip, bagtyň hoş owazyna melul bolup ýörkä-de, ine, Polat bir ýerden ýatańda-turańda kelläňe gelmejek myjabata ýugrulan gürrüň tapyp geldi. Şo gürrüňe ynanybam Ýazbibini kowdy. Änigine-şänigine ýetmän: "Sen tetelli heleý gerek däl!" diýdi.

Ýazbibi töhmete eýlenen gürrüň bilen Poladyň ýüregini çişirip goýberen Jumadurdydan başga hiç kim däldir diýip oý etdi. Şo-ol gezekki sözüne oňyn jogap berilmän, ýüzüne urlanlygy, niýetlän sowgadyna dagyn bir gezejigem seredilmänligi üçin dişinde et galandyr, gahar edýändir, ar aljak bolýandyr öýtdi. Ony gül ýaly hojalygy dagydyp, yşk bilen alawlap ýanýan ojagy ýumurmak hyýalyna münen näkes saýdy. Ýigrendi. Gargyndy. "Hudaýym, päliň ýoldaşyň bolsun! Tünegiň başyňa ýumrulsyn!" diýdi. Ýalňyşýan bolmaýyn diýmedi. Günä göterýändirin öýtmedi. "Häzir öýe bararynam, pälinden tapmyş

pälazan bilen bellisini ederinem” diýip, ýolda gylaw aldy. Ýöne öýlerine barandan soň ejesine derdini aýdyp, içigip-içigip aglajakdygyna gözi ýetse-de, bellisini etmek üçin Jumadurdylar tarapa aýagynyň ädilmejekdigini, ädiläýende-de häzirki diýäýsem-diýäýsem diýip gelýän sözlerini aýtmaga gaýratynyň çatmajakdygyny güman etdi. Kejikdi. Adalatsyzlyga jany ýandy. Çäresizligi üçin dodagy kemiş-kemiş etdi. Öz ýanyndan Jumadurdyny ýene bir öwre pisledi. Näletledi.
Eýse, onuň Polada gahary gelmedi. “Polat tora düşdi, oňa al saldylar” diýdi. Polat akyl etmedi, Ýazbibä ynanmalydy. Ynanmady. Bir ýassyga baş goşup ýören söwer ýaryny ynandyryp bilmänligi üçin Ýazbibi özüni kötekledi. Äriniň namysdan ýaňa ýarylyp bilmän, hum ýaly çişip oturanlygy üçin, ýüreginiň bir ýerinde agyry-yza sebäpli nähak ezýet çekýänligi üçin özüni günäkär hasap etdi.
Häzir ol kalbynda Polada hiç hili ýigrenjiň ýokdugyny, tersine, onuň halyna nebsi agyrýandygyny duýup, geň galdy. Gahar etse edibersin, Polat ony çyny bilen kowan däldir. Gidişleýin gitsin diýen däldir. Ynha, görersiň, eýýäm ol eden işine ökünýändir. Puşman bolandyr. “Häk, kowmaly däldim. Kelte gaýtdym. Ýalňyşdym” diýýändir. Söýýän adamyňy “Göteril!” diýip kowup goýbermegiň, ondan geçmegiň öwezini dolup bolmajak ýitgidigine Polat düşünýändir. Onuň durky bilen Ýazbibini söýýändigi gözünden belli. Göz ýalan sözlemeýär. Göz iň bir pynhan syryňa çenli aýan edýär. Eger dünýäde adalat diýilýän zat bar bolsa, söýgiň hatyrasyna, bu-gün erte dünýä inmeli çaganyň hakyna Polat Ýazbibiniň yzyndan hökman geläýmeli. Gelmejek gümany bolmaz.
Uly ýola çykyp, biraz ýöränsoň, Polat onuň yzyndan ýetdi.

11.

Sähet ak öýlänler bazardan çykdy. Bir çetde oturyp, jübülerindäki pullary orta döküp, sanady. Kanagat tapdy. Geçip barýan kireýkeşleň birini saklap, şäheriň atly meýhanalarynyň birine gitdi.
Ilki garbak-gurbak edindi. Soň çakyr getirtdi. Köne ülpetleriniň biri gabat geläýjek ýaly, ýaltaklap, gözi töwereginde boldy. Ol gije bir çene baryp, meýhana çolarýança ýeke özi iň çetki stolda arpa suwuny süzüp oturdy. Iş wagtynyň gutarmagyna az salym galanda hyzmatçy gyz eýdip-beýdip onuň bilen hasaplaşdy. Seri mazaly sämän bazar gedaýynyň ýadyndan çykaryp ötäýtmezi ýaly onuň telpegini eline tutduryp, ýasama mylaýymlyk bilen daşky gapyny açyp berdi.
-Sag boluň! Gelip duruň! - diýip çykaryp goýberdi.
Kesesinden hüýli görünýän, dymma, egin eşigi-de sary giden we kirläp garagäz bolan bu müşderiniň daş çykansoň, ýykylmazlyk üçin diwara söýenip durmasyna hyzmatçy gyz adaty ýagdaý hökmünde perwaýsyz seretdi. Täzelikde peýda bolan gojanyň aýlawly kellesiniň badyna ýaňadan yzyna dolanyp giräýmeginden ätiýaç edýän ýaly, gapyny içinden temmeledi, penjiräň öňüne baryp, ýadaw hem keýpsiz garaýyş bilen az salym Sähede äňedip durdy.
Birsellemden Sähet garaňky köçe bilen ýöräp, meýhanadan daşlaşdy. Onuň äwmezek hereketleri, haýal ädimleri wagtyň gymmatyny gaçyrdy. Garaňkylyk, garrylyk hem serhoşlyk ony jaýyň diwaryna ýapyşyp ýöremäge mejbur etdi. Sesýetim aralygy serhoş bolýançaň çakyr içerlik salymda zordan geçdi. Ysgyn-mydardan gaçan aýaklary diýen edesi gelmedi, üç-dört gezek entirekledi, her hal, ýykylman, köçäniň aýagujyna çykdy. Onsoň ol bulaşyk aňy bilen uzakly gije dyngysyz ýol ýörändirin diýip pikir etdi, öz ýanyndan abyrsyz menzil geçendirin öýtdi.
Sähet köçäniň petige direýän ýerinde yraň atyp durşuna haýsy tarapa gitmelidigini bilmedi. Ol şalkyldap ýykylaýmakdan zordan saklanyp, çöňňelen göreji bilen bir zatlar saýgarmaga synanyşdy. Ýolunyň hanjakdygyna ähmiýetsiz garaýandygy äşgär bolansoň, kese köçä düşüp, ýanýodanyň ugry bilen sag tarapa ýöräp ugrady. Haýal gitdi. Bir haýatyň başlanýan ýerine ýetip, biygtyýar aşak çökdi. Tapdan düşen göwresine täzeden güýç toplamasa, mundan aňryk gidip biljek däldi.
Sähet arkasyny haýata berip oturdy. Oturdygyça gyşarasy geldi. Gyşardy. Ukusy gelmeýärdi. Ýadapdy. Dynç almalydy.
Onuň çöken ýeri goýy tümlüge örtülendi. Bäş ädim beýlesinde egrelip ösen garry agaç gollaryny gerip, iri ýapraklaryny perde edinip, süýr depä çykan Aýyň şöhlesini saklap otyrdy. Töwerek bolsa zir-

zibilden doludy. Ýogsa, bu ýeri zibilhana däldi, zibilhana däldigini ýatladýan iki sany ýazgy hem bardy. Sähediň ýaplanyp ýatan haýatynyň ýüzüne uly hem gödeňsi harplar bilen gyzyl reňkde: “Haýyş! Zibil dökmäň!” diýlip ýazylgydy. Beýlekisi bolsa ýuka demir bölegine ýazylyp, aňyrrakda, köçe bilen ýanýodanyň serhedinde dikilen bilek ýogynlygyndaky tagta çüýlenip goýlupdyr. Onuň ýüzünde gözilginç gara reňkler bilen “Zibil dökmek gadagan!” diýen ýazgy bardy. Elbetde, Sähediň bu ýazgylary gözi kesjek däl, okamaga islegi hem ýok. Ol biraz oýa ýatyp, bedenine inen argynlygy ýeňletse bolýar, onsoň bu zir-zibiliň içinde ýatmaz, gider.

Kän mahal geçmänkä hol aňyrdan çaga jedirdisi bilen aýak sesi eşidildi. Yzyna kiçijik oglanjygy tirkäp, eli zibil bedreli aýal maşgala ýetip gelýärdi.

-Öňüňi görýäňmi? Dur indi şo taýda. Ýykylarsyň – diýip, ol yzyna garaman çagajyga habar gatdy.

Oglanjyk galar ýaly däl. Haýdap gelşine ejesiniň elindäki bedreden aslyşdy:

-Ej-je, getir men dökjek. Men dökjek diýýä-än.

-Aýryl, bala, goýber, häzir üstüň hapa bolar. Aýryl. Sen gaýdyşyn boş bedräni göteräý.

-Menem dökeýin – diýip çaga aglamjyrady.

-Ana, ho taýda gedaý bar, häzir seni şoňa berip gideýin-le. Torbasyna salyp, äkider – diýip, aýal ogluna ýalandan haýbat atyp, Sähediň ýatan tüm garaňky ýerine elini uzadyp görkezdi.

Oglanjyk tapba sesini goýdy, ejesi bedresini boşadýança bärligine seredip durdy, şonda ol torbasyny görmese-de, kellesini gyşardyp, egrerlip ýatan Sähedi anyk saýgardy. Üýşendi. Eýmenç tümlükde bir özi ýatan gara belanyň özüni alyp galaýmagyndan gara çyny bilen howatyr etdi, elheder aldy. Tas wägirip aglapdy. Ejesiniň arkaýynlygyndan az-kem teselli tapansoň, onuň köýneginden berk tutup, aslyşdy. Tiziräk bu ýerden gitmäge gyssandy. Gidip barýarkalaram hamana, gedaý laňňa ýerinden galyp, yzlaryndan ýetip, özüni torbasyna atyp äkidiberjek ýaly, zol-zol gaňrylyp, gorky bilen Sähediň ýatan ýerine seretdi. Esli arany açansoňlar:

-Eje! – diýdi.

-Hä, bala, näme?

-O gedaý nämüçin ýatyr o taýda?

-Betlik edýän çagalary alyp gitmäge gelipdir. Şolara garaşyp ýatyr – diýip, Sähetden bihabar ejesi göwnübir jogap gaýtardy.

-Şumat torbasynda çaga barmy?

-Hawa, bar. Betlik edýän çagadan doly torbasy.

-Onda nämüçin olar aglaşanok?

-Aglasa, gedaý olary öldir ýaly urýa.

-Gedaý çagany näme edýär? Gedaýyň öýünde çaga känmi? Oň nirede, eje?

Ejesi çagaň sowallaryndan irdimi, nätdimi, siltenip, onuň ýüzüni aldy:

-Goýber-ä köýnegimi! Ezenegimi ýyrtdyň, gabyr bolan! Aslyşaýşyň ne bela?

Soň oglanjyk ýykyldy öýdýän, çaga agysynyň arasy bilen aýalyň:

-Gözüňe seret, garagyň gapylmadyk bolsa! Tekiz ýerde ýöräp bileňok, teýsiz tohumy tükenen!.. Tur indi! Getir eliňi! – diýýän igençli hüňürdisi eşidildi.

Soňrak bir ýerlerden zaryn aýdym sesi geldi. Ýuwaş-ýuwaş ýakynlaşdy. Aýdym bir ýaş gyzyň biwepa söýgülisi baradady. Gyz aşyk bolupdyr, ýigidi jan-tenden söýüpdir, onuň üçin ähli zatdan geçmäge, islendik kynçylyga döz gelmäge kaýyl bolupdyr. Ýöne, haýp, ýigit deýýus bolup çykypdyr, gyzyň päk söýgüsine hyýanat edipdir, başga birine göwün beripdir, gyz bolsa örtenipdir. Şoň üçinem aýdýan aýdymlary zaryn heňe ýugrulypdyr...

Sähet gabagyny galdyryp, äňetse, hüwjük saçly bir ýigdekçe haýal ädimläp, el telefonynda aýdym diňläp barýar ekeni. Özi-de aýdymçy gyz bilen bir perdeden gopjak bolup saza görä başyny yralaýar. Onuň yzýany iki sany aýal maşgala göründi. Olar ellerinde zibil bilen doldurylan gaplary göterip gelýärdiler. Aýallaryň diňe birisi gürleýärdi, beýlekisi bolsa häsini ýetirýärdi.

-A gy-yz, dur-a, yzyny diňl-ä!

-Diňleýän-le.
-Meň oňa näme diýenimi bileňog-a.
-Aha, näme diýdiň?
-Heleýiňden gorkaňokmy diýdim. Heleýiň biläýse, nätjek diýdim.
-Hä-ä, onsoň?
-Şeý diýsem, meýit näme diýýär diý. Sen äriňden gorkaňokmy diýýä.
-Saňamy?
-Hawa-la. Maňa.
-A gy-yz, o seni başga birine meňzeden bolaýmasyn, gyz?
-Ýok, hiç kime-de meňzedenok. Düýnki çypar oýnatga ärimdir öýdüpdir.
Ikisi-de çasly güldi. Gülküleri çylkasyz çykdy.
Golaý gelenlerinde olar gülkülerinem, hümürdilerinem kesip, burunlaryny tutdular. Getiren hapalaryny döküp, yzyna gitdiler.
-Bigaýrat-la, gyz. Bitini iýme, syrnyh. Telefonyma pul geçirip bilenok. Menem ýüzümi saraldyp, sözümi zaýalap... – diýip, uzaklaşyp barýan aýal sesi nägilelik bilen zeýrendi. Soň hiç zat eşidilmedi.
Sähet tas irkilen ekeni. Asyl ymyzganypdyr. Gözüni açsa, daýaw bir jahyl üstüne abanyp, Sähediň jübülerini dörüşdirip duran ekeni. Garşylyk görkezere, gaýtawul berere mejaly bolmansoň, Sähet ses-selemsiz gabagyny ýumdy. Iň bolmanda dili bilen bir zatlar diýmäge-de rowgaty çatmady. Daýaw jahyl bolsa Sähediň oýananyny bilmän, bilse-de, hiç hili gypynç etmän, arkaýyn barlady. Alňasamady. Ahyrynda bilbiliň ketegi ýaly kiseden zat tapmanlygyna sögünip, tüýkürinip zut gitdi.
Sähet ähli puluny meýhanada sowurtlanyny, aslynda puluny iň soňky teňňesine çenli gutarmak üçin şunça çakyr bilen arpa suwuny içenini ýadyna saldy. Hemmesini sowman, biraz goýaýmaly ekenim diýdi. Az içen bolanlygynda pul galardy, kellesem häzirki ýaly hüňläp durmazdy, süňkleri diýenini ederdi. Ýaňky jahylam sögünip gitmezdi. Gedaýyň jübüsini dörmäge mejbur bolan oglana Sähediň azajyk nebsi agyrdy.
Ol özüni ukynyň basýanyna akyl ýetirip ugrady. Bilse, indi ýerinden turmalydy. Gidip, şäher bagynyň içindäki uzyn oturgyçlaryň birinde süýnüp ýatybermelidi. Baga aşar ýaly güýç-gurbat tapylmasa, iň bolmanda hol beýleräge geçip ýatmalydy. Gaýrat etmelidi. Öýsüz-öwzarsyz bolaňda-da, gedaý güne düşeňde-de, beýdip zir-zibiliň içinde bulaşyp ýatmak bolmaz ahyryn.
Sähet: “Azajyk irkilip turaýyn. Gözümiň awusyny alaýyn. Onsoň turaryn” diýdi.
Ol uklamaga ýetişmedi. Köne-küşül çöpläp ýören kemmagalyň biri aňyrdan sykylyk atyp geldi-de, köçäniň aňry ýüzüne geçip, aýak üstünde buşukmaga durdy. Soň elindäki çeýe çybyk bilen zibilleri dörüşdirip, Aýyň ýagtysyna iki sany çüýşe tapdy. Olary torbasyna saldy-da, Sähedi görmän, sykylyk atyp, megerem, indiki zibilhana garşy gitdi.
Gabagy ýumlup barýan Sähet zibil dörüp, çüýşe çöpläp ýörmekden pişe bolmajakdygy, ondan-a gowusy, bazara gidip, dilegçilik edeniniň müň paý gowy boljakdygy, ýaňky torbaly ykmandaň şonam bilmeýändigi barada garjaşyk pikir edip, uka çümdi.
Näçe wagt ýatanyny-ha bilenok welin, Sähet ýiti gümpüldä ukudan oýandy. Gözüni açyp, garaňkylyk bilen öwrenişýänçä ýene gümpüldi boldy. Yzýanyndan edil ýokary ýanyna, haýata gütläp daş degdi. Sähet ilki kimdir biri özüni daşlaýandyr öýdüp gorkdy. Seredip görse, hol aňyrrakda durup, üç sany ýetginjek ýetişibildiginden “Zibil dökmek gadagan!” diýen ýazgyly ýuka demri nyşana alyp, daş ýagdyryp duran ekeni. Esli aralykdan zyňýandyklary üçin olaryň kän oky boş geçýärdi-de, gelip Sähediň arkasyndaky haýata degýärdi.
Ýetginjekler ahyry nyşanany urup ýykdylar. Onsoň “Men ýykdym-da, men ýykdym” bolşup, wagyrdaşyp, jedelleşdiler. Ahyry jedeliň ähmiýetsizligine düşündiler öýdýän, nyşanany kimiň urup ýykanlygyny belli edip bilmän, öz ýollaryna gitdiler.
Şundan soňam Sähet ýerinden gozganyp bilmedi. Usurgamakdan ýaňa ýere siňip barýardy. Ýüregi bulanyp, kellesinde ýiti agyry bardy. Üstesine zir-zibiliň porsy, dymyljak, ýakymsyz ysy onuň aňyrsyny

bärsine getirdi. Serhoş beýnisi bilen halynyň egbardygyny aňdy. Ýüreginiň gürsüldisi güýçlendi. Onsoň ol ýatan ýerinden başyny çalarak göterdi-de, aşgazanyndamy, bir ýerinde özüni nirä urjagyny bilmeýän ajy suwuklygy mundan beýläk saklap bilmän döşüne gaýtardy. Gözüniň öňünde akja uçgunjyklar peýda boldy. Ümezledi. Ýaşardy. Birbada hiç zat saýgaryp bilmedi. Az salymdan ynjaldy. Eliniň aýasy bilen agzyny süpürdi. Tüýkürindi. “Azajyk suw bolaýsa, sowujak suw!” diýip arzuw etdi. Daň agaryberende it sesi onuň ukusyny bozdy. Ygyp ýören iki sany eýesiz köpek zibilden bir zat tapyp, oňuşman, gabyr-gubur edişdi. Sähet telpegini eýläk-beýläk galgadyp, ýatan ýerinden itlere haýbat atdy.
-Küç-aýt! Ýit, jähennem bol! – diýdi.
Ol halynyň hälkisinden has ganymatlaşandygyny duýdy. Kellesiniň bir ýerlerinde samsyk agyry bolsa-da, oňuşmazça däldi.
Sähet şondan soň uklamady. Biraz oýa ýatyp, suwuň gözlegine çykdy.

12.

Jahan töweregine mata baryny üýşürip, gara başyna gaý tikin-çatyn edip oturan ekeni. Bu gapa ömür ýüzi düşmeýän Suraýyň zoraýakdan ýylgyrjaklap gelmesi ony biraz geň galdyrdy, ýöne geňirgenmesi duýulmady.
-Suraý gyz, tüweleme, gel-ä, näme gapyda dursuň? – diýip, ozaldan garaşyp oturan ýaly, oňa mylaýym habar gatdy.
Suraý geçip oturdy. Jahanyň öňündäki mataň bir gyrasyny elläp görüp:
-Köýnek tikinýäňmi? Özüňemi? – diýip sorady.
Jahan başyny atyp:
-Hawa – diýdi. – Men-ä Ogulbibä biçdirýän-de, özüm tikinäýýän. Şu gezeg-ä haram tula ýaman dar edip biçdi öýdýän. Geýip görmeseň, biljek gümanyň ýok.
-Gelşigi üçin dar bolsa gowy dämi gaýtyp?
-Hm, şuny Seýitmyradyň ýanynda-da aýdyp gör. Al-petiňden alýar kime görünjek bolýaň diýip. Är diýeniň, dar geýiberseň, hökman birine görünýändir diýip düşünýä.
Suraý:
-Nesip etsin! Gül-ä owadan ekeni. Toýa geý! – diýip, derrew turmak bilen boldy. Şalar barada gürrüň açmaga ejap etdi. “Jahan bihabar ekeni. Şalar muňa aýdyp ýetişen däldir. Habarly bolanlygynda hökman nem syzdyrardy” diýdi.
Jahanam onuň obaň o çetinden bu çetine ýörite aýagynyň ýelini almak üçin gelmändigine şunça güman etse-de, “Keýpinemi?” diýip sorap durmady.
Ertesi Jahan ikindinara ýene-de tikin maşynyny öňüne alyp, şyrladyp otyrka gapyň agzynda gany gaçan ýüzüni ýerden galdyryp bilmän, sadylla bolup duran Suraýy görüp, çynlakaý bir gepiň bardygyny aňdy. Işini goýup, öňüne çaýly çäýnegini çekdi.
-Al, çaý içip otur – diýdi-de, Suraýyň özüni gepletmekçi bolýan ýaly esli dymdy.
Suraý ahyry aýgyt etdi, ýüregini bire baglap, gyzaryp:
-Şalaryň yzyndan gidip-gelýäňizmi? – diýip sorady.
“Ine, gördüňmi? Mundan çykd-ow! Asyl bi gyz Şalaryň köýünde oda-köze düşüp ýören bolsa nätjek?” diýip, Jahan içini gepletdi. Daşyndan bolsa:
-Şageldi gidip geldi. Menem basym gitmekçi öz-ä – diýdi.
“Şageldiň ýanynda dagy men barada hiç zat agzamadymyka? Aý, ýok, agzan däldir. Maňa degişli bir zat aýdan bolsa, bu çaka eglenmezdiler, maňa eşitdirerdiler. Ýa men onuň ýadyna-da düşemokmykam?” diýip Suraý öz ýanyndan oýlandy. Daşyndan bolsa:
-Ýagdaýy gowy diýýärmi? – diýip sorady.
-Oňat. Erbet däl-ä diýdiler – diýip, Jahan uludan demini aldy. – Ah-heý, oturan ýeriň türme bolsa, ýagdaýyň gowy bormy? Kän gudurady-da. Ýeri, seň myhman bilen ne işiň bar? Iý, iç, gaýt öýüňe. Dek

gezen – dok gezer diýýä.
-Maňlaýynda bardyr – diýip, Suraý Şalary aklamaga çalyşdy.
-Hawa-la, iki barmak maňlaýyňa türme ýazylan bolsa, gaçyp sypjak gümanyň ýok. Ýöne biraz towşantüýräk bolmaly. Uranyňdan urlanyň gowy dämi?!
-O myhman oglanyň özi ilki başlapdyram diýýärler.
-Başlanda näme, urup özünden gidiren biziň sähnämiz. Gerek ýerinde binamyslyga salaýmasaň, hökümet türmede çüýredäýýär. Bir ýumruk üçin üç ýyl!
-Wagtyndan öň boşadarlarmyka?
-Hawa, boşadarlar. Hany, indi doly oturýan barmy?
Suraýyň bolan-goýan işler barada jikme-jik gürrüň edesi gelmedi. Aýyp saýdy. Onsoňam Jahanyň näme diýjegini kim bilýär? Esasy zat, Şalar bilen habarlaşyp bilse!
-Şalaryň yzyndan gitjek wagtyňyz bir hatjagaz ýazyp ugratsam...
-Eltip bererin...
-Men basga düşüp ýören bolmagymam mümkin... Çöňürdäki daýylarymyz meni sorap gelipdirler. Guda bolaýsak diýýärler...
-Hm, ana, gördüňmi? Ejeň dagy näme diýýä? Göwnejeklermi?
-Heniz-ä belli jogap bermedik ýaly. Ýöne daýym ýene geleris diýip gidipdir.
-Çatak bolupdyr-ow – diýip, Jahan gaýga gitdi. Onsoň, meger, göwünlik bermek üçin:
-Men Şalara oňatja düşündirip aýdaryn, sen alada etme! – diýdi.
Diýse-de, tussaghanada oturan adamyň bu ýerdäki gudaçylyga neneňsi täsir edip biljekdigine Jahanyň akly kesmedi. Ýaman ýeri, Suraýyň ejesi türmede oturyp gelene, belli zat, gyzyny bermez. Eger Suraý “Şalardan başga hiç kime barjak däl” diýip, aýagyny depip dursa, başga mesele!
-Men näme etsemkäm? – diýip, Suraý aljyraňňy sowal berdi.
-Näme etmekden Hudaý saklasyn! Şalary halaýanyň çynyň bolsa, garaş diýjek men-ä. Ejeňe-de halaşýanym bar diý. Ýa özüm duýduraýynmy? Suraý elini daldalap, howlukmaç gürledi:
-Ýok, ýok! Ejemiň ýanynda bir agzamaweri!
Juda galagoply ýagdaýda boz-ýaz ýygrylyp oturan Suraýyň Şalara bolan söýgüsiniň näderejededigini anyklamakçy bolýan deý Jahan:
-Ýok, eger göwnüň bölek bolsa, Şalar bolmasa, ýene biri ekeni-dä diýseňem, özüň bil – diýip, gelşiksiz gürrüň etdi.
“Bar, göwnüm bölek ekeni-dä, indi bi ýagdaýda näme edeýin men?” diýip, Suraý içinden zarynlady.
-Wah, özümizdenem bar-la. Kellejigi kesilmedigi başyna goýberdik-dä. Edenine telek diýmedik. Ýetimligi duýmasyn-la diýip, gaty eljiretdik – diýip, Jahan kemiş-kemiş edip duran dodagyny gizlemek üçin aňyrsyna bakdy. Bokurdagy dolup duranlygy sebäpli gürläp bilmän, bialaç dymdy. Barybir uzak saklanyp bilmedi, burnuny çekdi-de, aglap goýberdi.
Suraýyňam soňky günler çygjarmaga halys werziş bolan owasyna ýaş aýlandy.
-Wa-ah, ene mährin görmedik doganjygym-a! Ne günlere düşdüň, ja-an jigi! Maňlaýy ýatan Şalar-a! – diýip, Jahan agy arasy bilen eňredi.
“Muňam derdini gozgadym oturyberdim. Ýeri, bi görgüli näme diýsin?!” diýip, Suraý müýnürgedi. Edil häzir sesine ses goşup, bile aglaşyp oturmaly däl-de, nädibem bolsa, Jahany köşeşdirmelidigini on iki süňňi bilen syzdy. Ýöne hiç ebeteýini tapmady. “Munuň bi sesine goňşy-golamam üýşewersin! Masgara!” diýip tebil tapyndy. Howsala düşdi. Onsoň öz derdiniňem Jahanyňkydan çökder bolmasa, egsik däldigini ýene bir gaýra ýanjamak üçin hamsygyp oturyşyna birhaýukdan pessaý hem aýyl-saýyl ses bilen:
-Meňem maňlaýym ýatdy. Şalara garaşmasam, indi başga çäräm ýok – diýdi.
Jahan tapba sesini kesdi. Eliniň tersi bilen gözýaşyny syldy-da:
-O nähili? – diýip sorady.
Suraý üzlem-saplam, ýöne gysgajyk:

-Men ýüzügara boldum – diýip, sessiz silkinip, aglady.
Ör-gökden gelmese-de, Jahan geňirgenmesini ýaşyryp bilmedi:
-Wi-iý, masgara-a! Waý-ý, işigaýda-an! Goý, gyýw, hany dur entek.
-Men indi başga biriniň ýüzüne nädip seredeýin, ä, nädip? Şalaram gelmese, näme etmeli men? – diýip, Suraý içki hesretini daşyna çykardy.
Jahan başyny tutup, iňkise gitdi. Dogrudanam näme etmeli? Şalar-a türmede ýatyr. Suraýyňam, öz aýdyşyndan, boljagy bolup, boýasy synypdyr. Şalardan gaýry birewe garamatyny atara çaky ýok. Munuň bu ýagdaýyndan ejesi-kakasy hem bihabar. Üstesine-de sawçy gelýän bolsa, o-da garyndaş ugry boljak bolsa, şakyr-şukur saçagyny açyp, göwneşseler, ýarym-ýaş aglap oturan Suraý näme etmeli? Ine, masgaraçylyk!
“Ýeri, bi Şalar-a erkek tana diýjeksiň, sen bir ulugyz halyňa etegiňe gaýym bolmaly dälmi?” diýip, Jahan içinden Suraýa igendi. Eýsem-de bolsa, bi igenç çykalga däl.
-Jan jigim, Şalara garaşmasaň, başga näme edip biljek sen?! Men-ä garaş diýjek saňa. Başga ýol ýok – diýip, Jahan öz pikirini aýtdy.
-Garaşjak-la, wah, garaşjak, garaşman nirä gideýin? Ýöne onça wagtlap...
Jahan onuň sözüni böldi:
-Onça wagt diýip, näme, sen doly oturar öýdýärmiň? Ynha, öňümizdäki Gadyr gijede günä geçilşige düşjegini biläý.
-Daýym dagy ýene geler.
-Sen ejeňe aýt, halaşýanym bar diý. Kim diýip sorasa-da, aýtma. Ynha, basym gudaçylyga geler welin, özüňiz görersiňiz diý – diýip, Jahan dilinde aňsat edip goýdy.
Suraý ony başararmyka? Ejesiniň ýüzüne dogry garap: “Halaşýanym bar, men diňe şoňa barjak” diýip bilermikä? Suraý: “Başarman” diýdi. Yz ýanyndanam özüni kötekledi: “Bökersiňem! Guýrugyňy bulamany başardyň, yzynda durmany hem başarasyň!”
Jahan dowam etdi:
-Eger Şalar bilen halaşýan diýseň...
-Ýog-eý, diýmen, ony diýip bilmen.
-Diýseň, bulaşdyrmagyň mümkin. Gyzymy türmede oturana rowa göremok diýäge-de, zor bilen daýylaryňa berip goýberse, nätjek?! – diýip, Jahan gorkuly gürrüň etdi.
Suraý ejesine näbelet däl. Ogulgül gyzynyň raýyny ýykmaz. Perzendiniň ykbalyny bigeňeş çözesi ýok. Suraýyň etmeli zady: “Azajyk howlukmaň. Kimiň saçagyny açmalydygyny özüm aýdaryn” diýmeli!
-Birden daýylaryňa hoş söz berjek bolsalar, göni gel-de, maňa duýdur. Iş gyzza-gyzza gelende ejeň bilen özüm gepleşerin – diýip, Jahan dogumlandy.
Suraýyň ýuka dodaklary kemşerdi-de, ýaňy kepän gözlerine täzeden ýaş indi. Bu gezek ol kyn güne düşüp, ugur-utgasyny ýitiren adamyň hossar çykan wagty başdan geçirýän duýgulary bilen aglady.
Biraz wagtdan Suraý ýellenen gabaklaryny we çişen ýüzüni gizlemek üçin başyny aşak salyp, öýlerine gaýtdy.
Jahan bolsa, gijara işden gelen Seýitmyrada ähli zady gylyny gymyldatman, bolşy ýaly gürrüň berdi. Iň soňunda-da:
-Aýdyp ýörmeli zat däl welin, halys ýüregime sygmady. Şoň üçin aýdýan saňa-da. Onda-munda lakgyldaýmagyn, gyýw! – diýip sargyt etdi.

13.

Täze gonamçylyk üçin berlen ýeriň çäkleri belli edilensoň, oňa mal-gara girmez ýaly her ýerden-her ýerden agaç-ugaç dikip, daşyna urgan aýladylar, tikenli sim çekdiler.
Güýzmyrat aganyň başda durmagynda “Ýylgynlydaky” uly bolmadyk köne bassyrmany aşagyndaky kerpiçleri bilen bile göçürip getirdiler-de, täze gonamçylygyň girelgesiniň agzynda dikeltdiler.
Bassyrma esasan kerpiçleri ýagyş-ýagmyrdan goramak üçin gerekdi. Kerpiji bolsa gabryň içki jaýynyň

agzyny petiklänlerinde ulanýarlar.
Girelgäniň açyk durmazlygy üçin syrdam tal agajyndan bolgusyzja derweze hem ýasadylar. Onsoň heniz hiç hili mazaryň ýokdugyna garamazdan, bu ýer adamlaryň köpüsi üçin howatyrly ýere öwrülip, gonamçylyga meňzedi duruberdi.
Ähtimal, şol sebäplidir, bitirilmeli işler dynan dessine adamlar eglenmän, öýli-öýüne dargady. Gonamçylykda hiç kimiň galasy gelenok. Gonamçylyk dirileriň mekany däl, ol ölenleriň ýurdy. Ölenleriň ýurduna diriler hemişe gorky bilen seredýär. Bu gorky çagalygyň aga-gara düşünmäge çytraşýan günlerinde peýda bolýar-da, soňky demine çenli adamy terk etmeýär. Iru-giç bialaç göç etmeli boljakdygyna akly çatýan-da bolsa, darlygy, garaňkylygy, ýeke ýatmalydygy sebäpli, üstesine-de tениniň bozulyp, çüýrejekdigi üçin bu mekany adamyň ini söýmeýär.
Täze gonamçylykda Güýzmyrat aganyň bir özi galdy. Ol asty kerpiçli bassyrmanyň kölegesinde oturyp, üstünde şemal şuwlaýan boz meýdana höwessiz seretdi. “Ynha, şu ýer indiden beýläk araçäk bolar. Şu ýerde bu dünýäň ähli oýny gutarýar. O dünýä diýýänleri, ýurt aşyp barar ýaly, alys ýer däl, o dünýä, ynha şu ýerden başlanýar. Eňegiňi daňyp, başam barmaklaryňy çatansoňlar, ýuwup, kepene çolap, şu ýere getirensoňlar, seňki gutardy bil, sen eýýäm bu dünýäň adamsy däl, sen eýýäm o dünýäň gapysyny kakyp duran jansyz göwresiň, porsap barýan meýitsiň. Bu ýer iki dünýäniň serhedi! Ähli kişiň ümzügi şu serhede tarap. Isle-isleme, her kim şu serhetden geçmeli, serhetden geçeňsoň, yza dönmek ýok” diýen pikire bendi boldy. Töweregine göz aýlap, häzirlikçe bu meýdanyň tukatlygyndan, çolalygyndan gaýry iki dünýäň serhedini ýatladýan alamat tapmady.
Gara ýer ses-selemsiz, imisala dymyp ýatyr. Dymsa, dymybersin, nobaty gelende munuňam etjegi bardyr. Häzir ol “Ynha, indi näçe öliň bolsa, getiriber, goýnumdan ýer tapylar, maňa tapawudy ýok, ýagşy bolsun, ýaman bolsun, demi sogruldygy bes, demime bir dartaryn welin, dünýä gelip-gideni ýalan ýaly bolar durar. Barça ynsany holtumyma dykýançam men doýmany-dolmany bilmeýän. Maňa ölini ýuwutmak emr edildi. Diriliginde dodak çöwrüp, jort atanlar, sahysy, jomardy, husydy, hannasy, mal-döwleti dünýä sygmadyklar... hemmesi sopbaş gelip, maňa lukma boljakdyr. Adam oglunyň mal-döwletiniň maňa derkary ýok, maňa olaryň läşi gerek, läşi!” diýip, heşelle kakýan bolsa bildiňmi? Äý, ýok, beýle däldir-le. Gara ýer pespäl ahyryn. Pespällik nire, heşelle kakmak küje?
Baýak Amanýaz saňsar bir tymsal gürrüň beripdi. Iki sany goňşy elleri pilli çil üstünde durup, ýer dawasyny edýärmişler. Paýlaşyp bilmeýänlerem, bolubilse, bir daban ýermiş. “Goňşy, meň ýerime geçme, ynha, şu ýerden beýlesi meňki” diýip, biri pilini ýere urup görkezýär diýýär. Beýlekisem: “Galat aýdýaň, goňşy, bu ýer-ä meňki. Ine, şu çiliň orruk-ortasy araçägimiz, şoň üçin gylla ýary maňa degişli” diýip pilini somlaýarmyş. Bular şeýdip, ýer meňki-de, ýer meňki bolşup, bir-birine pilli topulyp ugranlarynda Ýer: “Biderek dawa edýäňiz, aslynda ikiňizem meňki. Biraz sabyr ediň, basym gözüňize gumumdan guýup, läşiňize guwanaryn” diýip, piçjiň atanmyş. Elbetde, Ýer rastyny aýdýar, iru-giç gözüň gumdan doljagy belli zat. Emma Amanýaz saňsar tymsaly özüçe üýtgedipdir öýdýän. Sebäbi Ýeriň adamlara piçjiň atmaga, heşelle kakmaga haky ýok. Men-menlik, tekepbirlik Ýere mahsus däl. Gara Ýer ýalam bir pespäl zat bolarmy?
Ýogsa, bina bolaly bäri Ýer adamy ekläp otyr. Eklänok-da, eklenmegine sebäp bolýar. Sebäbi rysgy berýän – Alla! Allatagalanyň eradasy bilen toprak adamyň iýjegini, geýjegini biminnet eçilip dur. Adamyň aslam toprakdan. Näçe ýaşasa-da, ahyrynda muňa ýene toprak eýe çykýar.
Ýene bir gowy zady, Ýer adam dannap duranok. Perişde ýaly päk adam bolsa-da, aňrybaş zannyýaman deýýus bolsa-da, ümsüm teýine sokup ýatyr. Özüne kast eden pyglyýamanlar bilenem Ýer deň bolup duranok. Ýogsa, Güýzmyrat aganyň pikiriçe, şolar ýalylary Ýer kabul etmän, zyňaýjak ýaly. Belki, zyňýandyram? Bir mahallar Aktakyrda Oraz aga diýip bir ýaşuly bardy. Aýyn bolmasa, gahary gelen pillesi aýalyna “Seni görem almaz!” diýip käýinerdi. O pahyryň başga käýinji ýokdy, şo sözler onuň diliniň endigine öwrülip gidipdir. Oraz aganyň özem, aýalam bireýýäm ölüp gitdi. Aýalyny gör çykaryp zyňaýmandyr. Eýsem-de bolsa, şo sözler agzy jäheksiziň tapan zady däldir. Görüň kabul etmedik meýdini gören adamlar tapandyr. Ugrunda bardyr, diýilýändir.

Her näme-de bolsa, Ýeriňem çydamynyň çägi bolmaly. Aýtmaklaryna görä, üstünde edilýän pyssy-pyjurlyklara çydap bilmän, käte-käte Ýer Hudaýa nalyş edermiş. “Ýa, Alla, maňa bir agyz açmaga ygtyýar ber, agyz açyp, bu adamlary bir ýuwudaýyn!” diýermiş. Emma Allatagalanyň rehim-şepagatynyň bimöçber bolşy ýaly, sabrynyň hem çägi ýok. Sabyr – Allatagalanyň iň gözel sypatlarynyň biri! Eýsem-de bolsa, Allanyň sabryna bil baglap, ymmata sygmajak wejeralyga ýüz urmak hebesdir. Hasapsyz zat barmy nä? Allatagalanyň Adyl diýibem bir ady bar ahbetin. Ine, bir gün hasap-hesip edilende Ol adyllyk bilen ähli zady ýerbe-ýer goýar. Şol gün gutulgysyz Güýzmyrat aganyň hem başynda bardyr. Eý, toba!

Gonamçylyk bilen obanyň aralygyndan geçýän takyr ýoldan mallaryny örä sürüp barýan Şükür gyzyl göründi. Ol esli aralykdan gygyryp salam berdi-de, sowulman, ýoluny dowam etmekçi boldy. Soň pikirini üýtgetdi, gelip, Güýzmyrat aganyň ýanynda çommalyp oturdy.

-Şu wagt üns bilen seredip gelýän welin, ho-ol tirsekden bärik boýdan-başa tikenli sim çekilipdir. Bir görsem, öwlüýäň bassyrmasynam göçürip getiripdirler. Kerpijem äkelipdirler. Onsoň pikir etdim, hä, ynha, indi hakyky öwlüýä meňzäpdir diýdim... Çaky, Güýzmyrat aga, indi şu ýeriň täze öwlüýä boljagy çyn-da? – diýip, ol, güman etmeýän-de bolsa, garaz soranyny kem görmedi.

-Çyn, çyn – diýip, Güýzmyrat aga gysga jogap gaýtardy.

-Indi “Ýylgynly” ýapyldymy? Jaýlamak bolanokmy?

-Bolanok.

Şükür gyzyl garjaşyk sowallara gümra bolup, az salym dymansoň:

-Indi muň ady näme bolmaly, Güýzmyrat aga? – diýip, başga sowal berdi.

Güýzmyrat aga başyny galdyryp:

-Bilmedim. Entek ady ýok – diýdi.

-Hol gün Amanýaz saňsar aýdýar, kim ilki ölse, täze öwlüýä şoň adyny dakýas diýýä. Men aýdýan oňa, öwlüýä adyny dakdyrmak üçin ýöriteläp öljek ýok diýýän...

Güýzmyrat aganyň gahary geldi:

-Öwlüýäden başga oýunjak tapmadyňyzmy? – diýip gatyrgandy.

-He-he, ýok, oýun edişýäs-le. Ýöne oňat at saýlap dakmaly bolar. Atsyz öwlüýä ýog-a.

Güýzmyrat aga pikirlenmezden:

-Muňa biz at tapyp bilmeris. Laýyk ady özi tapar – diýip, diline geleni aýdyp goýberdi.

-Janly-jansyz hemme zadyň ady bar diýjek bolýan – diýip, Şükür gyzyl bu gürrüňi wagty bilen tüketmedi.

-Hawa, sygyr-düýä-de at dakýarlar – diýip, Güýzmyrat aga kakdyrdy.

Şükür gyzylyň muňa düşünjek gümany barmy?

-Şony aýdýan-da. Meň atsyz malym ýok. Hersiniň özüne kybap ady bar.

Ikisem şo bir zadyň pikirini edip, dymdylar.

-Sen birine garaşyp otyrmyň, Güýzmyrat aga? – diýip, ahyry Şükür gyzyl bilesigelijilikden däl-de, juda dymyp oturmazlyk üçin dillendi.

-Hiç kime-de garaşamok. Hähimi alaýyn diýip çökäýdim. Häzir turjak – diýdi-de, Güýzmyrat aga garasöýmezlik etdi:

-Şükür! Sen bu ýerde arkaýyn otyrsyň welin, mallaň gaçyp-tezip ýören bolmasyn. Habardar bol! – diýdi.

“Beh, gepleşesem gelenok. Bir zad-a gahary gelipdir. Kowan bolşumyka şü? Özi gidýänçä menem-ä turman” diýip, Şükür gyzyl içini gepletdi. Soň:

-Gaçyp-tezip görsün hany! Mende olar ýaly mal ýok. Malym gaçyp-teziberse, şo gün bazardan çykarýan. Ýa-da jöwher saply pyçagyma ýapyşaýýan – diýip, öwündi.

Şüküri ýanyndan kowup goýberer ýaly, Güýzmyrat aganyň üýşüp ýatan gahary barmy nä?!

-Hm, heýlemi? Bor onda. Men-ä ýöredim – diýip, ol haýal gozganjyrap, ýerinden turdy. Ýempäp, öýüne garşy ugrady.

Güýzmyrat agany nazary bilen ýola salyp otyrka Şükür gyzyl: “Ilki öleniň ady dakyljak bolsa... Kim bilýär, kimiň ilki öljegini bilip bolaýanok. Ölüm hemmäň başynda bardyr-la welin, ynha, birden men öldüm-dä, şonda näme? Şükür öwlüýä diýerler öýdýärmiň?” diýen pikire maýyl boldy. Pikirleri çuňlaşdygyça oňa iniňi düýrükdiriji wehim ýetişdi.
Güýzmyrat aga-da pikire çümüp barýardy. O-da edil Şükür gyzyl ýaly kimiň ilki öljegi barada oýlanýardy. “Gonambaşy kim bolarka? Ilki jaýlanan adamy gonambaşy edib-ä bolmaz. Kim ölse, şo ölsün, ýöne gonambaşy laýyk biri bolsun!” diýýärdi.

14.

Hersi bir çüňkde oturyp, ýüzlerini kese sowuşyp, birsellem dymansoňlar Ýazbibi Polada garap:
-Nahar guýaýynmy? Iýjekmi? – diýdi.
-Juk. Işdäm ýok.
-Ajygansyň. Iýäý.
-Ajygamok. Bar zatdan doýdum. Doýurdyň.
Ýazbibiniň wawwaly gürrüňe dolanasy gelmedi. Dagy näme diýerini bilmän:
-Nahar-a taýyn – diýip mydyrdady.
-Men ynjalyp bilemok. Düşünýäňmi sen?
Poladyň bikararlygyny görüp-bilip oturansoň, Ýazbibi başyny atdy. Müýnli görnüşde ýuwaş ses bilen:
-Hawa, düşünýän – diýdi.
-Düşünýän bolsaň, aýt hany, näme etmeli men?
-Sen biraz rahatlan, Polat.
-Nädip rahatlanmaly şuň ýaly ýagdaýda? Rahatlanar ýaly etdiňmi meni?
Ýazbibä bir ýerden dogum ýetişdi.
-Sen maňa ynan!
-Nädip? Ä, nädip ynanmaly? Sen ynandyr meni! Nädip ynandyrsaň, şeýdip ynandyr, men ynanaýyn.
Poladyň Ýazbibä ynanasynyň gelýäni görnüp dur. Ýöne nämüçin ynanmaýarka? Nämüçin kimdir biriniň ýürekbulanç myjabatyna gulak asyp, Ýazbibi hudaýlygyny sözlände müňkürlik edýärkä?
-Sen meni ynjalar ýaly et, Ýazbibi! Eşidýäňmi?
-Eşidip otyryn.
-Eşitseň, ynjalyp bilemok men. Düşünýäňmi, ynjalyp bilemo-ok.
Ýazbibi: “Häzir bi işigaýdan aglar” diýdi. Poladyň janyýyangynly, bialaç gep urşundan heder etdi. Edil şu wagt kimem bolsa biriniň ardynjyrap gelerini, özlerini ýakymsyz ahwalatdan çykararyny isledi. Poladyň äheňi az-kem ýumşady.
-Agyzdan galan nahary iýesiň gelermi? – diýip, ol garaşylmadyk sowaly berdi.
-Agyzdan galan nahary?
-Hawa, agyzdan galan nahar? Şony iýesiň gelermi?
Ýazbibi sowala göni manysynda düşündi-de, pikirlenmän zat etmän:
-Hawa – diýdi. – Adam ajyksa her zat eder. Ajyň aňy bolýarmy näme?
Poladyň haýýaty göçdi. Ol şübhesiz özüni öňünden çykan zady ýuwundy-beýleki diýmän ýuwudyp ýören, aňy giden aç-ýalaňaja deňelen hasaplady. Ýüzi gara-ört boldy. Gany depesine urdy. Gahardan ýaňa saňňyl-saňňyl etdi. Ol nädip böküp turanynam, ylgap baryp Ýazbibiniň ýakasyndan ebşitläp tutanynam, ony ýerinden nähili galdyranynam bilmedi.
Ýazbibiniň ýüzi bir erbet agardy. Gözüne gorky indi. Boýdan-başa galpyldy basdy. Ol eýýämhaçan ysgyny gidip, titreýän elleri bilen Poladyň goşaryndan ýapyşdy. Ýakasyny sypdyrjak boldy. Arasynda:
-Polat, dur! Polat, beýtme! Polat!.. – diýip, naýynjar ýalbardy.
Polat agzyndan ak köpük saçyp, dübledi:
-Aý, akmak heleý! Men onda agyzdan galany iýip ýören ekenim-dä?! Men onda aňy giden aç ekenim-dä?!

Şu başagaýlykda Ýazbibi sesini gataldyp:
-Men näme agyzdan galan naharmy? – diýip, dili bilen garşylyk görkezdi.
-Ýuwundy sen! Siňekläp ýatan ýuwundy! Ýuwundyny bilýäňmi? – diýip, Polat dişlerini gyjyrdatdy. Onuň gazaby egsilmedi. Göwnüne bolmasa, gelniň ýüzünde “Özüň ýuwundy. Ölýänem bolsaň, ýuwundy sen. Agyzdan galan nahar iýýäniňem çyn” diýen pikir bar ýaly bolup göründi. Ol Ýazbibini dözüm bilen siltedi. Bat bilen yzly-yzyna üç gezek hütledip, onuň arkasyny diwara urdy. Jaýdar urdy. Bilinde dörän agyrynyň yzasyna çydaman, Ýazbibi hyklap, özüni aşak goýberdi. Bir eli bilen ýanbaşyny, beýleki eli bilen garnyny tutup, iňledi.
Polat “Jögülik edýär” diýdi. Ýöne soň el götermedi. Haşlady. Özüni gowuşgynsyz duýdy.
“Nädibem bolsa, muny gepden doýrany tapmaly. Ýogsa, bu goham tükenmez, Poladam köşeşmez” diýip Ýazbibi aglap otyrka pikir etdi.
Polat bolsa: “Şojagaz gelni getirip ýüzleşdirmesem bolmaz. Gerek bolsa, oň ärinem getirmeli bor. Meseläni Aý dogan ýaly etmeli” diýip oýlandy. Şondan bärde ynjalmajagyny boýnuna aldy.
Ertesi Ýazbibini bäbekhana äkitmeli boldy. Dört günden soň ol wagtyndan öň dünýä inen, agramy iki kilo töweregi tirsek ýalyjak gyz bäbejigi gundaga dolap, gujagyna alyp geldi. Ejesini ýatlap, Polat gyzjagaza Enejan diýip at goýdy. Agalarynyň maslahaty bilen Güýzmyrat agany çagyryp getirdi-de, gyzjagazyň sag gulagyna azan, çep gulagyna kamat aýtdyrdy, gulaklaryny açdyrdy.

15.

Gün guşluga galyp, bazar mazaly gyzyşan çagy Sähediň üstüne bir gara abanyp:
-Ýaşuly! Tur ýeriňden! – diýip, höküm etdi.
Sähet başyny galdyryp görse, ine, syratly ýaş polisiýa işgäri gözlerini alardyp, gahar bilen dodagyny çeýnäp dur. Onuň bazaryň gözegçi polisiýasydygyny Sähet şo bada aňdy.
-Aýak üstüne galybilýäňmi ýa senem ysmaz açdyňmy?
-Turubilýän... Häzir... Ine, turdum – diýip, Sähet ýasama hyk-çok bilen ýerinden galdy.
-Telpegiňem al... Yzyma düş! – diýip, gözegçi papagynyň gaşyny basyp, ýöräp ugrady.
Dogumy kesesinden mälim bolup duran bazarçylaryň biri:
-Gedaý bilen näme işiňiz bar-aý? Degmäň-dä. Otursyn-da. Azary ýok, bizary ýok – diýdi. Onuň äheňinde nebsiagyryjylyk hem nägilelik duýuldy.
-Söwdaňy et, söwdaňy! – diýip, polisiýa gözegçisi oňa gaharly jogap berdi.
Ol Sähedi yzyna düşürip, şäher polisiýasynyň bazardaky bölümçesiniň jaýyna girdi. Kabinetde hiç kim ýok ekeni. Gözegçi papagyny çykardy, boýunbagyny bir gapdala süýşürip, köýneginiň ýokarky iligini ýazdyrdy. Sähede oturara ýer görkezdi:
-Geç, otur şu ýerde.
Sähet geçip oturdy.
-Nähili dokumendiň bar ýanyňda? Pasport-beýleki?..
Sähet eli bilen penjeginiň gapdal jübülerini kakyşdyryp görkezdi-de:
-Dokument ýok. Hiç zat ýok – diýdi.
-Hm, bolýa ýok bolsa. Zeleli ýok, dokument esasy zat däl.
Gözegçi, mydyrdap, ähtimal, haýbat üçin bolsa gerek, eline kagyz-galam alyp, bir zatlar ýazyp oturyşyna başyny galdyrman soraga tutdy:
-Adyň?
-Sähet... Sähetmyrat.
-Tä-äk, Sä-het-my-rat... Familiýaň?
-Hakgyýew.
-Hak-gy-ýew... Ýaşaýan ýeriň?
Jogap bolmady.
Gözegçi başyny galdyryp:

-Ýaşuly! Ýaşaýan ýeriň? Nirede ýaşaýaň? – diýip sorady.
Sähet sakynyp:
-Hiç ýerde – diýdi. – Hiç ýerde-de ýaşamok. Belli bir nemäm ýok. Gabat gelen ýerde, onda-munda ýatyp-turup ýörün.
Gözegçi ony boýdan başa ünsli synlap:
-Hemişelik ýaşaýan ýeriň nire? Pasportyňda ýazgy edilendir-ä?
-Obşit.
-Haýsy obşit? Salgysy?
-Gurluşykçylaň obşidi. Ýöne ol obşitden derek galmandyr. Ýykylypdyr.
-Aslyň nireli? Obşit diýilýän ýerde göbegiň kesilen däldir-ä? Obşide gelmänkäň ýaşan ýeriň?
-Aktakyr.
-Ak-ta-kyr...
Gözegçi ýeterlik maglumatlary edinen ýaly, galamyny taşlap, kagyzy gapdala süýşürdi. Haýbat bilen:
-Meni diňle, ýaşuly! – diýdi.
-Diňleýän.
-Diňleseň, uly bazaryň ortasynda ýaňky bolup oturyşyň bolanok. Bazar gedaýçylyk edilýän ýer däl, bazar – söwda merkezi.
Sähet bilýän diýýän manyda baş atdy. Polisiýa gözegçisi beýle bir gaharjaňam däl eken.
-Haçandan bäri oturýaň? – diýip, ol äheňini ýumşadyp, gyzyklandy.
-Iki gün bäri.
-Hany, bi ogul, gyz, çaga-çuga ýokmy sende? Eklänoklarmy? Ýa sen olary ekleýäňmi?
-Ýok.
-Näme ýok?
-Çaga-çuga ýok, heleýem ýok.
Gözegçi asla geňirgenmedi, şübheli seretdi. Sähet ony haýran galdyrjak bolýan deý:
-Aga-ini, dogan-garyndaş, hossar... hiç kim ýok. Sopbaş – diýdi.
-Onda nirden çykdyň, how, sen? Asmandan indiňmi, ýerden ýeke çykdyňmy? – diýip, polisiýa gözegçisi bilesigelijilik bilen sorady.
Sähet gysgajyk gürrüň berdi. Ähli zady jikme-jik aýdyp, gepi uzaltsa, gözegçiň ýüregine düşerin öýtdi. Ýalan sözlemedi, dogrusyny aýtdy. Gürrüň berýän wagty naýynjar görünmäge çalyşdy, gyryljak sesi zaryn çykdy.
Sähediň pikiriçe, diňläp bolansoň, polisiýa gözegçisiniň ýüregine rehim inmelidi. Bazardan kowulany bilen Sähede hossar çykjak ýok. Onsoň ol dilegçilik etmän, gününi görmek üçin ogurlyga ýüz ursa, ýagşymy? Hudaý saklasyn welin, ajyň aňy ýok, aljyrasa ogurlygam küýüne gelmegi mümkin. Çola ýerde özünden ejiz birini urup talamag-a muňa başartjak zat däl. Uraýyn, talaýyn diýende hany Sähetde gurbat barmy, gaýrat galdymy? O-ol öňki Sähet ýok indi. Bolaýanda-da talaňçylykdan mydar bolmaz. Onuň yzy ýene tussaglyga ýazar. Sähet türmeden halys ýadady.
-Ýaşuly, geçmişiň ýaman garaňky seň. Ýigrimi üç ýylam bir türme bormy? Wagtynda birneme gudurapsyň-da? Ömür boýy polisiýa iş bolupsyň. Ynha, indem syrtyňy ýere goýaňsoň, ýene bize dert-alada! – diýip, gözegçi igendi.
-Maňlaýda bardyr-da. Gowy görüb-ä girmedik şo ýere.
-Dek gezmeli, ýaşuly! Mesirgäp, gaňňaňy garnyňa alsaň, mundan enaýy bolmaz. Päl azman, başa gelmez diýipdirler. Pälazan bolupsyň... Indi men näme etmeli seni? Sen şony aýt!
-Jan agam, hiç zadam etme, gaýrat et, görmedik bolaý – diýip, Sähet özünden çen bilen otuz ýaş dagy kiçi oglana “agam” diýip özelenip ýalbardy.
-Ynha, indi özüň kädiňi işledip gör. Häzir men saňa bar-da, oturyber diýsem, senem baraga-da, hiç zat bolmadyk ýaly gedaýçylyk edip ugrasaň, şo ýerde oturan bazarçylar men barada näme pikir eder? Ýonmalyjasyny ýonup, goýberipdir-ow diýmezlermi? Diýerler... Ýaşuly, men gedaýdan pul alamok.

Aýdan-diýenim bolsa berýän, ýöne alamok. Almanam. Pikir etme, gedaýyň puluna galan günüm ýok. Düşünýäňmi?
-Düşünýän, düşünýän.
-Düşünýän bolsaň... – diýip, gözegçi biraz dymdy-da, Sähediň ömürboýy oýuna gelmedik gürrüňini tapdy. – Sen garrylar öýüne git. Gara gaýgyň bokurdagyň dämi? Şo ýerde gül ýaly serederler. Haçana çen bärde beýdip oturjak?
-Wah, jan agam, oň üçin hat-petek, birgiden dokument-sokument düzetmelidir. Biri öňüňe düşmese, hat-petegiňi oňarmasa, golaýyna barar ýaly däl.
-Onyň-a bahana. Hat-petegiňem, dokumendiňem düzedip-düzetmez ýaly kyn zady ýok. Nä men düzedip berer öýdýäňmi?
-Jan agam, meni şu ýerden gozgamasana! Gaýrat et.
Gözegçi dergazap bolup, janykdy:
-Gelip-gelip, meň seredýän ýerimde oturmalymaý sen? Özem soňky döwür ýaman köpeldiňiz. Baran ýeriň itiň täreti ýaly, gedaýmy, dilegçimi, ýene görmi? Biri-biriňizden beter. Üflis birgiden... Gid-ow başga ýere. Şundan başga bazar ýokmy?
-O taýda-da özüň ýaly biri kowsa, nädeýin? Ogurlyk edemog-a, oturybereýin!
-Dogrulygam edeňok, ýaşuly!
-Men onda nemedäýeýin, size görünmänjik oturybereýin.
-O nähili görünmänjik? Nirede oturjak?
-Ine, siziň gelýäniňizi görsem, ümsüm ýerimden turaga-da, adamlara goşulyp gidiberjek.
Gözegçiň muňa gülküsi tutdy.
-Onsoň bolýarmy şol? Ýagdaý düzelýämi şoň bilen?
Sähet gara çyny bilen:
-Hawa, bolýar, düzelýär – diýdi.
-Hany, nädip düşünişjek şuň bilen?! Mal bilen gepleşeniň aňsad-a bulara gep düşündireniňden – diýip, gözegçi öz-özi bilen gepleşdi. Gaşlary çytyldy. Gaharyna birsellem sesini çykarman oturdy.
-Dogrymy aýdaýynmy, ýaşuly? Şu wagt men saňa dözmezçilik edip otyryn. Berdiň eline düşseň, seni nätjegini bilýäňmi?
Berdiň kimdigini, onuň nätjegini bilmese-de, Sähet gowulyk bolmajagyny çaklap:
-Bilýän, bilýän – diýdi.
-Bilýän bolsaň, dawaý, ugra!
Şuňa mähetdel Sähet ýerinden turdy.
-Ugrajak, ynha, ugradym – diýdi.
-Dur entek! – diýip, gözegçi ony saklady-da, elini uzadyp görkezdi. – Ho-ol, derwezäni bilýäňmi? Ana, şoň agzynda dur. Dik dur, oturma. Özem ýa ir bilen ýa-da ahyrbazar gel, başga wagt görünme! Düşdüňmi?
-Hawa, düşdüm, dogry... – diýip, Sähet mydyrdady.
-Saňa edip biljek zadym şol. Nämüçin şeýdýänimi bilýäňmi?
Sähet: “Dözmezçilik edýäniň üçin” diýjek boldy. “Birden dözüp oturybermesin şü. Gahar edip, kowaýmasyn” diýen pikir kellesine geldi-de, dymdy. Mysapyr garaýyş bilen gözegçä soragly seretdi.
-Häzir seni kowaýsam, gidersiň-de, hökman ogurlyk edersiň. Dogrumy? Däl diýip gör! Men belet size. Gyssag güne düşeňde birinji pişäň ogurlykdyr! A bärde bolsa, biminnet pul-püçek berlip durka kişiň zadyna gözüňi dikmersiň. Ýa dikermiň?
-Eger-eger... Alla gorasyn!
-Birem mesirgäp, içip, urşup-sögüşeniňi görmäýin.
Sähet:
-Bolar, urşup-sögüşmen – diýdi. Şo bada golak gedaýyň aýagyndan çalyp tutup, ýere ýykanyna ökündi. “Häk, beýleräk süýşüp, oturybermelidim” diýdi.

-Dawaý, ugra! Berdi gelmänkä ýitirim bol! – diýip, gözegçi ony gyssap, çykaryp goýberdi.
“Gowy oglan ekeni. Egni pogonlylaň içinde henize çenli şundan gowusy gabat gelmändi – diýip, Sähet pikir etdi. – Pullansam muňa bir zatjagaz alyp bersemem boljak. Gadyryny bildigim bolar. Ýöne alarmyka? Almasa gerek”.

16.

Içki dünýäsinde gopýan harasat Suraýy ber-başagaý etdi. Ol öňki alçaklygyny ýitirdi. Gaşlary çytyldy, gözleri gubarlandy, gülüp duran ýüzüne gam indi. Saralyp, soldy. Iň ýaman ýeri-de, bularyň bary kesesinden äşgär boldy. Her näçe jan etse-de, ony görer gözden ýaşyrmaga Suraýyň güýji ýetmedi.
“Gyran degen, gözüme seredip, içimdäkini okabermeli bolupdyr. Hemmesi ýüzümde ýazylgy dur” diýip, ol aýasyny eňegine diräp, aýna seredip otyrka özüne gargyndy.
Ýanyndan örüp, özi bilen bir gapydan girip-çykýan gyzynyň goýanyny-göterenini bilmän, entirekläp ýörmesi Ogulgülüň derrew gözüne ildi. Ol Suraýy yşk heseri urandyr diýip güman etdi. “Ýetişenligi görnüp dur gyrnagyň. Söýgiň humary kellesini aýlaýandyr. Kime göwün berjek bolýarka?” diýip, utançly pikirlendi. Onuň aýal synçylygy, ene syzgyrlygy gyzynyň şindiki çekýän derdine, waý halyna göz ýetirmäge ejiz geldi. “Indiki ýaşlaň kellesini söýgi aldy. Hudaýym, söýgi gursun!” diýdi.
Eýsem-de bolsa, Suraýyň haýsydyr bir oglana bolan yşgy üçin Ogulgül äri Amanýazdan gypynç etdi. Gyzynyň söýgi diýip heläk açyp ýörmesini Amanýaz halar öýdýärmiň? Halamaz. Amanýazyň kän gaýtalaýan sözi bar. “Bir-ä bergiňi bermäge, birem ölini jaýlamaga, ýene-de ýetişen gyzyňy durmuşa çykarmaga gyssanmalymyş” diýýär. Onsoň, gyssanmaçlygyny edip, alaga-da, daşyny dolap, Suraýy araky gudaçylyga gelen garyndaşlaryna berip goýbermekdenem gaýtmaz. Toba! Daş edewrsin!
Garyndaşam bolsa, Ogulgül Suraýy olara rowa görenok. Birinjiden-ä, olar kemyrsgal, guraýak. Uly ogullaryny öýerenlerinde eden bergi-çekgilerini ýaňy üzdüler. Ikinjidenem, giýew bolmaly oglan gara iş bilen onda-munda hakynatutma gezip ýören hünärsiz bir yşarat. Belli bir sübsäň başyny bogjaga meňzänok. Sada, türkana. Ne-hä syçrap duran akyl bar, ne-de basan ýerinden ot çykýan dogum bar. Ýaş oglan diýer ýaly däl. Özem garsak ýaly kelte. Onsoň Ogulgül olara neneňsi geliberiň diýsin?! Bar, küdümiň teýine gitsin, Ogulgül bolýa diýäýende Suraýy nätjek? Suraý göwnemez-ä!
Giýew diýeniň syratly-sypatly, ýaraşykly bolaýsa! Ertirki gün maşgalasynyň gününi gök esgä düwmez ýaly, hor-har saklamaz ýaly, aýlykly-günlükli hünäri ele alsa, guda boljak ýerem güni özünden aýlanyp duran rysgally, döwletli ýerler bolsa, eýse, erbetmi?
Ogulgül kän pikirlenip, soňky günler gyzyna ne döw çalanyny, garasaý, anyklamak üçin Suraý bilen ikiçäk otyrka şu wawwaly meseläni gozgady.
-Suraý jan, Ilmyrady öýermänkäk, asyl entek hiç kime söz aýdyp ýetişmänkäk seň üçin eli saçakly gelýän bar. Akmyrat daýyň soraýa seni. Näme nemäň bolsa, ilki özüňi bir diňläýin diýdim, sala salman edilýän zat däl-dä bi – diýip, gürrüňi aňyrdan aýlap başlady.
Iru-giç öňüňde keserjek mesele şü! Zorluk edýän ýok. Seniň ykbalyňy özüňden bidin çözenoklar. Saňa sala salýarlar. Ejeň iki gulagy sende. Diňläp otyr. Aýdyber!
Ýöne nädip aýtsyn? “Şalary halaýan” diýib-ä bilmez. Diýse, Ogulgülüň ör-gökden gelip, ýakasyny tutjagy köre hasa. “Türmede oturan galtamanyň nämesini haladyň? Şondan başga erkek göbekli tohumy tükendimi?” diýip, düblejegi ikuçsyz. Ejesi entek Suraýyň goýberen säwliginden bihabar, onuň buýsanjyna Şalaryň talaň salyp gidendigini bilenok. Şoň üçin gyzynyň içki hesretine häzir Ogulgülüň düşünjek gümany ýok.
-Aýt-da bir zat. Näme etmeli? – diýip, Ogulgül gyssady.
Suraý gyzaryp, gysgajyk:
-Akmyrat daýymlara göwnämok – diýdi.
-Menem göwnämok. Göwnär ýaly ýermi olar? Itseň ýykyljak bolup duran tüneklerinde düşenere ibaly düşekleri ýok. Haçan görseň, ite bir süýek bergili. Başga gapydan ýüz tapmansoň, bärik garyndaşsyrap gelýändigini bilipjik durun welin... Düşünseler, indi köwlenmez ýaly edip goýberdim. Heý, köwlenmän

oňar öýdýäňmi? Ynha, seret-de dur, ertir ýa birigün it ýylgyryşyny edip, gelmese, meň zat bilmedigim. Kakaň-a parhyna-da däl, erteki gün gyzy aglap-eňrejekmi, kösenjekmi, göwni bir ýaly. Ikarada ýigrenji görünmelem men. Ýeri, men indi näme diýeýin olara?
Suraý sesini çykarmady, egnini gysdy.
Ogulgül çak edýän zadyny her hal gyzynyň öz agzyndan eşitmek niýeti bilen:
-Halaşýany bar ekeni diýäýeýinmi? – diýip, ýeser sorag berdi.
-Ilmyrady bahana edäý – diýip, Suraý utanjyrap, pessaý ses bilen özüçe çykalga salgy berdi.
-On-a men şo günem diýdim. Diýeniňi diňleýän eşekmi olar?! Oýkanjyraşyp otyrlar-a. Ýa neme diýsem, näder, sypaýyçylyk bilen başga birine garaşýas diýäýsem, ä?
-Bilmedim men-ä – diýip, Suraý anyk jogap bermedi.
“Sen bilmeseň, men bilýän. Kimem bolsa bir-ä seň göwnüňi awlapdyr” diýip, Ogulgül oýa batdy. Birazdan gyzyna köpmanyly garap:
-Halaşýany bar diýsem, bu-uww, kakaň-a guduz açar. Gowusy, olar ýaly zady agzamaýyn. Ä-äý, juda bolmasa, ýene Ilmyrady tutaryk edinerin-dä – diýdi.
“Şeýt, eje, gaýrat et. Şalar boşap gelýänçä hiç kimiň saçagyny açma!” diýip, Suraý içinden özelendi. Indi şü Şalar basymrak boşap geläýse! Gelip, Suraýy başa düşen musallatdan dyndaraýsa! Suraý görgüli dilden-agyzdan galdy, huk boldy. Bu surnukdyryjy jebri-jepalardan gutaryp biljek diňe Şalar! Elbetde, Şalaryňam derdi egsik däldir, emma ol Suraýy bir pursat hem unudyp bilmez. Şalar gaýgy edýändir, hasrat çekýändir, Suraýa ýetäýsem diýip ýüregi atygsaýandyr. Ýöne nätjek, ozalebetinde şum täleýiň türmä baglanan bolsa, etjek alajyň ýok, çekmeli-dä. Biraz sabyr et, Şalar! Ynha, öňümizdäki Gadyr gijesinde tussaglaryň günäsi geçiljekmiş, seňem günäň geçiler. Gaýrat et, Şalar! Ine, Suraýam gaýrat edip otyr-a!
Suraý aýňalyp, başyny göterdi.
-Eje! – diýdi.
Ogulgülem çuňňur hyýala çümen eken. Ol juda ähmiýetli bir gürrüňe garaşyp, dikeldi. Bilesigeliji garaýyş bilen sessiz sorag berdi: “Näme?”
-Oraza haçan başlanýar-a?
-Orazamy? – diýip, Ogulgül hakydasyny dörüşdirip, derrew ýadyna saldy. – Oraza çenli bäş-alty aý dagy bardyr.
“Azam däl – diýip, Suraý gussa bilen içini gepletdi. – Sawçy gelmän dursa, känem däl.”
Daýylarynyň hokgasy öňüne oklanany bilen bu gapa sawçy gelmän oňmaz. Suraý kimleriň eli saçakly gelip biljekdiklerini garasöýmezlik bilen hyýalyna getirjek boldy. Göz öňünde anyk adamlaryň keşbi janlanmady. “Kim gelse-de, şo bir jogaby bermeli” diýdi.
Gyzyna Oraza aýynyň nämüçin derkardygyna Ogulgül teý düşünip bilmedi. “Agzyny beklejekmikä bi gyrnak?” diýip, pikir etdi.

17.

Amanýaz saňsar oragyny dişetmek üçin Çary ussanyň ýanyna gitdi. Ol Çary ussa bilen “Ussa ber-de, eliňi çek...” diýen sözüň üstünde bimany jedel edip otyrka aňyrdan salam berip, egni pilli Öwezberdi gabyrman geldi. Gabyrmanyň piliniň gumhanasynda bir lykyrdyjyk peýda bolupdyr-da, ol şony bejertmek üçin ussanyň ýanyna sowlan ekeni.
-Gorkup oturma, how, ussa aga, bi mellek işlämde ulanýan pilim. Gör gazýan pilimi diňe biri ölen wagty işledýän. Ol gurat. Hudaýa şükür, bu günler ölüm-ýitim ýok – diýip, ol gelşine pilinden gözüni aýyrman oturan Çary ussa ýarym degişme bilen gep atdy.
-Ölüm-ýitim bolmawersin! Ölüm-ýitim bolmasa gowy-da – diýip, ussa ýürek islegini daşyna çykardy.
Amanýaz bada-bat:
-Ölüm-ýitim bolmasa gowy ýalydyr. Ýöne hiç kim ölmese, bilýäňmi, soňunyň nähili boljagyny? Meselem, ylym-bilim ösüp, adam ölmän, baky ýaşar ýaly derejä ýetse... Göz öňüňe gelýämi, ýene otuz-

kyrk ýyldan adam çagasy dünýäň ýüzüne sygmaz. Ekin ekmäge-de, mal bakmaga-da ýer galmaz. Suwam ýetmez, iýmitem. Adam köpeldigiçe dünýäň bujurygy artar. Otuz-kyrk ýylda diňe Aktakyrdan ölen adamlary göz öňüne getirip gör. Dünýäde näçe milliard adam bar, bilýäňmi? Bular ölmän, köpelip gidip otursa, Ýer şary ekläp biler öýdýäňmi? Ekläp bilmez! – diýip, pelsepe otaryp ugrady. Onsoň ussa bilen gabyrmandan garşylyklaýyn bir gürrüňe garaşyp, taýly gezek olaryň ýüzüne seretdi. Çary ussanyň bular ýaly meselede Amanýaz saňsar bilen döwdeş bolardan ylmy pes. Onsoň ol bialaç “Hym-m” edip dymdy. Öwezberdi gabyrman üçin bolsa bular ýaly pelsepeli gürrüňleriň bary bir aşyk. Ýer şarynyň adamlary ekläp biljeginiň ýa bilmejeginiň aladasyny etmegi özüne asla borç saýmaýandygy üçin ol:
-Dagy-dugyň-a bilemok welin, inim Amanýaz, täze öwlüýäde bir gabyr gazanyňdan “Ýylgynlyda” ikini gazanyň aňsat eken – diýip, gürrüňi başga meselä syrykdyrdy.
-O nämüçin? – diýip Amanýaz sorady.
Çary ussa bolsa eýýämhaçan kimdir biri ölüp, özi-de ondan bihabar galan ýaly, gözlerini tegeläp geňirgendi.
-Sen eýýäm gazyp gördüňmi? Kim öldi? – diýip, ol gyzyklandy.
Öwezberdi:
-Hiç kimem ölenok – diýip parahat jogap berdi-de, pilini dözüm bilen ýere urup görkezdi. – Men barlap gördüm. Ýer gaty. Edil demir ýaly. Kerki uraýmasaň, pile eýgertjek gümany ýok.
-Beh, ýer ala, ýurt ala... – diýip, ussa pikire çümdi. Şol wagt ol Amanýazyň gözüne Öwezberdi üçin çyny bilen bir çykalga agtarýan dertdeş adam ýaly bolup göründi.
-Esasanam aýal-ebtadyň görüni gazmak hunaba ýuwutdyr. Sebäbi olaň görüni erkek adamyňkydan bir gez çuň gazmaly – diýip, gabyrman dowam etdi.
-Şoň sebäbi nämekä? Aýal-erkek diýip tapawut goýman, deň gazylsa näme bolýar? – diýip, Amanýaz gyzyklandy.
Gabyr gazyp ýörenem bolsa, Öwezberdi bu barada pikirlenmedik bolarly.
-Öňden gelýän düzgün-dä, Hudaý bilsin! – diýip ol jogap berdi.
-Diňe Hudaý däl, bizem bilmeli ony. Öňden gelýänem bolsa, hökman aňyrsynda bir sebäp ýatandyr. Alaga-da, sebäpsiz beýdäýen däldirler.
-Wah, Amanýaz jan, inim, o zatlary ilik-düwme eder ýaly, hany, seňki ýaly boş el barmy bu adamlarda?!
-Bilip goýsaň, gowy-da. Men pikir edýän, aýalyň erkek adamdan süňňi pes diýýärler. Şondan görýän.
-Adamyň Jennetden kowulmagyna sebäp bolan How ene! Şoň üçin aýallara berlen jeza! – diýip, Çary ussa öz pikirini aýtdy.
Gürrüňiň ugry üýtgär öýdüp, Amanýaz gyssandy, derrew garşylyklaýyn hüjüme geçdi:
-Sen ony anyk bilýäňmi ýa çaklap urýaň? – diýip ol ussadan sorady.
-Çaklap urýan.
-Çaklap ursaň, ýalňyş şo. Sebäbimi? Sebäbi Adam ataň Jennetden kowulmagyna soňky aýallar günäkär däl. Eýse, ata-babaň eden işi üçin saňa temmi berseler, adalatlymy?
Çary ussa pikirlenip jogap berdi:
-Edil kakam pahyryň etmişi üçin-ä temmi berseler, men kaýyl, eger bir etmişi bar bolsa.
-Ussam, gara gözüňe döneýin, sen düşün-ä, men mysal üçin aýdýan. How enäň iýen bugdaýy üçin galyň uzyn etekliň ählisini biraýakdan pesde gömseň, dogry däl-ä.
-Başga sebäbi bardyr – diýip, Öwezberdi geçmişi ýatlady. – Maňa jaý gazmagy Kömek aga pahyr öwretdi. Aýallaň bir gez çuňda jaýlanmalydygynam şol aýtdy. Anyk ýadyma düşenok welin, aýallar gybat tapsa, nan iýmesinem goýýar diýdi öýdýän. Ýene-de heleý halky pitneçi bolýa diýen ýaly bir zad-a diýipdi.
Amanýaz oýlanmazdan-zat etmezden garşy çykdy:
-Aýallaň gybat etmeýänlerem bardyr. Onsoňam hemmesi pitneçi däldir-ä. Heleýçe ýok erkeklerem-ä

bar. Nämüçin olary aşakda gömäýenoklar?
Öwezberdi bu kyn sowala näme jogap berjegini bilmän, ýaýdanyp durka Çary ussa:
-Aslynda şü heleýleň bir depik aşakda gömülmegi nämäni aňladýar? Olaň erbetliginimi ýa gowulygyny? Şony bir anyk aýgyt edip bilýäňizmi? – diýip garaşylmadyk gürrüň tapdy.
-Äý, özi manysyz zatlar. Biz-ä öňden gelýän düzgün ýitmesin diýip parh goýýas. Häzire çenl-ä bir depik-ýarym depik artyk gazanymyz bildirip duranokdy. "Ýylgynly" zeýli-suwly bolmasa-da, topragy ýumşak. Ýüzüniň gaty gatlagyny alybilseň, aşagy oňuşmazça däl, çägesöw. Ýöne, ynha indi täze öwlüýäden jaý gazjak bolamyzda birneme iş berer. Bir gez çuň bolsa-da, aýal-ebtadyň gabrynyň kösejegi görnüp duran zat. Gazýanyň gabyr bolsa, toýunsow ýer bilek bilen bil saýlaýandyr öz-ä. Şona magat bilýän – diýip, Öwezberdi aýlap-dolap, ýene-de hälki ýaýdanjyny ýanjady.
-Gaýrat ediň, Öwezberdi, gaýrat ediň! Sogaby gaty uludyr – diýip, Çary ussa çalarak mydyrdady. Amanýazyň öňki gürrüňi dowam etdiresi geldi.
-Diýmek, sen onda aýal-erkek diýmän, hemmesini bir çuňlukda gazmagyň tarapdary-da? Şeýlemi? – diýip ol gabyrmana sorag berdi.
Öwezberdiniň bu barada öz pikiri ýok ekeni. Şoň üçin ol sowala kesgitli jogap bermekden boýun gaçyrdy.
-Maňa tapawudy ýok, gaz diýseler gazýan, göm diýseler gömýän. Adamyň nämeden ýalkanjygy belli dälmiş. Dagy başga-da bir opuryp-ýapyryp edip ýören ugurly işimiz bolmansoň, görmançylygy elimiziň-gözümiziň haýyr-sogaby diýip edýäs. Belki, bizem ýalkanlarynyň içinde etsin-dä! – diýip, ol ýene-de gürrüňi üýtgetjek boldy.
Amanýaz:
-Könekileň eden işiniň çig ýeri ýok. Şü heleýleň gabryndaky tapawudyň ýöne ýere däldigini bilipjik durun. Ýöne sebäbini bilemzok – diýip, ol bir zatlary ýadyna salmak üçin ýeňsesini gaşady.
Bularyň bu gürrüňlerini Çary ussanyň biş-düş edip ýören aýaly hem eşidip duran eken. Ol gap-gaçlaryny şakyrdadyp:
-Işini tükeden diýerler size. Indi buýanky işleriň hemmesi düzelip, aýal pahyrlaň göri galdymy? – diýip, igendi.
Amanýaz bilen Öwezberdi üşerilişip, göz gytagy bilen ses gelen tarapa äňetdiler. Şonda olar ussanyň siltenjiräp, jaýa ýumlugyp barýan aýalyny çalarak görüp ýetişdiler.
-Hany, hany, aşhanaň bilen bol! – diýip, Çary ussa bogazyna bat berip gatyrgandy.
Ussanyň juda ýasama sese öwrülip çykan haýbatyny aýalynyň eşidenligine şübhesi ýetik bolup, Amanýaz dile getiräýmeli sözleri bialaç ýuwutdy. Hiç kimden ses çykmady. Ýakymsyz ümsümligi bozmak üçin Çary ussa çekijini eline alyp, sannalyň üstüne egildi-de, oragyň ýüzüni taplap ugrady. Amanýaz bilen Öwezberdem dagy edere iş, geplemäge gep tapman, dymyşyp, gözleri bilen ussaň elini yzarlap başladylar.
Wagtyň şular ýaly oňaýsyz ötüp duran pursatlarynyň birinde köçe tarapdan:
-Gelneje-e! – diýen oglan sesi eşidildi.
-Gelnejeňi nädersiň? – diýip, aňyrdan ussanyň aýaly entek köşeşmedik gaharyny azm bilen köçä garşy gönükdirdi.
-Gelneje! Amanýaz barmy? – diýip, oglan şo duran ýerinden gygyryp sorady.
Ussanyň aýaly gatyrgandy:
-Amanýazyň göbegini kesipmidiň? Ýa deň-duşuňmy ol? Amanýaz kaka diýäýeňde diliňe gurt düşýärmi?
-Amanýaz kakamyň gölesi boşanypdyr. Derrewjik gelsin diýýärler.
-Kim diýýän bolsa, bar-da, aýt, Amanýazyň işi kän diý. Şu wagt gaty zerur maslahat edýärler, aýallaň görüni birýaňalak etmän baryp bilenok diý – diýip, ussanyň aýaly gyşaryldy.
Elbetde, bular ýaly kinaýa-teýenä oglanyň düşünjek gümany ýok. Şoň üçin ol şo bir gürrüňi ikilenç gaýtalady:

-Gölesi boşanypdyr. Ýaman çalt gelsin diýýärler.
Amanýaz ýaltalyk bilen ýerinden turdy-da, esasan Çary ussanyň ýüzüne seredip:
-Göle däldir – diýdi. – Göle nämüçin boşansyn?! Sygyrdyr ol. Düýnden bäri sesinden durar ýaly däl, buka gelýär. Şükür gyzylyň öküzine äkitmeli welin... Äkitmelem, ine, men-dä... Ussa aga, sen oragy dişäp goýuber, men soňrak oglan iberäýerin.
Çary ussa müýnürgäp:
-Häk, şü heleýiň dilini gömeýinden sogrup taşlasaň-da! – diýip, gaharly käýinjiredi.
Amanýaz gidensoň, Öwezberdi, ähtimal, başga edere gürrüň tapman, belki-de, ussanyň gaharyny ýatyrmak üçin ýuwaş ses bilen burnuna salyp:
-Ýaňky saňsaram ýaman kän gepleýär. Gitdigiçe köpbilmişligi artýar – diýdi.
Şu ýerde Çary ussa dikelip: “Adamyň ýeňsesinden gürrüňini etme, başarsaň, patladyp ýüzüne diý. Munyň gybat bolýar, Öwezberdi!” diýip bilmedi. Gaýtam gabyrmanyň ugrundan gopdy, gürrüňine at goşdy.
-Özem hemme zadyň arasynda. Başyny sokmaýan gürrüňi ýok – diýdi.

18.

Ýazbibi iňňildäp, gymyldap, sokjap-sokjap emip ýatan, mürşüjek, gyzylja ýüzli, janlyja zatda gudrat görýärdi. Ol ilkinji perzende bolan gyzgyn mähriň öň başyndan geçmedik täsin bir hyjuwy bilen bäbegi söýgüläp başlady. Poladyň edişi ýaly bäbegiň jynsyna garap durmady, küýi-köçesi, pikiri-duýgysy gyzjagaza geçdi. Ýogsa, onuň özem oglan bäbejige garaşýardy. Arada uly eltisi Şeker gelip: “Gyýw, ýaman hor-la sen. Iýýäňmi bir zatlar? Bokurdagyňa bir seretgin. Ýüzüňem ýakal-ýakal. Besse-besse. Garalypsyň. Häý-ý, diýseň, diýmeseň, baýarmykaň diýýän. Ogul dogurjagyň ýüzi däl-ä ýüzüň. Gör-de, duruber! Gyzyň bolar, baýarsyňyz” diýeninde-de ondan öler ýaly gaty görüpdi. Ynanmandy. “Göwün islegini aýdýar. Oglum däl-de, gyzym bolsa gowy görjek bi. Şoň üçin şeýdýär. Nesip bolsa, oglum bolar, top ýalyjak, akja!” diýipdi. Arzuw edipdi. Häzir ol Şekeriň çakynyň dogry çykanlygyna gyýylyp durmady. “O tula köp bilýä, ýüzüňe seredip, içiňdäkiň kimdigini aýdyp otyr” diýdi.
Eltileri Ýazbibiň daşyny galladylar. Öň bilýänligine garamazdan, gundamany, arlyk çalyşmany, sallançaga salyp, ýanap emdirmäni öwretdiler. Göz degmez ýaly sallançagyna ony-muny dakyşdyr diýip tabşyrdylar. Gulajygy agyryp azar berse, süýt damdyr, emi-ýomy şo bor diýip sargyt etdiler. Ýatmasa, diňmese, allalaber, hüwdüleseň ýatar diýdiler.
Ýazbibi hüwdini iki aý mundan öň öwrenip goýupdy. Ondan öňem bilmeýän zady däldi. Birmahallar ejesiniň jigilerini sallançaga salanda aýdýan hüwdileri ýadyndady. Basym dünýä inmeli perzendi üçin olaryň içinden iň oňatlaryny saýlap-seçýärdi. Ýeke wagty ýygy-ýygydan sesini barlap görmek üçin hüwdä hiňlenerdi.

Allan-allan apaýyn,
Üstüňe mahmal ýapaýyn,
Begres, mahmal üşetse,
Ýüpek ýorgan ýapaýyn.
Huwwa, huw.

Sen-sen meniň geregim,
Üzülmeýän ýüregim,
Süňk içinde ýiligim,
Suw içinde sülügim.
Huwwa, huw!

Bir gün, göwresindäki çaga jan giren döwürleri hüwdä hiňlenip, labzyny barlap otyrka Näzik ejäniň geleninem görmedi. Ol gapydan giräýen ýerinde diňşirgenip biraz duransoň, geňirgenme bilen:
-Ýazbibi, aýu, Ýazbibi! – diýip, özüniň gelenini bildirdi.
Gapyl galan Ýazbibi çym-gyzyl boldy.
Näzik eje duzmy, burçmy diläp, möhümini aýdansoň:
-Menem ilki-ilkiler gelin bolup geläýen wagtlam hüwdi öwrenjek bolup, baý, iş edinendirin-ä – diýdi. – Arasynda uly eltimiň bäbegini allalaýardym. Ýöne özüňkini eliňe alaňsoň üýtgeşik bolýar. Hüwdini dagyn asyl özüň düzüberer ekeniň.
Kim bilýä, çynmy, ýalanmy, Ýazbibini utandyrmazlyk üçin diýen bolmagy-da mümkin.
Ynha, indi şol arzuwyň hasyl boldy. Ilkinji bäbegiň eliňde. Öň diňlejek ýokdy, geňlän bardy, indi diňlejek bar, geňlejek bolmaz. Näçe hüwdiň bolsa, aýdyber, Ýazbibi! Bagt hakda-da aýdyma hiňleniber, Ýazbibi! Bagtam daşda däl ýaly. Diňe Poladyň kalbyna giňlik aralaşsa bolýar.

* * *

Poladam guljagaz taparys öýdüp garaşýardy. Ýöne gyz bäbejige-de darygyp durmady. Ejesini ýatlady. Entek başlary ýaş. Ýol uzak. Oglan bäbejikleri hem bolar. Oňa-da kakasynyň adyny goýmaly bolar. Bu zatlar entek öňde.
Häzir onuň aňynda ýene-de Jumadurdyly gürrüň at salyp ugrady. Otursa, kese ýykdy, tursa, synyndan çekdi. Ähli zatdan sowatdy. Ýüzi agraldy. Gözüne argyn gam indi. Bäbekhanadan getirilen güni gyzjagazyna-da ýasama ýylgyryş bilen höwessiz garady. Üstesine-de bu zatlary kesesinden bildirmejek bolup, dert-azara galdy. Kösendi. Içine saldy.
Oturyp-oturyp, ol Jumadurda-da gaýybana ite diýmezini diýdi. Tanamaýanam bolsa, henize çenli bir gezek görmedigem bolsa, ony duşman okundy, hyýalynda näbelli bir keşbi göz öňüne getirip, oňa Jumadurdy diýip at berdi, onuň bilen uruş etdi. Ýok, uruş etmedi, aman-zamanyny bermän, ony essi aýylýança ýençdi. Soň onuň üçin agyrdan agyr ölüm jezasyny gözledi. Ölüme höküm etmezinden öň: “Ine, deýýus, haramzada, ölmänkäň görüp git, seňem aýalyň çermegine gaýym däl, öňýeten bilen dünýäň keýpi-sapasyny paýlaşýar, haramlyk edýär” diýip, Jumadurdynyň dogumly, goýungöz gelninden ýurtýykan loly ýasady. Soňundanam öz-özüne: “Ýok, bu namartlyk bolýar, gelni bilen näme işiň bar? Näme etseň, özüne et” diýip öwüt berdi. Onsoň hyýalynda Jumadurdy bilen täzeden döwüş etdi. Nämüçindir her gezek onuň keşbini göz öňüne getiren wagty işdeşi Akmämmet ýadyna düşdi. Munuň sebäbi hökmünde Polat: “Akmämmedem Jumadurdyň taýy” diýip, öz ýanyndan netije çykardy.
Akmämmediňem tüýsi bozuk. Gözi iliň heleýinde. Del uzyn etekli görse, süňňüni saklap bilenok. Görmegeý zenan bolup gözüne ildigiň hökman bir ýuwan gürrüň tapar. Iň erbet ýerem, tapan puluny ýeňles zenanlara harç edýär. Teleke iş edýändirin öýdenok. Erkek kişileriň hemmesi şeýle bolmalydyr diýen düşünjä uýýar.
Bir gezek Poladyň ýigrimi bäş ýaşap, henize-bu güne çenli del etek galdyryp görmändigini eşidende, Akmämmet kes-kelläm ynanmady. Gözlerini gyrpyjykladyp, Polada boýdan-başa şübheli seretdi.
-Ynanamok. Birinji gezek eşidýän. Beýle bolmaga haky ýok.
-O nämüçin haky ýog-aý? Ine, haky bolsa, bolmasa, men şeýle. Iliň heleýi azaryma däl. Öýlenmäkämem netimi bozan däldirin. Öýlenemsoň-a asylam.
Akmämmet gara çyny bilen:
-Subut et, Polat, subut etmeseň, ynanman. Hiç kimem ynanmaz. Boljak zady aýdaňog-a sen – diýdi.
-Subudam etjek däl, ynandyrjagam boljak däl. Nätseň, şeýt – diýip şol gezek Polat gaharly jogap beripdi.
Şol gezek Akmämmediň oňa ynanmadyk bolmagy-da mümkin. Ýöne bardy-geldi ynanaýan bolsa, Polady hiç bir zadyň alnyndan bolmadyk, dünýäň aýşy-eşretinden mahrum, emelsiz, gyz-geliniň sapaly gujagynyň hözirinden binesip, gezip ýören bir san hasap etjegi belli zat. Akmämmet nähili pikir

edende-de Polada bildirýän ýeri ýok. Goý, ol näme diýse, şony diýsin! Onuň üçin Poladyň päkligine gara sürtüljek gümany ýok. “Özüňe degişli däl zada el urubermek bolmaz. Hapalanarsyň” diýen ynanç henize çenli mizemändi, onuň arassalygyna gara tegmil degrip bilmändi.
Ýazbibiniň Jumadurdy bilen baş goşup biljekdigi baradaky pikirlere meçew berip ýören Melgun ahyry amatly pursady goldan bermedi, Poladyň şol ynanjynyň kastyna çykdy. “Ar al! Al aryňy! Köýdürme!” diýdi. Nädip ar almalydygynyň ýoluny salgy berdi. “Hanha, Akmämmet bar. Bar şoň ýanyna. Tapyp ber diýseň, ýükürgener öýdýäňmi? Bar. Ýüregiňi buz ýaly et. Keýpden çyk. Sür. Aryňy al!” diýdi. Polat ýaýdanmady. Oslagsyz peýda bolan ar almak hyýaly ony Akmämmediň ýanyna eltdi. Islegini beýan etdi. Niýetini beýlekilerden ýaşyrmak üçin pessaý gürledi.
Akmämmet oňa ýene şübheli seredip:
-Çynyňm-ow, ýa senem adam oýnajak bolýaňmy? – diýdi.
-Çynym, çynym.
-Hany, bi sen mundan öň ýaman arassadyň-la? Etegimde namaz okabermelidir diýen ýaly edýädiň-ä?
-Hawa welin, täzelikde köpeldik-dä. Ýagdaýy özüň bilýäň. Ýaňy dogran heleýiň ýanyna baryp bolaýýarmy?
-Hä, hawa, siz köpelensiňiz-ow, dogry. Nememi, şu günmi?
-Hawa, şu gün. Işden soň. Hiç kim bilmesin ýöne. Diliňe berk bol. Senden-ä geň görmezler welin, biläýseler, menden aýyp-syn etjek kändir.
-Ýasy ýanyň ýerde bolsun!
Hakykatdan hem Akmämmediň ýanynda bular ýaly işiň müşgili ýok eken. Ol telefonyny çykardy-da, kimdir biri bilen iki agyz gürleşip, meseläni şo bada çözdi oturyberdi.
Işden soň gitdiler. Bagyň içindäki kafe bardylar. Akmämmet iki sany gelin çagyran ekeni. Olaram uzak garaşdyrman geldiler. Dört bolup, stoluň başyna geçdiler. Bular ýaly meýlisi günde-günaşa görüp ýören Akmämmet degişme bilen gelişdirip, beýemçilik etdi, biri-biri bilen tanyşdyrdy. “Ýanyňdaky uzyn boýly gelni saňa niýetländirin” diýen manyda Polada üm berdi.
Uzyn boýly gelinem, öňden öwredilip goýlan bolara çemeli, ýat ýataga düşen mal ýaly ýadyrgap, aljyrap, otluçöp çeýnäp, bir elini jübüsine sokup, beýleki eli bilen ýeňsesini gaşap, äm-säm bolup duran Poladyň edil gapdaljygyna baryp gondy. Gülümsiredi. Näz bilen towlanjyrady. Poladyň göwnüni awlamak üçin, onda nähilidir bir duýgulary oýarmak üçin her dürli bezm etdi. Bälçiredi.
Polat päkize gelin görjekdi. O diýeni bolmady. Akmämmediň çagyran gelinleriniň ikisiniňem sypaty-syraty daşyndan göräýmäge hiç neneňem däl welin, olaryň gepi-gürrüňi, özlerini alyp baryşlary turuwbaşdan Poladyň göwnüne oturmady. Ilki bilen kellesine: “Beh, bulaň öýi-öwzary, äri, çagalary, ene-atasy, dogany-zady ýokmuka? Ýa bularam ar almaga çykanlarmyka? Ärden ýanýan azmy? Ine, sen heleýiň tütünsiz oduna ýanyp, ne günlere düşüp ýörsüň?” diýen pikir geldi.
Bir-birine duzsuz gep atyşyp, nakys-nakys gülküleri bilen bular derrew Polady ýadatdylar. Esasanam boýy kelte, tyňkyja gelniň suwjuk gürläp, Akmämmedi gujaklap oturyşy, aýal adama gelişmeýän ýeňles hereketleri, üstesine-de ýylan ýaly owsun atyp, haýasyzlyk hem nebsewürlik bilen özüne gyýa-gyýa bakmasy teý maňzyna batmady. Arak-şeraba meýillidiklerini bilensoň-a, Polat olary birazajyk ýigrendem. “Bular ärden ýanan däl-de, ärini ýakan haramy! Başga zat däl” diýdi. Kesesinden seredeniňde allanäme bolup görünýän bu gelinleriň şu güne çenli pylança deryaň suwuny içip, ýene şonça güzere inmäge häzirdikleri barada pikir edende işdäsi tutuldy. Asyl şular ýaly hapysa durmuşdan hözir gözleýän çermeksizler bilen bir saçagyň başynda oturany üçin özüni ýazgardy. Ýene-de agyzdan galan nahar ýadyna düşdi.
Şu ýerde şular ýaly pes adamlar bilen oturmak, iýip-içmek, keýpi-sapa etmek isleginiň bireýýäm zym-zyýat bolanyny bilse-de, Polat turup gaýdybermegiň ebeteýini tapmady. Şol ikarada-da Melgunmy, kimmi, bir-ä: “Indi giç. Indi tursaň, masgara borsuň. Otur gömül-de!” diýip pyşyrdady. “Bolýa oturaýyn – diýip, Polat bialaç netijä geldi. – Ýöne hapa bulaşmaly däl. Jähenneme gitsin, pul sorasalar, ýüzüňi çytma, ber, ýöne keşdiň çekmeýän zady dadyjy bolma! Agyzdan galan tagama meýil

etme! Agyzdan galan nahary, goý, Akmämmet iýsin! Akmämmet horan. Akmämmediň mädesi iri. Sen mundan öňem hapa suwa ýuwunyp ýören däldiň. Arassa bol, Polat, arassa!”
Ol bu ýere gelmesiniň asyl sebäbini ýada saldy. Ar alyş! Heý, şundanam bir ar alyş bormy? Heý, şular ýalam bir gürrüň bormy? Kimden ar aljak bolýaň? Ýazbibidenmi? Ýeri, onsoň Ýazbibiň ýanyna baryp: “Şeýle-şeýle işler etdim, aýşy-eşret bilen keýp çekdim, göwün solpymdan çykdym, senden arymy aldym” diýjekmi? Ýok-la, ýok, beýle diýip bolmaz-a. Ol bu zatlary aýdyp, Ýazbibini odukdyrmak üçin etjek bolanog-a. Ýazbibä aýtsaň, bulaşar, bujurygy artar. Onda nähili ar alyş bolýar bi? Ar alyş däl-de, akylsyzlyk bolaýmasyn? Bar, küdümiň teýine gitsin, ar alyş diý-de, hasaplaý, ýeri, şondan soň ynjalarmyň sen? Hiç zat bolmadyk ýaly gezip bilermiň? Jumadurdyly gürrüňi unudyp bilermiň? Polat “Unudyp bilmerin” diýdi. Ýanynda oturan uzyn boýly gelniň gujagyndan kanagat tapmajagyna düşündi. Nädibem bolsa, arassalygyna magat göz ýetirýänçä Ýazbibini bagyşlap bilmejegini, şol sebäpli böwründäki sanjynyň, köňlündäki ünjüniň ýom-ýok bolup gitmejegini, egsilmejegini, ynjalmajagyny boýun aldy. Şu ajy hakykat onuň hesretini artdyrdy.
Poladyň keýpsizligini, meýlise garyşyp-gatyşyp gidibermeýändigini ilki bilen Akmämmet aňdy. Ol ýasama şohluk bilen:
-Şol çekinjeňligiň-aý. Hany, ýüzüňi açsana! Nädýäň-aý, Polat? Beýtm-ä! – diýdi.
Gelinlerem Polady gürletmäge ilgezik boldular. Uzyn boýly gelin:
-Utanjaňrak öýdýän. Bolmasa, dili açylyşar ýaly, elli gramjyk içäýmeli eken – diýip, bulgur uzatdy.
Polat siňekden goranýan ýaly, iki elini daldaladyp:
-Ýo-ok, içemog-a men, içemok – diýdi.
-Onda bir zatlar gürrüň ber-dä. Degişmejik aýt, gelinleri güldür – diýip, Akmämmet Poladyň başarmajak zadyny aýtdy. Birdenem bir zat ýadyna düşüp:
-Oh! – diýdi. – Arada Annaberdi agany nädip tok urduranyňy aýtsana! Ha-ha-ha!
Başga wagt bolanlygynda aýtsa, aýdardam welin, häzir Poladyň gürrüň bilen, gülki bilen seri ýokdy. Bu zatlary Akmämmediň özi oňaryşdyrybermeli welin...
Polady çykgynsyz pursatdan telefony alyp çykdy. Ol daş çykyp gürleşdi. Agasy kiçiräk bir iş bien jaň edýän ekeni. Gürleşip bolandan soň Polat agasyndan gelen jaňy kyn ýagdaýdan gutulmak üçin bahana öwürdi. Çytyk ýüzüni öňküden-de beter eňşetdi. Aljyraňňy, galagoply görünmäge çalyşdy. Aňyrdan çalt-çalt ýöräp gelşine:
-Akmämmet! – diýdi.
Sesi çak edişindenem beterräk çykan bolmaly, Akmämmet allaniçigsi bolup, tasap gelýän Polady dikarynlady.
-Akmämmet! Siz oturyberiň. Men gitmesem, bolanok. Jaň etdiler.
Akmämmet:
-Beh, eýgilikmi özi? – diýdi. Onuň Polada şek-şübhesiz ynananlygy görünip dur.
-Eýgilik däl öýdýän. Bilmedim. Gaty gyssagly ýet diýdiler.
-Be-eý, näme bolduka? Eň onda. Durma! – diýip Akmämmet ony gyssady.
Polat jübüsinden pul çykaryp durşuna:
-Hawa. Dogry. Eňmeli. Gyzlar, aýyplaşmarsyňyz-da – diýdi.
Akmämmet onuň puluny almady.
-Ýygna puluňy. Özüm tölärin – diýdi.
Akmämmet hiç zat aňmady, gelinlerem aýyplaşmady. Çoçgara çolaşman, sag-aman baş alyp çykanlygy üçin Poladam ýeňil dem aldy.
“Ýagşam bir ar aldyň. Häý, sen-ä...” diýip, ol ýolda gelýärkä özüne igendi. Ertir işe baranda Akmämmediň berjek sowallaryna jogap agtardy. Bardy-geldi Akmämmet: “Hany, nädýäs? Şu gün işden soň gidýäsmi? Düýnkije gelinem-ä garaşyp oturandyr. Jaň edeýinmi?” diýäýse, nähili bahana tapmaly boljakdygy barada oýlandy.

19.

Bazar polisiýasynyň gözüne ilmezlik üçin Sähet gezme gedaýlyga ýüz urdy. Bazary hatar-hatar syryberdi. Ýüzi öňküsinden has açylyşdy. Gezme gedaýçylyk oturanyňdan has düşewüntli ekeni. Söwdasy küşat bazarçylar gysylyp duranok, käte eslije teňňäni eçilip goýberýär. Sähet berlen puluň mukdaryna garap duranok, kim näme berse, ýüzüni sowanok, kisesine urup, dileg edip aýlanyp ýör. Ýöne gezme dilegçilik ýadadýar ekeni. Käbir hatarlar şeýle bir köp adamly welin, Sähet bäri çetinden girip, aňyrsyna çykýança ähli ysgyn-mydary gaçýar. Onsoň hähini almak üçin oňaýlyrak ýere geçip çökýär. Demini dürsäp, täze hataryň bir ujundan girýär.
Bir gezek onuň ýoly aýlanyp-dolanyp, ozalbaşky oturyp dilegçilik eden ýerinden düşdi. Özi-hä ünsem etmedi welin, ol ýerde golak gedaý oturan ekeni. Golak Sähedi görüp:
-Däli! Eý, däli! – diýip gygyrdy.
Özüne diýilýänini bilse-de, Sähet eşitmezlige salyp gidiberdi.
Başga bir gezek, ýene şol ýere baranynda ilki bilen ýene golak gördi. Sähede gözi düşen dessine ol:
-Taýak bir dälini ýola getirmiş – diýip aýdyma gygyryp başlady.
Ötegçileriň biri:
-O-how, pul her zat etdirjeg-aý. Biý-ä aýdyma zowladyp ugrady. Kellesi üýtgän-ä däldir-dä? – diýip, degişdi.
Başga biri bolsa:
-Içendir işigaýdan – diýip, seňrigini ýygryp, geçip gitdi.
Sähet bolsa, pitiwa bermän, derrew ol ýerden daşlaşdy.
Bazaryň tüýs gyzan wagty güwläp duran mähelläniň içi bilen elini serip, dilegçilik edip barýarka Sähet tas ahmal galypdy. Öňden aldyrany bar ýaly bolup, iri süňkli, etli-ganly, gaşlary çytylyp duran agyr ýüli polisiýa işgäri ýetip gelýän ekeni. Gazaplylygyndan çen tutup, ol muny hol günki gözegçiniň Berdi diýýän polisiýasydyr öýdüp çaklady. Gapdala çekilip, ýüzüni kese sowdy. Daýaw polisiýa Sähede asla ähmiýet bermän, howlukmaç geçip gitdi.
Bazarçy aýallaryň ikisi söwda-satyklaryny ýatlaryndan çykaryp, edil Sähediň öň ýanynda hyşy-wyşy edişdiler. Olaryň haýsydyr bir ogry we nämedir bir ogurlanan zat baradaky üzlem-saplam gürrüňleri Sähediň gulagyna degdi.
Birdenem bazaryň gowry edil suw sepilen ýaly bolmasa-da, mese-mälim ýatyşdy. Aýallaryň käbiri ýakasyny tutup, içini çekdi. Satýan-alýan ähli kişi bilesigelijilik hem tomaşa bilen bir tarapa bakdylar. Sähedem olaryň sereden ugruna ýüzüni öwürdi.
Aňyrdan ýaňky geçip giden daýaw polisiýa işgäri bir ýigdekçäniň bilguşagynyň arka tarapyndan ykjam tutup, südenekledip gelýän ekeni. Tot-tozana bulaşan çepiksije ýigdekçäniň burny ganapdyr, gözüniň aşagy gögeripdir, ýüzi dyrnaçaklanypdyr, köýnegi ýyrtylypdyr. Ol sag eliniň goşaryny çep eli bilen saklap gelýär, hallan atdyrmajak bolýar. Dodagyny berk ýumup, dişlerini gysýar. Ýüzünde bolsa ýiti yza çekýän adamyň aglamazynyň öň ýanyndaky keşbi bar.
Ýüregi ýuka aýallaryň biri dözmezçilik bilen:
-Adamlar ýaman zalym bolupdyr. Edil beýdip uraýmaly däl ahyryn. Mundan soňam ýaňky süýräp barýan eýini ýetirse, neresse tanar ýaly bolmaz. Nebsim-janym agyraýdy – diýdi.
Başga bir aýal gahar bilen derrew jogabyny berdi:
-Gowu-da. Kim oňa ogurlyk et diýýär?! Eýse, öňüňdäki zadyňy ogurlasalar, janyňa ýakarmy? Nebsiň agyrarmy? Agyrmaz! Garagyny akdyrmaly olar ýalyň. Asyl aýagyny döwüp, bazara inmez ýaly etmeli! Hm-m...
Ýüregi ýuka aýal munuň gaharynyň garşysyna gitmäge ýaýdanyp:
-Wah, juwanamerk! Iliň zady bilen nä işiň bar? Beýdip ile ryswa bolup, jowranyp ýöreniňden dilegçilik edeniň müň paý gowy dämi? Boýnuňdan torba asyp gedaý gezeniň ibaly dämi? – diýip, çepiksije ýigdekçä gaýybana igendi.

Haýsy tarapa ýörejegini bilmän duran Sähet içinden: “Dogry – diýip, onuň bilen ylalaşdy. – Dilegçilik erbet zat däl. Gowy zadam-a däl welin, ogurlyk edeniňden-ä oňat”.
Ogra gahary gelip, hum ýaly çişip oturan aýal gürrüňdeşine gedaýçylygy maýyp-müjrüp bolan adamlaryň etmelidigi, ýaňky ýaly iliň jübüsine gözüni dikýän ýeksurun deýýuslary türmede çüýretmelidigi ýa-da çöle çykaryp, tüp yssyda ýandak ýatyrtmalydygy barada tükeniksiz gürrüňe başlady.
Sähedem aýagynyň äden ugruna tarap mytdyldap ugrady. Kese hatarlaryň birine girip:
-Hudaý ýoluna beren sadakaňyz kabul bolsun! - diýip, mydyrdap başlady. Başlanam şoldy welin, zorruk sesli bir pyýada:
-Ahaw, sende utanç-haýa bolmazmy? Aram-aram aýlanýan ýeriňi üýtged-ä. Ýaňyrak çöpläp gitdiň-ä bärden. Beýtme ahyryn – diýip, bar badyny aldy.
Sähet şu hatara girenini ýadyna saljagam bolman, hyrra yzyna döndi. Bäş ädim ätmänkä arkasyndan ýaňky zorruk ses täzeden eşidildi:
-Haý, gäbi azypdyr-a muň. Nirä aýlananyny-aýlanmadygyny bilmese nätjek?! Ha-ha-ha! Oýun etdim-eý, ýaşuly, bärik aýlanmadyň-a bu gün. Gel, yrsgyňy taşlap gitme!
Sähet gaýtadan dolanmady, içinden zorruk seslä paýyş sögündi-de, başga hatary syryp ugrady. Hataryň aýgujyna çykyp, eýýämhaçan usurgap mejaly gaçan göwresine dem bermek üçin aşak oturdy. Polisiýa gözegçisi geläýmänkä turaýyn diýen hyýala münen wagty bir aýal üstüne abanyp:
-Ой, ой! Боже мой! Сахат! – diýdi.
Sähet başyny galdyryp, elini gözüne kölegeledip, seretdi, birbada onuň kimdigini ýadyna salyp bilmedi.
-Sähet. Sähet dälmi sen? Не узнал меня?
Aýal dyzyny epip, onuň çat maňlaýynda çökdi. Tolgunmakdan hem duýdansyz peýda bolan begenç duýgusyndan ýyldyraýan mawy gözlerine, güne gaýzygan ýüzüne dowamly bakyp, Sähet gartaşan, wagtyndan öň garran we biraz bili bükülen Zeýnebi, şo-ol birmahalky, ilki başdaşy Zeýnebi tanady. Tanap, ajy ýylgyrdy.
-Hawa-la, men. Men-le. Üýtgäp gidipsiň, Zeýnep! Tanamajak boldum – diýip, üzlem-saplam gürledi.
Zeýnep, ähtimal, sandyraýan barmaklaryny gizlemek üçin Sähediň penjeginiň ýeňindäki tot-tozany kakyşdyryp oturyşyna:
-Sähet! Nä günlere düşäýipsiň, Sähet-t?! – diýdi. Şonda onuň dodaklary kemsidilen çaganyňky ýaly kemşerdi, gözüniň owasy ýaşdan dolup, kenaryna sygmady, ýoda ýasap, aşaklygyna gaýtdy.
Sähediň hykga damagy doldy. Ol gepläbilmän biraz oturansoň:
-Galmaz güne düşdüm, Zeýnep! – diýip, eşdiler-eşdilmez hümürdedi.
Zeýnep hamsygyp, eliniň aýasy bile gözýaşlaryny süpürdi.
-Nirelerde bolduň şu wagta çenli? Seni tanar ýaly etmändirler-ä, Sähet! Kim seni beýtdi? Nämüçin?
Sähet kynlyk bilen ýuwdunyp, iki egninden dem aldy.
-Şeýle boldy-da. Maňlaýyma şumlukdan başga zat ýazylmandyr öýdýän. Men nädeýin, ýazgytdan gutulyp bolýarmy näme? Ýazgydym ýaman ekeni, Zeýnep!
-Hany, birmahalky syçrap duran Sähet nirede? Gözi ýanyp duran, dabanyndan ot çykýan, keýpi daş ýarýan Sähet hany?.. Ýaşdyň, güýçlidiň, gujurlydyň, gülkiň ýere-göge syganokdy. Hany, o zatlar, hany? Waý, waý, waý-eý, muň bolaýanyny! – diýip, Zeýnep eňredi.
Nakyslygy daşyndan bes-belli bolup duran iki sany diktumşuk jahyl bularyň ýanynda dem salym aýak çekdi. Olaryň biri:
-Heý, heý, o nämüçin gül ýaly maşgalany agladyp dursuň? Hany goýdur sesini, köşeşdir derrew! – diýip, Sähede ýalandan hemle atdy.
Sähet ýüzüni ajadyp, kynlyk bilen ýuwdundy.
Oglanlar wahahaýlaşyp gülüşip, geçip gitdiler.
-Men seni ýaman kän gözledim, Zeýnep. Sen ölensiň öýdüp ýördüm.

-Ölerinmi? Hudaý diý!.. Sen soňam türmä gitdiň gerek? Men daş gulakdan eşitdim.
-Türmede-de saňa garaşdym, Zeýnep. Bir gezegem habar tutmadyň. Uzak gijeler ýatman, sen hakda pikir etdim. Senden başga meň kimim bar?
-Ozalbaşda dek gezmeli-dä, Sähet. Sen kän gorsandyň. Kän kakabaşlyk etdiň – diýip, Zeýnep igendi.
-Sen ýöne oňarmadyň, Zeýnep. Şo ärsumagy meň ýerime salyp, oňarmadyň.
-Ol indi ýok. Öldi – diýip, Zeýnep gussaly seslendi.
“Oň öleni bilen käşgä ýaňadan ýaşap bolýan bolsa! Hemmesini täzeden başlap bolsa!” diýip, Sähet pikir etdi.
-Indi nirede ýatyp-turýaň? – diýip, Zeýnep gyzyklandy.
-Çem gelen ýerde. Indi meň boljagym bolaýdy öýdýän, Zeýnep!
-Ýör onda meňkä gideli. Öňki jaýy bir otagla çalyşdym. Pul gerek boldy, Sähet. Durmuş agyr...
-Menem beýleden gelelim bäri dek ýatamok. Uzak gün bazarda. Gedaýçylyk edýän. Gowja gazanýan. Eçilýärler. Ýöne ýarawlygymyň ugry ýok. Garnymyň sag tarapy gyzýar. Käýarym çişýär, ine, şu ýeri – diýip, Sähet ýolda barmagy bilen görkezip, üzlem-saplam gürrüň berdi.
-Sag tarapda, edil gapyrgaň aşagynda bagyr bar – diýip, Zeýnep aýtdy.
-Hawa, bagyr bar. Bagyrda bir kemçilik bar.
-Sakgal-murtuň dagy, Hudaý bilsin, haçan päki görüpdir?! Çalarypsyň, Sähet. Garrapsyň.
-Garradym. Garrylyk erbet zat.
-Penjegiňem oda atsaň, tütejek letde däl. Jalbaryňam şeýle. Mende täzä berimsiz ýaman oňat penjek-balak bar. Reşit pahyrdan galan. Saňa şaplaşaýsa gerek.
-Reşit kim?
-Ärim-dä. Ölen ärim... Ой, сколько лет, сколько зим? Ай-яй-яй, Сахат! Ужас!
Uzak ýyllaryň aýraçylygyndan soň bir-birine başdan geçen zatlary ýekän-ýekän gürrüň bermek, derdinmek, zeýrenmek, iç döküşmek ýaly islegleriň yzyna düşüp, olar bazardan çykdylar.

20.

Belanyň beteri öňde eken.
Suraýyň ozaldanam galagoplygy ýetik dünýesinde aýan bolan soňky derdeser öňki şumlugyň çakam bolmady. Göwresinde çaga galandygyny bileninden soň ol öwhüldäp, elewräp, otly köýnek geýiberdi. Oslagsyz peýda bolýan we islenilmeýän hakykat hemişe ajy bolýar. Onuň bu ýowuz hakykata birbada ynanasy gelmedi.
Suraý “Gyran degen, halys was-wasy bolupdyryn” diýdi. “Şular ýaly mojuk zady göwnüňe getirmeli dälmiş, göwnüňe getirseň, çyn bolaýýarmyş” diýdi. Şeýdip, urgusy güýçlenen ýüregini köşeşdirmek isledi. Öz-özüni aldajak boldy. Emma hakykaty göwün islegiňe görä üýtgedip bolmaýar.
Aýbaşy görünse, ähli şübhesi zym-zyýat boljakdy. Suraý barmak büküp, hasap edip gördi. Hasaby çykmady. Aýbaşy döwrüni bulaşdyrýandyryn öýtdi.
Täzelikde peýda bolan kelle agyrysyny, gyzgynynyň ýokarlanmasyny biwagt ýolugan dümewe ýordy. Ukusy bozulyp, işdäsi peseldi. Süňňüne nätanyş argynlyk aralaşdy, ysgyn-mydary gaçdy. Onsoň bularyň hemmesine şo dümew sebäp bolýandyr diýip çaklady.
Şonda-da, az-kem iňkise gitse-de, ýürek bulanmasyna Suraý başda parhsyz garady. Ýakar-ýakmaz bir zat iýendirin diýdi. Emma kalbyna aralaşan gorky ony terk etmedi. Gaýta gitdigiçe wehimi artdy.
Ikindinara aşhanada nahar atarmakçy bolup durka ýanan ýagyň ysyna aňyrsy bärsine geldi. Çym-gyzyl bolup, gözüni ýaşardyp, ögedi. Üstesine-de bu ýagdaýy kesesinden duýdurmajak bolup, kösendi.
Sowujak, şorja bir zatlar tamşanaýsa, ynjalarly göründi. Duza ýatyrylan barmak boýly kiçijik hyýary iýip görensoň, duldegşir goňşulary Ýazbibiniň gelin bolup gelen mahallary agzy bimaza bolup, duzlanan kelem iýip ýöreni ýadyna düşdi. Öz-özüne: “Aş saýlaýan heleý ýaly, bolup ýörşüň gursun!” diýdi.
Göwrede düwünçejigiň emele gelendigini inkär edere esas galmady. Iki günden soň başy aýlanyp,

dowamly ýürek bulanmasy zerarly gury ögäp duran Suraý ahyry göwreliligiň ilkinji alamatlaryny boýnuna alyp, içini tutdy.
“Wah, sataşman geçen, ýer ýuwdan! Nireden sataşdyň maňa?! Saňa duçar bolan günüme lagnat bolsun! Meni nä günlere saldyň? Hudaýym, türmede çüýräbilsediň!” diýip, Şalara gargyndy. “Ynha, indi tüýs bolaýdy. Ýüzügara kemiň galan däldir. Öz aýajygyň bilen tora girdiň, ymyklyja gapana düşdüň! Muň üçin ilki bilen özüňi günärtle. Maňlaýygara, işigaýdan, bedibagt!” diýip, özüne käýinip, maňlaýyny ýumruklady.
Suraýyň küýüne ilki bilen çagany aýyrtmaly diýen pikir geldi. Şalaryň şu gün ýa ertir boşap gelmejekdigi belli zat. Günä geçilşige çenli ýene bäş-alty aý möhlet bar. Onça wagtlap düwünçejik şo durşuna durmaz. Öser, ulalar, jan girer. Suraýyň betbagtlygyny mazamlap, gitdigiçe gäberer. Suraý ene-atasynyň ýüzüni ýere salar. Olar biabraý bolar. Gyz halyna garnyny gujaklap ýören Suraýy adamlar näletlär. Suraý entek gözden düşenok. Häli onuň syry ile äşgär däl. Häzir aýny pille! Çagany aýyrtmaly. Soň giç boljagy görünip dur.
Çagany aýyrtmak üçin eslije pul tölemeli bolsa gerek. Suraýda lomaý pul-a ýok. Nireden bolsun?! Gulagynda uly bolmadyk altyn ysyrgasy bar. Mekdebi gutaran ýyly ejesi äberipdi. Şony “Ýitirdim, tapamok” diýäge-de, degerliräk baha bilen pula öwrüp bilse, Suraýy uly dertden gutarmazmy? Çagany aýyrtmak üçin näçeräk pul gerekkä? Birem kime ýüz tutmaly?
Iň gorkuly ýeri, bu zatlary hiç kim bilmeli däl. Ýaşyryn etmeli. Ejesi aňsa, nähili gopgun turjagy näbelli. Kakasy dagy bilmesin! Biläýse, ýagty jahandan irişdäňi üzüber! Suraý ahmyr bilen: “Ozal allanäme günüm bardy. Indi o hezil döwrüň tepbedi okaldygy boldumyka?” diýip, gaýgysyz-gamsyz geçen günleri ýatlap, aglady.
Eýse, gözýaş döküp oturanyň bilen başa düşen ýagdaýyň düzeljek gümany ýok. Abraý gerek bolsa, häzirden gamyny iý! Ýaşasyň gelýän bolsa, wagt ýitirme! Suraý: “Ýaşasym gelenok! Irdim. Öljek, gyran degen!” diýdi. Emma ölmegem ýeňil-ýelpaý iş däl. Durmuş datly bolmasa-da, jan – şirin! Adam hele-müçük müşgillige janyny gurban beräýmez! Aslynda adamy ýaşaýyşa imrindirýän esasy zat – süýji jandan jyda düşmegiň muşakgaty bolsa-da ahmal. Ýaşamaga tekge berýän beýleki zatlar bolsa, adamlar tarapyndan soň oýlanyp tapylandyr we bahanadyr.
Häzir pelsepe otaranyňdan haýyr ýok. Nädibem bolsa, göwredäki düwünçekden dynmaly! Suraý Jahanyň ýanyna gidermen boldy. Jahan oňa çagany aýyrtmagyň ýoluny salgy berer. Ähtimal, näçeräk pul gerekligini-de bilýändir. Belkäm, altyn ysyrgany Jahanyň özi satyn alar?! Şeýtse, uly kömek boljak. Şalar bilen Suraýyň arasynda bolan işleriň käbirinden eýýäm onuň habary bar. Goý, bolan işleriň hemmesini bilsin! Suraý onuň ganybir jigisi sebäpli şu günlere düşüp ýör-ä.

21.

Ikindinara ota gideýin durka Amanýaz saňsaryň ýanyna Berdi sopy geldi.
-Ýer-ow, sopym, gel, nesibäň gaty güýçli seň. Ýene biraz gijiräge galan bolsaň, meni derýa boýundan gözlemeli borduň – diýip, Amanýaz oragyny alan ýerinde goýdy.
-Diliňe siňňil çykan ýaly, namazlyga münüp-münmänkäm sopy diýip lakam goýduň. Ana, indi uly il sopy diýýär – diýip, Berdi sopy ýalandan öýke etdi.
-Haý, sen-ä hezzetini bilmez ekeniň. Men-ä seň tüňňi lakamyňy sopa çalyşdym, minneti menden çek, näme ahun diýdiresiň geldimi?
-Oýun edýän-le. Diýiber. Näme diýseňiz götärin. Arakyň ýaly, özüňden toslap erteki ýasamasaň bolýar.
Amanýaz saňsaryň ili güldürip, gürrüň bermegine görä, bir gün Berdi sopy namazyny okap bolupdyr-da, iň soňunda iki egnine salam berjek wagty diýmeli sözleri ýadyna düşmändir. Onsoň ol namazlykdan düşmän, oturan ýerinden:
-Äşe! – diýip, aýalyna gygyrypdyr.
-Näme-le bir? Ýüregim-ä ýardyň! – diýip, aýaly tisginipdir. Ol Berdiň yzynda oturan ekeni.

-Äşe, şü biziň guýymyzy gazyp beren ussaň ady kim? Gök göz ussa bardyr-a şäherde oturýan? – diýip, Berdi sorapdyr.
-Rahmatullamy? – diýip, Äşe-de soraga sorag bilen jogap beripdir. – Ýeri, bu ikarada Rahmatullany nämetjek?
-Eddil özi, Äşe! Rahmatulla şol... – diýipdir-de, Berdi sopy iki egnine salam beripdir:
-Essalamu Aleýkum Rahmatulla! Essalamu Aleýkum Rahmatulla!
...Amanýaz gümmü-sümmi etdi.
-Menem ilden eşidenimi aýdýan, how. Ugrunda bolmasa il bir zat diýmez-ä – diýdi.
-Ilde gep köp, Mekgede arap! O zatlar hiç-le, men şo diýýän kitabyňy sorap geldim. Dini rowaýatlar ýazylan kitabyňy.
-Sen nä kitap okabilýäňmi? – diýip, Amanýaz geňirgendi.
Amanýaz saňsaryň bir bahana tapyp, kitaby bermän goýbermeginden ätiýaç edip, Berdi sopy sözüne ýalan goşup, howlukmaç gürledi:
-Hawa, okabilýän. Mekdebi zybrym bäşlige gutardym-a. Arapçanam öwrenip ýörün.
Berdiniň şu gürrüňine Amanýaz müňkür gitdi.
-Be-e, arapçany öwrenýän bolsaň-a, tüýs maňa gerek adam ekeniň. Mollaň kim? Menem öwrenjek bolýan welin, kynmy? – diýip ol ýeser sorag berdi.
Berdi sopy ýöwsel jogap gaýtardy:
-Molla nämişlesin?! Özbaşdak öwrenýän.
Onsoň ol Amanýaz saňsaryň başga bir kyn sowal beräýmeginden ätiýaç edip, derrew sözüne düzediş berdi:
-Dogrymy aýtsam, indi öwrenjek bolýan. Arabyň diliniň bir kyn ýeri bar, ilki harplaryny tanamaly. Ýogsam, dilini öwrenjek gümanyň ýok. Her harpynyňam pylança hili ýazylyşy bar. Özem, biler bolsaň, tersin ýazylýar. Sagdan çepe ýazyp gitmeli. Onsoň okaňda-da tersin okamaly-da.
Amanýazyň köne türkmen ýazuwyny baryp-ha ýokary okuwda okap ýören uçurlary öwrenendigini, üstesine-de ol ýazuwyň harplarynyň galapyn arap elipbiýi bilen meňzeşdigini Berdi sopy nireden bilsin?! Şoň üçin ol bu gürrüňe Amanýaz agzyny açyp, aňk bolar öýdüpdi. Amanýaz aňk bolmady. Köpmanyly ýylgyryp, çaga sowalyny berdi:
-Onda, diýmek, arapçany öwrenen tersokan bolýar ekeni-dä? Beýle bolsa, maň-a geregi ýok. Sen onda, diýmek, tersokan boljak bolýaň-da?
-Adyň özüňe şaplaşyp dur. Saňsar kemiň ýok. Ýeri, tersokan küje, arapça öwrenmek küje?
Amanýaz ýalandan mönsüredi:
-Özüň aýdyp otyrsyň-a tersin okamaly diýip.
-Bolman näme? Okalanda ters okalýar. Ýöne tersokan başga zat.
-Onda tersokan diýip kime aýdylýar? – diýip Amanýaz heçjikledi.
-Bilmedim. Ol başga zat, düýbünden başga zat.
-Hany, onda ilki sen öwren. Men soň senden öwrenäýerin. Gurhany arabyň öz dilinde okap göresim gelýär. Ýogsam, pata-töwire barylanda okalýan aýatlary bilşimiň kän bir ugry ýok.
Berdi sopy, garaz, öwrederin diýip bilmedi.
-Weý, aýat ýat tutmak üçin arabyň hatyny öwrenip nätjek? Mende düşnükli hatda ýazylan aýatlar bar, şolary bereýin. Hezil et-de, ýat tutuber. Seň dagyn ýatkeşligiň gowy ahyryn.
-Ýatkeşligim-ä ýaman däl.
-Ynha, men şu günler Ýasyny ýat tutup ýörün. Ýaman uzyn. Uzynam bolsa, gerek-dä. Okasaň, sogaby kän diýýärler. Ine, öljek bolup ýatan adama-da kyrk ýasyn okap berýändirler.
Şu ýerde Amanýaz süýem barmagyny çommaldyp:
-Dur-r! – diýip, gygyrdy. – Kim aýtdy muny?
-Weý, hökman biri aýtmalymy? Ine, häli-şindi onda-munda görüp-eşidip ýören zadymyz. Çaky, sen kyrk ýasyndan habaryň ýog-ow?!

Amanýaz gülümsiredi:
-"Eşegiň gulagyna kyrk ýasyn okan ýaly" diýib-ä kän eşidýän.
-Eşege nämüçin okalýanyny bilemok. Ýöne ölübilmän ýatany aýgyt edýär diýýärler. Ýa aňryk, ýa bärik...
- Ýa eşegiň gulagyna ýasyny kyrk gezek okasaňam, peýdasy ýok diýildigimikä?
Şu ýerde Berdi sopy özüni has-da sowatly görkezmek üçin aç-açan ýalan sözledi:
-Ýok, ýasyny kyrk gezek okamaly diýildigi däl. Ýasyn süresi kyrk aýatdan ybarat. Şoň üçin kyrk ýasyn diýilýär. Eşegiň ýasyna düşünjek gümany barmy?
-Ana, sopym, ýalňyşdyň. Ana, öz diliň bilen çöňňeligiňi aýtdyň. Aý-ow, pekge, iliň ýanynda bir aýdaýma muny. Ýasyn süresi kyrk aýat däl, segsen üç aýatdyr.
Berdi sopy aljyrap:
-Sen näbilýäň? Sen näme Gurhan okaýaňmy? Ýasyny nirden bilýäň? – diýdi.
-Mende Gurhanyň türkmençesi bar, şondan bilýän.
-Türkmençesi dogrudyr öýdýäňmi? Ýalňyş bolmasyn? Sen arapçasyny oka, arapçasy dogrudyr – diýip, Berdi sopy ters dawa etmekçi boldy.
-Häý, sen-ä bar okan namazyňy ürküzen gurbagaňa çalyşjak bolup dursuň. Beýtm-ä! – diýip, Amanýaz gatyrganjak boldy. Onsoň Berdi sopy üçin başga bir kyn sowal berdi:
-Hany, onda eşegiň gulagyna kyrk ýasyn okan ýaly diýen gürrüň nireden çykdy? Şony aýdyp ber!
Berdi sopynyň sesi naýynjar çykdy:
-Onçasyny bilmedim-dä. Özüň aýdaýmasaň!
-Bolmanda-da, bilmeýän bolsaň, özüm aýdyp bermeli borun. Diňle onda, kyrk ýasyn diýen gürrüň Çingiz handan gaýdýar. Çingiz hany bilýäňmi? Çingiz hanyň söweş wagty berk berjaý edilýän kyrk sany düzgün-tertibi bolupdyr. Söweşe girilmänkä Mongol goşunlaryna şol kyrk düzgün-tertibi ýatladýar ekenler. Mongol dilinde ýasa diýip bir söz bar. Ýasa düzgün-tertip, kada-kanun diýen manyny aňladýar. Onsoň ol biziň dilimize kyrk ýasyn diýip geçipdir. O-ol Gurhanyň ýasyn süresi bilen bi diýýän kyrk ýasynymyň köpride galtaşýan ýerem ýok.
-Dogry-y. Beh... Aý, biziň näme, bilýän zadymyz barmy? Indi öwrenjek bolýas – diýip, Berdi sopy ylalaşdy.
-Ýasawul diýip eşitdiňmi? Kada-kanuna seredýän adama ýasawul diýilýär. Şo-da mongollaryň ýasa diýen sözünden gelip çykandyr – diýip, Amanýaz pikirini berkitmek üçin täze delil getirdi.
-Amanýaz, sen tüweleme! – diýip, Berdi sopy Amanýazy ýüzüne öwmäge başlady. – Köp bilýäň. Biz-ä saňa boýun. Seň bilýänleriňi öwrenjek bolsak, bu dünýä ýene bir gezek gelip gitmeli bolarys. Sen dagyn şu ylmyň bilen namazlyga münüp, wagyz edip, oba ymam bolmaly ahyryn. Iliň üýşmek-çaşmagyna ýarabilseň, armanyň näme? Berlen düwünçegi beýläňe basyp, otur Hudaý diý-de!
Amanýaz özüni iliň öňüne düşüp ýören takwa kişiniň sypatynda göz öňüne getirjek bolup, kösenip otyrka Berdi sopy:
-Hany, şo kitabyňy alsana! Hezil edip, okaly-la bizem – diýdi.
Amanýaz kitaby çykaryp berensoň:
-Ynha, kitap! Ýyrtma, ýitirme, hiç kime berme! Birem yzyna haçan getirjek? Maňa anyk wagtyny aýt! – diýdi.
-Amanýaz, meni kän gyssama! Göni üç gün. Şondan artyk saklaman.
Kitaby goltugyna gysansoň, Berdi sopynyň ökjesi ýeňledi.
-Kepeniň jübüsi ýokdur-eý, sopy, bilýäňmi? – diýip, Amanýaz daşlaşyp barýan Berdiniň gulagyna ýetäýer ýaly sesde gygyryp galdy.

* * *

Berdi sopy gijara gaýtadan geldi. Ol içeri girmän, daş işikde aýak üstünden:
-Amanýaz! – diýip gygyrdy.

Amanýaz hä berdi.
-Häli yzymdan kepen diýip gygyrdyň welin, hiç düşünip bilmedim.
-Şony biläýeýin diýip geldiňmi?
-Äý, geçip barýadym-da, ýadyma düşüp sowlaýdym.
-Kepeniň jübüsi ýok diýdim. O dünýä gideňde kepene çolaýarlar. Başga zat berenoklar. Boş gidýäň. Eger bir zat äkidip bolýan bolsa, kepene jübi tikerdiler diýjek boldum. Ýalňyşmy eýse?
-Seňem käbir gürrüňleň edil it ýandakdan böken ýaly – diýip, Berdi sopy elini salgap, köçä garşy ýöneldi.
Amanýaz:
-Şu sözi nädogry ulandyň. Itiň ýandakdan nähili bökýänini bilýäňmi? Aýdyp bereýinmi? – diýip, onuň yzyndan gygyrdy.
-Soň aýdyp beräý. Şu wagt ýaman howlukýan – diýip, Berdi sopy gyssanmaç ýöräp gitdi.

22.

Ýazbibi gyzjagazyny emdirensoň, ýatyrmak üçin hüwdüläp otyrka uly eltisi Şeker geldi.
-Gyýw, hüwdini gowy aýdýan ekeniň-le, gyz! Telewiziriň sesimikä diýip girsem, özüň oguşýan – diýip, ol Ýazbibini ýüzüne öwmäge durdy.
Ýazbibi utanjyrap:
-Goýsana, gyz, oňaraýdyň sen-ä – diýdi.
-Waý-ý, Alla-a! Üýtgeşiksiz Baharyň sesi-dä. Toýa gatnap ýörmeli bagşy ekeniň-ä! – diýip, Şeker bäbegiň ýanyna bardy. – Azary ýokdur-a, ukusy oňatjamy?
-Ukusy gowy. Ýöne synçgylawygy tutýar, hi-iç tükedenok.
-Gökje sapak alyp, diliň bilen ölle-de, maňlaýjygyna ýelmäp goý, synçgylawuk gelmez.
Şeker bäbejigi göz-dilden gorasyn diýip, doňzuň dişini alyp gelipdir.
-Enneden aldym diläp. Doňzuňkylygy bir çynmy, gyýw diýdim. Ennä oýun gerek. Eşegiňki diýip gülýä. Alla bilsin, haýsy eýýamdan galan?! Gaty köne, çakyry çykypdyr... Gerekleseň, şüýem tapylýan artyp däl. Me, alaja iş-de, sallançagyňdan asyp goý! Ýitirip-gaçyraýma ýene. Enne diýilýän heleýe täretiň derman diýseň, şonam terezä salman bermez. Oňa men belet – diýip, ol kagyza dolangy köne doňuz dişini Ýazbibä berdi.
-Taňyrýalkasyn, gyz! Azar edinipsiň. Häli Näzik daýza-da bir digir gara kömür getirdi. Bir çümmük duz bilen şo kömüri matajygyň arasyna salyp tik diýdi. Sallançagyň ýüpünden as diýdi. Nirede goýdum, gyz, şony?
-O nämäň yrymyka?
-Bilmedim. Soraýmandyryn.
Şeker eglip, gyzjagaza lak atdy.
-Moşşyk gyz-a, poşşyk gyz! Lälik gyz-a, balyk gyz! Ulalýaňmy? Ejeňi emýäňmi? Dodajygyndan şuň, dodajygyň bar bolsun seň. Tüweleme, tüweleme, tüf-tüf-tüf! – diýip söýgüledi. Soň bäbejikden gözüni aýyrman, Ýazbibä ýüzlendi:
-Agynjak özüň edip ýasaýypsyň-da, gyz! Polada dagyn eger-eger meňzeýän ýeri ýok. Alla-a!
-Niresinden bilýäň, gyz, maňa meňzeýänini? Menem-ä uzak gün şuň ýüzüne seredip otyryn ýogsa.
-Burnuna seret, burnuna. Maňlaýynyň tüňňüligine näme diýjek? Gözem meňzeýän ýaly.
-Bu wagt-a çal gözdür, bildirmez – diýip, Ýazbibi aýtdy.
Gaýtmakçy bolup durka Şeker:
-Ýüzärlik tütetdiňmi? – diýdi.
-Hawa. Ysy ýokmy?
-Bar ýaly. Hazan, ys alşym gowy däl-dä meň. Onsoň nememi? Näme sorajak boldum, gyz? Ýüzärlik diýdim... ýüzärlik... Onsoň... Wiý, ana, düýe ýüň barmy?
-Ýok.

-Zyýany ýok, men häzir Şükür gyzylyň heleýinden alaryn-da, Zyba jandan iberäýerin. Şükür gyzyl sagylýan düýe alypdyr diýdiler.
-Düýe ýüňi näme etmeli?
-Ýassyjagynyň bir burçuna tikip goý. Göz degmezligi üçin. Ýaman niýetliden gorar ýaly.
Şeker gitdi. Salym geçmänkä onuň tokarja gyzy kinniwanja düwünçege düwülen düýe ýüňüni getirdi. Enäniň perzende bolan bimöçber söýgüsi hem göze görünmeýän bela-beteriň näbelli gorkusy bilen Ýazbibi gyzjagazynyň ýassygynyň burçuna düýe ýüňüni tikdi. Gözmonjuk bilen dagdan agajynyň bölejigini iňňebagjykdan ötürip, dakdy. Alaja işip, Şekeriň getiren doňuz dişini sallançakdan asdy.
Agşamlyk ol telefonynyň düwmelerini bimaksat basyşdyryp, bir zatlara güýmenip, sust oturan Polada ýaramsaklyk bilen habar gatdy:
-Häli Şeker gelip gitdi. Şeker aýdýa, Enejany özüňe meňzedipsiň diýýä. Men-ä ony saňa meňzäpdir diýjek bolup ýördüm.
Polat başyny galdyryp, Ýazbibä alarylyp seretdi.
-Hany, gel senem seredip gör. Maňa meňzeýän ýeri barmy şuň? – diýip Ýazbibi teklip etdi.
Polat onuň göwni üçin ýerinden turup, bäbejigi synlady. Uklap ýatan gyzjagazyň eliň aýasy ýaly kiçijek, gyzylja ýüzünden özüne ýa Ýazbibä çalymdaş alamat tapmady. Onsoň başardygyndan mylaýym gürlemäge çalyşdy.
-Bu wagt uklap ýatyr. Oýaka, gözüne seredip biläýmeseň, tanar ýaly däl. Men-ä bilemok kime çekenini.
-Menem Şekere şony diýýän-dä. Uzak gün seredip, men-ä özüme meňzeş ýerini görmedim. Onsoňam bu wagt çal göz-ä bi. Gözünden tanatmaz.
Çagaň kimdir birine meňzäp-meňzemezligi baradaky gürrüň Poladyň derdine dert goşdy, galmaz güne saldy. Müňkürlik kenaryna agram berýän bulanyk suwly derýa kimin onuň gan damaryndaky hereketi çuslandyrdy. Polat köňlüni gümana berdi. Öz-özi bilen darkaş gurdy.
“Sen indi şu çagaň özüňkidigine ynamyň barmy? Özüňki däl bolaýmasyn?” diýip, içden bir ses gyjalat berýärdi.
“Ýazbibi hürri dogurmaz!” diýip, başga bir ses ynam bilen oňa garşy çykýardy.
“Sen näme onuň içine girip çykdyňmy? Anyk bilýäňmi?”
“Anyk bilemok. Ýöne het edip bilmez, het edip bilmez. Ony etmek üçin gaty uly ýürek gerekdir.”
“Ony etmek üçin üýtgeşik ýürek gerek däl, jylawyny elinden aldyran islendik uzyn etekli edip biler. Sen bulaň nirede näme iş goparanyny nädip biljek? Şu çagaň atasy Jumadurdy bolsa bildiňmi?”
“Jumadurdy däldir. Ärli heleý nämüçin kesekiden çaga dogursyn?”
“Belki, ýöriteläp dogran däldir. Belki-de, kesekini ärinden beter söýýänligi üçin dograndyr.”
“Mm-bahh! Bolup bilmez diýjek däl. Ýöne Ýazbibi bitine gahar edip, ýorgan otlar ýaly sebäp göremok. Kesekä ýüregini berer ýaly men özümi ýigrendiremok. Ol meni söýýär öýdýän.”
“Şonda-da bir säwlik goýberip, Jumadurdydan çaga alan bolsa, hol ýatan bäbejigiň atasy sen däl-de, Jumadurdy bolaýsa, ana şonda nädersiň? Keseki biriniň çagasyna özümiňki diýip guwanar ýörermiň?”
“Eger-eger! Ömür guwanarynmy? Alaga-da, demligine ýapyşyp, dünýä gelmedik ýaly edäýerin. Kesekiň çagasyna özümiňki diýip, küşşüklär ýaly binamys derejä ýetemok”.
Şu pikirden elheder alyp, Polat aýňaldy. Oý-pikirlerindäki ýakymsyz zatlary Ýazbibi okap oturan bolmasyn diýýän ýaly ondan ýüzüni gizledi. Turup gitdi.

23.

Suraýyň getiren täzeligini eşidip, Jahan:
-Waý, Alla-a! – diýip, eliniň aýasy bilen agzyny tutdy. – Çynyňmy, gyz?
Eşiden zatlarynyň dogrudygyna göz ýetirenden soň ol birmeýdan dymyp oturdy. Ýuwaş-ýuwaşdan geňirgenmesi gahara öwrüldi.
-Bolaýypdyr. Asyl kemiň galmandyr. Maksadyňa ýeten ekeniň-dä – diýip, ol gyjytly gürledi.

Suraýdan ses çykmady. Ol ähli zada kaýyl gelipdi. Artykmaç gep-gürrüňi gyjalaty, käýinji bilen bile çekmäge taýyndy. Ýüreginde kiçijik umyt ýylp-ýylp edýärdi. Gatyrgansa-da, igense-de, Jahan ony agyr günde namut galdyrmaz. Özüni Suraýyň ornunda goýup görer. Porsy läbige çümüp barýan adamyň gözgyny halyna düşüner. Rehimi iner. Iň soňunda hökman bir çykalga salgy berer.
Jahan öwhüldedi. Uludan demini alyp:
-O ýer çekmiş etjegini edip, myrdaryny aşyryp, türmede otyrka men näme edeýin bu ýerde? – diýip, jibrindi.
Suraý bilmedim-dä diýen terzde egnini gysdy.
-Men gorkýan, Jahan! Özümi nirä urjagymy bilemok.
-Ozalbaşda akylly bolmaly ekeniň, jan jigi! Kime abraýdyr öýdýäň şu zatlar? Şu ýagdaýy kakam biläýse, näme diýjegini bilýäňmi?
-Onda men näme edeýin?
Jahan:
-Men-ä näme diýjegimem bilemok – diýip, gaharly çytyldy.
Suraý onuň ýüzünden: “Meni günäňe şärik etjek bolma! Jezaňy özüň çek!” diýen manyny okady.
-Gaty görme welin, Suraý, ýaman ýeňilkelle ekeniň. Sen bir ulugyz bolýan bolsaň, haýaň hany, uýadyň nirde? O sähne ýer çeken-ä oglan, ondan geňlejek ýok. Ýeri, saňa näme gerek?
Boljak iş bolansoň, Jahanyň iňirdäp oturmasy bolanok. Suraý igenç eşitmäge gelmedi, kömek sorap geldi.
-Ejem bu gün bolmasa, ertir biler. Oňa näme diýip jogap bereýin?
Jahan az salym oýurganyp oturansoň:
-Men saňa eneň dulunda dogur diýip biljek däl – diýdi.
-Aýyrtjak-la! Ýöne gorkýan. Nirä barmalydygyny, kime ýüz tutmalydygyny hem bilemok.
-Menem bilemok. Mugt etmejekdiklerin-ä aýdaýyn. Eslije tölemelidir.
-Gulakhalkamy satsam ýetermikä?
Jahan altyn ysyrgany içgin synlap:
-Ýeter-le – diýdi. – Öz-ä gadym teneçir eken. Arzan däldir.
-Jahan, sen alaý-da şuny. Näçä alsaň, şoňa al, içimdäkini aýyrdyp berseň bolýar.
Jahan ellerini daldalap:
-Ýog-eý – diýdi. – Geregme däl. Hany, pul bamy oňa? Ýok, ýok, maňa diýme. Pul bolanda-da bular ýaly işe gatyşyp bilmen.
-Jahan, jan dogan, kömek et. Senden başga kime arzymy aýdaýyn?
-Öýňüzdäkilere bildirmän nädip aýyrtjak? Abort diýilýän zat ýarym sagadyň işi däldir.
-Bilmedim-dä.
-Onsoňam abort edilensoň, çaga galmasy kynlaşýar diýýärler. Şondan soň önelgisiz bolýanam az dälmiş. Biz-ä, dogrusy, eşitmiş – diýip, Jahan gorkuly gürrüň etdi.
-Halys başym çaşdy. Nirä ýöreýänimi bilemok, Jahan. Ugran ugrum gapyşyp dur. Sen bir ýol salgy berersiň diýip geldim.
-Bu oýna meni goşma, Suraý! Men goşulmaýyn. Goşulan ýerimde günäkär bolaryn.
Şundan soň Jahanyň asla gepleşesi hem gelmedi.
Suraýyň tamasy çykmady. Jahan oňa çykalga salgy bermekden geçen, gaýta içiýangynly gürrüň etdi. Suraý: “Ol garasöýmezlik edýär” diýdi. Göwrede çaga galandygyny eşidenden soň onda Suraýa ýigrenç peýda bolandyr. Ähtimal, ol Suraýy Şalara rowa görýän däldir. Ähtimal, Suraýy öňünden çykana gözüni oýnadyp, gaşyny kakyp ýören bir ýeňles saýýandyr. Suraý başlaryndan sypyrylsa, kem görýän däldir. Şeýle bolmasa, ol iň bolmanda Suraýyň ysyrgasyny satyn alardy, çagany aýyrtmak üçin kime ýüz tutmalydygyny salgy bererdi. Suraý: “Şuň ýanyna gelmeli däldim, hiç zat aýtmaly däldim” diýdi.

Amanýaz saňsar bazardan bir bogaz sygyr alypdy. Bahasy biamat däl. Kesesinden tohum gurnaty diýdirýär. Guýrugy ýere ýetip duran, dik şahly, kepbe ýaly daýawdan gelen, häsiýetli, owadan, sary sygyr!
Sygryň ozalky eýesi: “Musanyň sygry hem şundan enaýy däldir” diýip, muny bäri-bärde goýmady. Amanýazam ýaýdanyp durmady. Şapbat urup, söwdasyny etdi. Sygyr üç aýdan gulajyn göle berdi. Şondan soň, munuň ähli aýby açyldy duruberdi. Bu sygyr asyl özüni emýän bolsa, nätjek?! Amanýaz muny ilden ýaşyrjagam bolmady. Gaýta: “Entegem bu sygryň meň maňlaýymdan çykany oňat. Şükür gyzyla sataşaýan bolsa, ýelniniň süýtli wagty bolmazdy. Ikisi iki ýerden emip, göläni aç öldürerdiler” diýip, töweregi gülüşdirdi. Özem güldi. Emma gülküsi uzaga gitmedi. Sygyr Amanýazyň çekýän endişesine asla pitiwa etmän, maýyny tapdygy gaňrylyp, boýnuny süýndürip, dili bilen emjegini dolap alýardy-da, göwnübir emiberýärdi. Amanýaz munuň hiç çäresini tapyp bilmedi. Sygyr jellaplarynyň biri: “Boýnuna maşynyň tigrini geýdir, nädäýersiň bäş günden ýelniniň nirdedigini ýatdan çykaraýsa!” diýip, maslahat berdi. Amanýaz öwredişleri ýaly, ulagyň köne rezin tigrini sygryň şahyndan geçirip, boýnuna geýdirdi. Sygyr eýesiniň bu emelini ýokuş gördi, molady-molady-da, kellesini silkeläp, şahyny bulap, şo günüň özünde tigri boýnundan sypyryp taşlady. Başga biri: “Ýüpüni gysgarak edip daň, dili ýelnine ýetmesin!” diýip, emel öwretdi. Amanaz munam edip gördi. Peýda bermedi. Sygyr ýüpüni üzdi, boşandy, özüni emmek gylygyny taşlamady. Şeýdip, gölesini emdirse-de, bedresine suwytly süýt sagdyrmaýan bu sary sygyr Amanýazy tiz kejikdirdi. “Mundan mal bolmaz!” diýdi-de, ol muny satmak hyýalyna mündi. Bazara çykardy. Gölesi bilen bile alan bahasyna-da ýerläp bilmedi. Ahyrbazara golaý irip, ýadap, mal jellaplarynyň birine deger-degmezine satyp goýberdi. Onsoň hal-ahwal soraşaýyn diýip, mugallym hünärini alanam bolsa, hukuk goraýjy edarada işläp ýören, bazaryň gözegçi polisiýasy, talyp ýoldaşy Berdiniň ýanyna bardy.
Berdi iş otagynda sesini gataldyp, bir ýaşulynyň üstüne haýbat bilen azm urup oturan ekeni. Daş sypatyndan çen tutup, Amanýaz ýaşulyny bazaryň dilegçi gedaýlarynyň biridir diýip güman etdi.
-Ýer-ow, saňsar, barmyň-aý? Nireden çykdyň? – diýip, Berdi ýerinden turup, Amanýaz bilen tas gujaklaşyp diýen ýaly gadyrly görüşdi.
-Öten agşam ýaman erbet düýş gördüm, gardaş. Düýşümde seni masgaralap, işiňden aýyrýalar. Özi bulaşygrak düýş welin, bir ýerinde türmede dagam otyrmykaň diýýän. Ýüzüňdenem gar ýagýar. Ynjaljak gümanym barmy?! Öz-ä ölüp-ýitip gitseňem habar alanok welin, ýene deň bolmaýyn, saglykmyka, hany habar tutaýyn diýdim-de, ýöriteläp gaýtdym – diýip, Amanýaz gülmän-yşman ýalan sözledi.
Amanýazyň gürrüňine ynanmanlygy üçin Berdi:
-Onsoň o düýşüň üçin Hudaý ýoluna bir zat aýtdyňmy? Aýtmadyk bolsaň, mähetdel etme, aýt! – diýip, degişdi.
Amanýaz çynlakaý sypata girip:
-Açyk ýadyma düşenok welin, bir gara janly aýdaýdym öýdýän. Düýşümde-de siziň aladaňyzda, how, men – diýdi.
Berdi ýaňsyly gülümsiräp:
- Eger aýdan bolsaň, ine, şu oturana beriber, kabul bolmajak gümany ýok, ebtine seret, sadaka çöpleýänçimiz şü – diýip, üm bilen ýaşulyny görkezdi.
Amanýazdan gep gutuljakmy? Ol ýaşulyny ýene bir öwre synlap:
-Düýşde aýdan sadakaňy düýşde bermelidir-ä. Huşa näme dahyly bar oň?! – diýdi.
-Beribersene, how, näme malyň egsilýärmi? Sen berme, men berme, näme bular aç ölmelimi? – diýip, Berdi ýaşula garşy elini somlady.
-Agzy açyk aç ölmez diýipdirler, bokurdagyny deşen rysgynam bir ýerden ýetirer, gardaş – diýip, Amanýaz saňsar başga zadyň gürrüňini etdi. – Hol gün gazetde okadym. “Ýer ala, ýurt ala”, nirdedigi takyk ýadymda däl welin, bir ýerde-hä tutuş ýurt boýunça ýekeje gedaýam ýok diýýä. Ummasyz baý ýurt bolarly. Emma gedaýsyz il göz öňüme gelenok. Heý, ynanarmyň şoňa?

-Gazet diýýän bolsa, ynanýan, çyndyr. Gazet hökümediň zady, ýalan ýazmaz. Sen, saňsar, birazajyk otur şu ýerde. Men şu ýaşulyň bellisini edeýin häzir. Onsoň-ň... – diýip, Berdi eline galam alyp ýazmaga häzirlendi.
Amanýaz geçip oturdy.
Berdi gep uruş äheňini üýtgedip, ýowuz görnüşde ýaşula ýüzlendi:
-Häzir ulag çagyrjak. Mölerme! Işim ýok, nirä gitseň, şoňa git, meň gözümden bir üýtge!
Ýaşuly mysapyr garaýyş bilen rehim edilmegini sorap, sessiz ýalbardy.
Berdi sorag berip, ýazyp ugrady.
-Adyň?
-Sähet.
-Familiýaň?
-Hakgyýew.
-Hemişelik ýaşaýan ýeriň?
-Belli ýaşaýan ýerim-ä ýok.
-Aslyň şäherlimi?
-Ýok.
-Haýsy obadan?
-Aktakyrdan.
Şu ýerde Amanýaz başyny galdyryp, ýaşula tiňkesini dikdi-de, gürrüňe goşuldy:
-Haýsy Aktakyrdan?
Sähet dommarylyp, Berdä seredip oturyşyna Amanýaza jogap berdi:
-Ýekeje Aktakyr bar. Şü ilerki Aktakyr-da.
Berdi Sähedi ýalan sözde tutulandyr öýdüp güman etdi, gürrüňe gop berdi:
-Eh-hä, ýeri!
-Beh, nätdiň-aý muny?! – diýip, Amanýaz geňirgendi. - Aktakyryň nireräginde oturýaň? Kimleň ýanynda?
Sähet biraz oýurganyp:
-Sen saňsarlardanmy? – diýip, Amanýazyň özünden sorady.
-Hawa, şolardan. Ýöne sen-ä Aktakyrdan däl.
Berdi ekezlendi. Oturan ýerinden gylaw alyp:
-Ýaşuly, ýalan sözläniň üçin aýratyn jeza berjek häzir saňa – diýdi.
Sähet oňa pitiwa etmedi, hakydasyny dörüşdirip, az salymdan Amanýazyň kakasynyň adyny tapdy oturyberdi:
-Sen Ýagmyr saňsaryň oglumy?
-Hawa. Behh... Kim-aý sen? – diýip, Amanýaz çyny bilen haýran galdy.
Sähet geçmişiň bir sahypasyny ýadyna salyp:
-Kakaňdan sorap gör, çaga wagtyň kel balnysdan kim bilen bile gaçdyň diýip sora, aýdar – diýdi.
Amanýaz gaşyny çytyp, ýuwdundy:
-Kakamyň ýanyna gitsem, hökman soraryn. Ýöne edil häzir-ä oň ýanyna gitmek pikirim ýok. Sebäbi bärde biraz işim bar.
Berdi çyny bilen gaharlanyp, Sähede azgyryldy:
-E-eý, aňkasy aşan haýwan! Muň kakasynyň ýogalanyna bäş ýyl boldy.
-Alty ýyl – diýip, Amanýaz düzediş berdi.
Sähet:
-Men bilmändirin – diýip, ökünçli dillendi. – Duz kessin, Ýagmyryň ýogalanyny bilemok. Men türmeden täzelikde geldim.
Amanýaz gyzyklanyp:
-Hany, sen özüňi tanatsana! Kimlerden borsuň? Aktakyrda aga-ini, garyndaş-hossar kimiň bar? –

diýip, sorady.
Sähet gürrüň berdi. Aktakyra degişli ýerlerini aýdanda ýalan sözlemedi. Tussag edilmeginiň sebäplerini biraz üýtgedip, ýuwmarlap gürrüň beren-de bolsa, barybir Berdiniň muňa gahary geldi.
-Düzüw adam bolsaň, iki gezek oturyp çykmaga hakyň ýok. Seň, ýaşuly, aslyň bozuk. Ynha, bahana bilen obadaşyňy gördüň, indi hoşlaş. Men häzir ulag çagyrjak.
Berdi ulag çagyrmaga ýetişmedi. El telefonyna jaň geldi-de, kimdir biri ony gyssagly bazaryň ulag duralgasyna çagyrdy.
-Ýaşuly, gurduň gündiz uwlady. Derrew ugra şu ýerden! Gaýdyp bazara toýnagyň düşenini görmäýin! Çalt bol, çalt! – diýip, ol Sähedi gyssady.
Amanýaz turmakçy bolup, gozganjyrady. Berdi onuň egninden basdy.
-Sen oturyber. Men häzir gelýän. Iş-dä. Iki sany oglan uruşýar diýip jaň etdiler. Häzir şolary alyp geleýin. Kän eglenmen.
-Ýok, gardaş, sen arkaýyn işiňi ediber. Kömek gerek bolsa, aýt! Bolmasa-da, men gaýdaýyn. Esasy zat, janyň sag, başyň dik ekeni. Indi ynjaldym – diýip, Amanýaz degişdi.
Howul-hara hoşlaşdylar. Berdi süýem barmagyny gezäp, Sähede azm urdy:
-Eşidýäňmi? Gözüme görünme, görünseň, heziliňi alaryn!
Onsoň papagynyň gaşyny basyp, çagyrylan ýere garşy eňdi.
Belanyň wagtlaýynça-da bolsa, başyndan sowlanyna süňňi ýeňlän Sähet gapydan çykan ýerinde Amanýazy saklady.
-Onsoň biziň jaýymyzda kim ýaşaýar indi? – diýip sorady.
-Ajap ýeňňe ýaşaýar – diýip, Amanýaz jogap berdi.
Sähet ör-gökden geldi.
-Be-e, ol entegem dirimi? – diýdi.
-Öldi diýseňem boljak. Diňe demi gelip-gidýär. Käte künnük ýaly bolup, tamyň kölgesinde oturardy. Soňky döwürler-ä tüneginden çykanok. A sen beýdip ýörmän, oba barmaly ekeniň-dä. Ýurduňyza eýelik etjek dälmi?
Sähet uludan demini alyp:
-He-e-eý, Ýagmyryň ogly! – diýdi. – Giň ýeriň gürrüňini edýäň. Men indi gutaran adam. Meňem diňe demim gelip-gidýär. Sag bykynyň çişse, gowy däl diýýärler. Bagrymda bir bela-ra bar. Hi-iç maza berenok. Ine, çişip durandyr.
Amanýaz bir alamat görmekçi bolýan deý onuň garnynyň sag tarapyna garady. Sährdiň köne penjeginiň üstünden hiç zat saýgarmady.
-Agzyňdan gan gelse-de, erbet. Men düýn gan gusdum.
-Sen, how, beýdip ygyp ýörseň, bir ýerde ýykylyp ölüp galarsyň. Kim ýygnasyn seni?! Oba bar, ölmänkä Ajap ýeňňe bilen razylaş! – diýip, Amanýaz göwnüne geleni diline getirdi.
-Men oba barmasam, “Ýylgynlyda” jaýlamazlar öýdýäňmi? Ine, şäherde öldüm-dä? – diýip, Sähet Amanýazyň asla garaşmaýan sowalyny berdi.
-Juk. Jaýlamazlar. Seň bu ýerde öleniňi kim bilsin? Onsoňam “Ýylgynlyda” indi hiç kime ýer ýok. Obada, näme, adamlar ölýän däldir öýdýäňmi? “Ýylgynly” doldy. Indi öňki doňuzýatagyň ýerinden täze öwlüýä açyldy.
-Ejem “Ýylgynlyda” jaýlanypdy. Çalaja ýadyma düşýär.
-Dagy-dugyň-a bilmedim welin, ýurduňa eýelik etseň, oňat boljak. Galanynam gör özüň. Oba gitseňem, düş yzyma. Men-ä ýöredim.
Amanýaz saňsaryň garasy ýitýänçä Sähet onuň yzyndan seredip durdy. “Beh, bir zad-a soraýyn diýip durdum welin, Şeýtan dilimden kakyp aldy-da” diýip, ol unudan zadyny ýadyna saljak boldy.

Şol gün öýleden soň Amanýaz saňsar Güýzmyrat aga duş gelip, Sähet barada gürrüň berdi. Ýaşuly ony ap-aňsat tanady.
-Käte ýadyma düşýär şo. Bizden-ä kiçiräk bolmaly. Men ony ölendir öýdüp ýördüm.
-Ölmändir. Ýöne bu gün-erte öljegi görnüp dur. Bagry gutarypdyr. Gan gusýan diýýä.
-Häý bedibagt-eý! – diýip, Güýzmyrat aga çyny bilen gynandy. – Özüni gaty şalpaň tutan eken-dä. Indi nä hyýala münüpdir? Oba geläýsem diýýärmi?
-Ýo-ok. Öläýmese, oba geljege meňzänok. Ýöne ölsem diýdi, obada jaýlarlarmyka diýdi. Men näme diýendir öýdýäň? Şu wagt täze öwlüýä açdyk diýdim, şoňa gyssagly gonambaşy gerek, edil häzir ölübilseň, bagtyň çüwüp, Aktakyryň taryhyna girýäň diýdim. Ha-ha-ha!
Amanýazyň bu gürrüňleri Güýzmyrat aganyň ynjalygyny gaçyrdy. Eger bu saňsaryň diýýänleri çyn bolup, Sähet bu gün-erte öläýse, onam oba getirip, jaýlamaly bolaýsa, iş pyrryk! Ol täze gonamçylykdaky ilkinji mazar boljak. Onsoň Şükür gyzylyň aýdyşy ýaly, adamlar gonambaşy hökmünde ilki jaýlananyň adyny gonamçylyga dakyp oturyberseler, tüýs bolaýjak! Sähet gedaý diýlip, hudaýuran biriniň ady galsa! Ömrüni bipeýan ötüren işigaýdany gonambaşy edäýseler, ýeri, nädersiň?!
-Ýagdaýy egbar diýdiňmi? – diýip, ol halys mazasy bolman, Amanýazdan sorady.
-Gaty egbar! Ozal-a Hudaý işidir welin, ýüzi bu dünýäň adamsynyň ýüzi däl. Uzak syňsyraklar öýdemok.
“Kim ölse-de, arassa, oňat adam ölewersin! Heý, Sähetdenem bir gonambaşy bolarmy?” diýip, Güýzmyrat aga aladaly oýlandy.
Güýzmyrat aganyň ynanjyna görä, öňýeten ölini gonambaşy edäýip bolmaz. Gonambaşy bolmagyň öz şertleri bar ahyryn. Ölüler direldilip, asgyryşyp, ýerlerinden turanda gonambaşy yzynda duranlaryň öňüni çekip, Haşyr meýdanyna barmaly. Hasap-hesip edilýän wagty Allatagala bendesiniň ýazygyny gonambaşynyň hormatyna bagyşlap biler diýen ynam şu gün tapylan toslama däl, ata-baba bar zat. Aslynda-ha gonambaşy öwlat nesli bolsa oňat görlüpdir. Adamlar öwlat çagasynyň beýlekilerden göze görünmeýän artykmaçlygynyň bardygyna ynanypdyrlar. Eger öwlat nesli ýok bolsa, onda eteginde namaz okabermeli, güýçli ahun-pirler gonambaşy edilipdir. Gonambaşynyň ýazykly bendeleriň günäsiniň ötülmegi üçin Allatagaladan merhemet dilejekdigine ynanypdyrlar. Allatagalanyň rehim-şepagatynyň çägi ýokdur. Öz söýen gulunyň hormatyna onuň yzyndaky bendeleriň günäsini ötüp biler. Merhemet eder. Şoň üçin adamlar Hudaýyň merhemetini gazanyp biljek hatyraly gonambaşyň bolmagyny isläpdirler. Meselem, Gädik işan ýaly adamlar gonambaşy bellenipdir. Eýse, Haşyr güni Gädik işanyň yzyna düşüp, Hudaýyň huzuryna barybilseň, armanyň näme? Ata-babasynyň gurbany bolaýyn, Gädik işanyň aňyrsy ýanyp duran öwlat. Sadagasy gitdigim, işan agaň özem o dünýesini gazanan adam. Allatagala olar ýaly adamyň dilegini boş gaýtarmaz. Gonambaşy diýeniň, ana, şolar ýaly bolmaly!
Emma adamlaryň birentegi ilki jaýlanan adam gonambaşy bolmalydyr öýdüp ýalňyşýar. Gonamçylyga-da özüçe at dakyp goýberiberýär. Eýse, şü täze gonamçylyga ilki öleniň adyny daksalar, ýagşymy? Birden ilki bolup uzyn etekli biri öldi-dä, şonda nädersiň? Aýal-ebtadyň adyny dakyp oturyberjekmi? Bi görlen-eşdilen zat däl-ä. Aýal adamyň adyny, ynha, sygyra, düýä daksa bolar, ýöne öwlüýä dakyp bolmaz-a. Herki zadyň ýeri bar. Amanýaz saňsary gepletseň, “Onda bi ilerki derýaň ýakasyndaky “Gyzbibi” näme?” diýip, ters dawa tutdurýar. Hawa, “Gyzbibi” bar. Ýöne ol hasap däl. Ol ýeke mazar.
Ir döwürler derýanyň joşup, çasly akýan mahaly goňşy obalaryň birinden bir gyz suwa gark bolupdyr. Hossarlary onuň gark bolanyny bilmändirler, suwdan däl-de, gury ýerden gözläpdirler. Has takygy, gyz biri bilen gaçyp gidendir diýip güman edipdirler. Assyrynlyk bilen ondan-mundan sorag-ideg edipdirler, ýer ýykyp gözläpdirler. Emma şunça ot-elek urunsalar-da, derek tapmandyrlar. Gyzyň uly ýeňňesi bir düwünçek aklyk bilen palça-da ýüz tutupdyr. Gözden uçan baldyzyna ne döw çalanyny jikme-jik aýdyp berse, baýragyň ulusynyň entek öňdedigini aýdypdyr. Palçy aklygy az görmändir,

baýragyň uludygyna-da güman eden däldir. Eýse, onuň gurrasy duşmandyr, paly pak çykypdyr. “Ýitigiňiziň bitiniň burnam ganamandyr. Sabyr ediň! Basym bir ýerden habary geler. Töwellaça garaşyberiň!” diýipdir. Gyz bolsa iki-üç günden soň Aktakyryň ileri tarapynda suwuň ýüzüne çykypdyr. Adamlar ony derýaň kenaryna çykarypdyrlar-da, “Şehidiň gabry onuň meýdiniň tapylan ýerinde gazylmalydyr” diýşip, şol ýerde depin edipdirler. Elbetde, gyzyň hossarlary birnäçe günden soň bu habary eşidipdirler. Patasyny alypdyrlar, aş-suwuny beripdirler. Ýöne mazary göçürjek bolmandyrlar. Ýat obadan akyp gelip, şehit ölen gyzyň mazaryna il derrew at tapypdyr: “Gyzbibi”!
Bir gezek saý-sebäp bilen Güýzmyrat aga “Gyzbibiniň” gabadyndan ötüp barýarka ýeke mazaryň başujuna dikilen agaja daňylgy köpsanly mata böleklerini gördi. “Derdine dowa isläp, gelýän kän ekeni” diýip pikir edipdi. Ähtimal, gelýänler şypa tapsa, tapýandyr, bu Allanyň erkindäki zat. Emma mazarda ýatan gyz gonambaşy däl, sebäbi onuň töwereginde başga mazar ýok. Güýzmyrat aganyň aladasy täze gonamçylyk. Täze gonamçylykda ýeke mazar bolmaz, adamlar saglyk bilen ölüp dursa, munda jaýlanan kän bolar. Diýmek, köpüň öňüne düşer ýaly gonambaşy gerek.
Amanýaz saňsary diňleseň, şu pikiriň özi-de gülkünç. Onuň düşünjesine görä, gonambaşy Hudaýdan häki bir delalat isläp tapylan zat. Hudaý bilen bendesiniň arasynda hiç hili araçyň geregi ýok. Hudaý öz bendesini araçysyz hem gowy tanaýandyr. Sen deýýus adam bolsaň, gonambaşy elli iki dileg edende nä, Allatagala deýýusa öz jezasyny bermez öýdýäňmi? Gepiň gysgasy, gonambaşyly warsaka ynanmak – öz-özüňi aldamak.
Amanýaz şu zatlary edil o dünýä gidip gelen ýaly, gözi bilen görüp gelen ýaly aýdýar. Elbetde, o saňsar okumyş, gije ýatman kitap köküni okaýarmyş. Ajyksa, aýaly nana derek eline kitap tutdurýarmyş, onsoň ol şo kitaby okap gutarýança garnynyň açlygyny ýatdan çykarýar diýýär. Bolup biler, eger Şeýtanyň kitabyny okamaýan bolsa, gowy iş edýär. Emma ki namaz-rozasyz gezip ýören Amanýazyň janygyp gürrüň berýän zatlaryna Güýzmyrat aga ynanyp baranok. Ýeri, sen okuwly adam, düşünjäň zor, Allany tanajak bol ahyryn. Hakyň ýoluny tutmadyk adama Güýzmyrat nädip ynansyn?
Bir gezek ol Amanýaza şuny diýibem gördi.
-Güýzmyrat aga, Hudaý diýilýän zat adamyň ýüregindedir. Sandygyňy arassa sakla. Bolany. Eger sen sandygyň hapa bolup, gije-gündiz namazlykdan düşmän oturaňda näme peýda görjek? Hudaý o zatlary görmeýändir öýdýäňmi? – diýip, Amanýaz eňek bermedi.
Elbetde, Güýzmyrat aganyň jedelleşesi gelenok. Şol gezek ol:
-Seňkem bir hasap – diýipdi.
Amanýaz bolsa pikirlenmezden-zat etmezden, muny ylalaşyk diýip hasap etdi.

26.

“Indi şu çagaň atasy kim? Menmi ýa däl?” diýen sowal üznüksiz gaýtalanyp, Polady ber-başagaý etdi. Bir gezek Ýazbibi arlyk ýuwmak üçin daşaryk çykan mahaly ol bäbejigiň endamyndaky göm-gök damarjyklardan öz ganynyň akýanyny ýa akmaýanyny saýgarjak bolýan ýaly, esli wagt seredip durdy. Gyzjagazyň özüne meňzemeýändigini delillendirip biljek göze dürtülip duran alamat gözledi. Çal göz çaganyň mürşerip duran gyzyl ýüzi Poladyň kalbyndaky şübhäni ne-hä ýalana çykardy, ne-de tassyk etdi. Kiçijik ynsan sessiz sorag alamatyna öwrüldi. “Kim men? Hany tanajak bol! Kimiň neslidigimi biljek bol!” diýip, ýeser sorag berip başlady. Ýeri, nädip bilersiň?
Munuň ýeke-täk dogry jogabyny diňe Ýazbibi bilýär. Ähli hakykat Ýazbibä aýan. Ol Polada dogrusyny aýtsa, diňe hudaýlygyny sözlese, mesele Aý dogan ýaly boljak. Ýöne dogrusyny aýdaýar öýdýäňmi? Aýtmaz. Aýtjak gümany barmy? Eger hakykat Poladyň güman edişi ýaly bolaýanda-da, Ýazbibi: “Hawa, şu çagaň çyn atasy Jumadurdy” diýmez. Gatyrak gyssaberseň, gözüni sykar oturar, ýöne syryny açmaz, açsa, bu zatlaň soňy bar, soňy!
Polat Ýazbibini saman astyndan suw goýberip ýören saýdy. Nähilidir bir gümürtiklikde aýplady. Sallançakda ýatan bäbejigiň öz bilinden dörändigine şübhesi artdy. O gyzjagaz öýe şatlyk, bagt getirmegiň deregine hasrat alyp geldi.

Ýazbibi içýan! Ol Polady oslagsyz sokdy. Ýazbibi bala zäher gatdy. Indi zäheri alaga-da, eline berip, ony köçä çykaryp kowaýmasaň, alaç ýok. Ýok, kowsaň, bolmaz. Elin eltip, enesiniň duluna dykyp gaýtmaly. Goý, öz zäherini özi datsyn! Öz guran gapanyna özi düşsün! Pälinden tapsyn! Nätse, şeýtsin! Şonda Jumadurdyň goýun gözli gelni hem Polady gezip ýören gury san hasap etmez, onuň ärsumak däldigine, ar-namysy bilýändigine göz ýetirer. Aslynda Jumadurdyň gelniniň Polat baradaky düşünjesiniň hajaty ýok. Esasy zat, baly zäherden arassalamaly. Polat öňdengörüjilik bilen: “Etmelisi şu. Ýöne başarman. Başa barjak zat däl” diýdi.
Eýse, onuň kesekiniň çagasyna ýal bermäge, özümiňki diýip, söýmäge, guwanmaga islegi ýok. Islegem ýok, hakam! Ulaldygyça Jumadurda meňzäp barýan çagany, ýeri, nädip söýersiň? Binamyslyk, wejeralyk, masgaraçylyk!
Özüni galmaz güne salandygy üçin ol Ýazbibini näletledi.
Polat ýüregini bire baglady. “Asylam men gyz bäbejige garaşamokdym, oglum bolmajak bolsa, gyz boldy nä, bolmady nä?!” diýdi. Gyz diýeniň bagyň saýasy ýaly bir zat. Gün depeden aşansoň, kölege durmaz, ýokarlygyna süýşer gider, daşlaşar, başga ýere saýa salar, saňa saýasy ýetmez. Ýöne, ine ogul diýeniň, başgaça. Ol öýüň öresi! Ojagyň ody! Ogul seniň dowamatyň! Poladyň ejesimi, agalarymy, ýa başga birimi, “Oguldyr döwletiň başy” diýýärdi.
Gyzjagazy öldürip dynmaly! Diňe şondan soň rahatlyk bolar. Ýazbibiniň birneme lägirmegi mümkin, o-da özünden görsün! Häzir esasy zat, bäbejigiň demligine ýapyşan wagty Poladyň eli sandyramasa bolýar. Sandyrasa, başarmaz!
Ýazbibi abanyp gelýän howpy syzan dek esli wagt gyzynyň ýanyndan aýrylmady. Poladam hiç amatyny tapmansoň, bäbege gijäniň birmahallaryna çenli ýaşamaga bialaç pursat berdi. Ol daňa golaý çala saýgardýan tümlükde töwekgellik etdi, ýassygyny ajala öwrüp, çaganyň agzyny-burnuny howadan kesdi. Gyzjagaz demsiz-düýtsüz bolýança elini aýyrmady. Ýerine geçensoň, çaga ölüm getiren ýassyga başyny goýasy gelmedi, goluny ýassandy. Onsoň tä Ýazbibi oýanyp, tirsegine galyp, sowan we gatap ugran kiçijik jesedi gujagyna gysmak üçin sermeneкläp tapýança, tapansoňam zähresi ýarylan ýaly ýürekýargynç gygyryp başlaýança azap çekip, garaşdy, edil ukudaky ýaly birsydyrgyn dem alyp, oýa ýatdy.

27.

“Sypaýyçylyk bilen ejeme Akmyrat daýymlar gelibersin, men razy diýäýsem, bolmazmy?” diýen pikir Suraýa al salyp ugrady.
Ejesiniň aýdyşyna görä, Akmyrat daýysy iň bolmanda ýene bir gezek geler. Eger Suraý göwnese, Ogulgülem uzak tykyrap durmasa gerek. Kakas-a baýaky. Bular ýaly meselede Amanýaz jylawy gep-gürrüňsiz Ogulgüle berýär.
Eýsem-de bolsa, Akmyrat daýysynyň henize çenli şäher görmedik “gyzdanam gylykly” diýilýän sada ogly Suraýyň aýbyny biler öýdýärmiň? Uzyn etekli görse, gyzaryp, ýüzüni ýerden galdyryp bilmeýän utanjaň oglanyň ilkinji gijede Suraýyň müýnüni aňmaga üşügi ýetermi? Suraýyň ozalam bir güzere inip, başga derýaň suwundan dadyp görendigini aňşyrmaga ukyplymyka? Eger aňaýsa, şol gün kyýamat gopdy biläý. Eger aňar öýdýän bolsaň, onda beýle işe töwekgel bolma! Ýöne şo gije, diňe ýekeje gije emelini tapyp, asgynjaň ýeriňi hile bilen örtüp bilseň, ömürylla-da bilmez. Emel gytmy? Suraýyň ýagdaýyny bir-ä Jahan bilýär, birem Şalar. Jahan-a diline bekdir, bular ýaly meselede onda-munda ýaňrap, hata goýbermez. Şalaram edil häzir-ä türmede. Boşap gelensoňam akyly gözünde bolar. Suraýyň kynlyk bilen ýola düşen arabasyny agdarmaga hyýal etmez. Aslynda Suraýy çoçgara çolaşdyran Şalar dälmi? Bilse, uly biabraýçylygyň başyndan sowlanyna ol şükür etmeli. Gyza gytçylyk barmy näme, Suraý bolmasa, ýene biri. Maňlaýyndakyny görer-dä.
Suraýam bu zatlary maňlaýyndan görmese, başga alajy ýok. Akmyrat daýysynyň ogly bilen geçirmeli ilkinji gijesi oňa tümlükde däli derýaň üstünde gurlan insizje paýapyl bolup göründi. Yraň atyp duran ol paýapyldan diňe mekru-al bilen geçmeli. Emeliň bolmasa, geçjegem bolup oturma, pikiriňe-de

getirme! Ýalňyşyňy ýaşyrmaga hiläň bolmasa, paýapyldan dikbaşşak kelemenläp gaýtjagyň ujy ýeke. Emma abraý bilen o kenara özüňi atańsoň, zowal ýok.
Ejesi aýtmyşlaýyn, Akmyrat daýylary guraýak, kemyrsgal, ertirligini elenip, öýlänligini ölüp tapýarmyşlar. Olaryň öýünde ala-böle Suraýa bol-telki ýaşaýyş garaşyp duran däldir. Gelin bolup baransoň, sülmüräp, uzak oturmaz. Meýdan işine gitmeli bolsa gerek. Otag diýdi, pagta ýygymy diýdi, mal-garaň oty-çöpi... Eňibermelidir. Suraý: “Goýberen säwligimiň jebri şümükä?” diýdi.
Adam başy – daşdan gaty! Ol-a ýetde-gütde durmuş ekeni, başyna düşse, adam pahyr has agyr günüň keşigini çekmäge-de döz gelýär. Suraýam kysmatyna kaýyl bolar. Ýöne şu şermende haly bilen nädip daýylarynyň ýüzüne seredip biler? Keseki tohumdan dünýä inderjek çagasyny olara nä ýüzüne görkezsin? Elbetde, olar öz gany gatyşmadyk bäbejige bigäne biriniň dahyllydygyny gümanam etmezler. Söýerler, küşşüklärler. Ýagşydan-ýagşy at dakarlar. Emma Suraý neneňsi haýa bilen olaryň begenjine şärik bolsun? Bi är boljak işigaýdan damarynda Şalaryň gany akýan çaga oglum ýa gyzym diýen halaty Suraýyň ýüzi üýtgäp gyzarmazmy, bozarmazmy, tisginmezmi? Ýa soňlugy bilen öwrenişer gidermi? Edip oturan pikirleri Suraýy gorkuzdy.
Ony ýadawlyk basdy. Usurgady. “Gyran degen, beýdip ýaşanymdan ölenim gowy dämi?” diýen pikir masgaraçylykdan gutulmagyň başga bir ýoluny salgy berdi. Asyl görüp otursa, Suraýyň ýüzügara bolmazygy üçin ýeke-täk ýol galan ekeni – bu dünýäň eşretinden geçmeli! Eşreti barmy diýsene ýumrulmyş hazan alanyň?! Ýigrimi ýyl ýaşap, Suraý, heý, eşret diýilýän zady gördümi? Görjek bolsa, şu çaka çenli görerdi. Mundan aňyrda hezillik bardyr öýtme. Görjegiň görgi bolar, çekjegiňem ezýet. Sen bir bagty küle çöken bolduň! Seniň ornuň, biler bolsaň, ýeriň üstünde däl, ýeriň astynda! Seniň ornuň hol kybladaky täze gonamçylykda! Täze gonamçylykda ilkinji bolup gabra girmek belki, saňa nesip etjekdir. Mert durup, janyňa gyý, öl, şu gün ölübilseň, eglemezler, ertirden gijä galman, tümmegiňi taýýar ederler. Eýse, ol bu pikirden gorkmady, gitdigiçe oňa maýyl boldy. Başa düşen betbagtlykdan gutulmagyň ölümden gaýry ygtybarly usulyny görmedi. “Ölüp gutulsaň, kaýyl bol!” diýdi.
Nädibem bolsa, kösenmän, jany gynaman öljek bolmaly. Suraý gulpagyny tasadyp ýören mahallary Selim agaň Şasenem atly bir gyzy öz janyna kast edipdi. Şasenem daňdanyň ümüş-tamşynda üstünden bir bedre nepýagy guýupdyr, ýogyn tanap bilen özüni köçäň ýakasynda dikilen tilagaja sarapdyr. Soňam otluçöp ýakypdyr welin, gürpüldäp, wägirýän gyzyl oda öwrülipdir. Ýöne Şasenem bada ölmedi, keselhanada üç günläp iňläp ýatdy, ezýet baryny çekip öldi.
Ýok, Suraýa beýle ölüm derkar däl. Onuň şindiki görýän görgüsi azmy?! Beýle işe baş goşubam ölüp bilmän kakynyp, silkinip ýatjak bolsa, nä azary, ne derdi! Janyňdan ireniň çynmy, gulaç boýy ýüpden sallan-da, tapyr-tupur asylyp öl! Jany artyk gynap nätjek, çala hyrk edersiň, demiň sogrular. Onsoň senlik iş tamam. Onsoň sen bu dünýäň adamsy däl. Jesediňi gaýgy etme, soňraky işi yzyňda galjaklar eder.
Bassyrmada kakasynyň goýun soýan wagty ulanýan ýüpi bolmaly. Amanýaz saösar ol ýüp bilen damak çalmazdan öňinçä goýny güýlerdi, soňam agaçdan asardy. Goýny göteren ýüp Suraýy hem göterer. Suraý ejizlemese, ýüp ejizlemez. Ýöne haçan, näwagt ölmeli? Onsoňam nireden asylyp öljek? Ana, şulaň bellisini etmeli.
Wagty anyk. Daň atmazynyň öň ýany tüýs ölüm pillesi. Hiç kim päsgel bermez. Suraý mal ýatagyny amatly saýdy. Goýun agylynyň üstüne atylan pürsleriň birinden ýüpi aýlap geçirse, aýagynyň aşagyna bedräni düňderip goýsa, ýüpden boýnuny geçirensoňam, bedräni aýagy bilen depip goýberse...
Suraý ýüpden asylan jesediniň hallan atyp duran suratyny göz öňüne getirip, höwessiz geňirgendi. Şular ýaly elhençligi oýuna getirmäge-de howatyr ederdi. Häzir bolsa, öz ölüminiň taslamasyny çyzyp otyr. Masgaraçylykdan gutulmak üçin ol bialaç şu ýoly saýlady. Tohum-tijiniň abraýyny gaçyrmazlyk üçin ajala gol bulaýar. Neneň edip, ol bu karara gelip bildi? Suraý: “Başga çäräm galmady” diýdi.
Daňa golaý ol aýgyt etdi. Sessiz ädim urup, juda seresaply daş çykdy. Gündizki gizläp goýan ýerinden ýüpi çykaryp, ýaltaklap, mellegiň aýagujyndaky mal ýatagyna ýöredi. Bedräni almak üçin eglip durka

agyldaky dört sany goýun ör turup, tapyrdaşdylar. Garaňky burça dykylyp, aýak üstünde durdular-da, ýokarky pürsden ýüp geçirjek bolýan aljyraňňy gyza seredişdiler.
Suraýýňky bolmady. Pürse eli ýetmän ber-başagaý bolup durka duldegşir goňşularynyň öýünden çykan çirkin sese tisginip, endamy jümşüldäp gitdi. Poladyň gelni Ýazbibi yzyny üzmän, möňňürip aglaýardy.
Kimdir biri häliden bäri özüni sessiz synlap duran ýaly, Suraý aljyrady, gyssandy. Ýazbibiň sesine il örmänkä ýüpi gapdaldaky bedäň astyna oklady-da, bedräni alan ýerinde goýdy. Howlukmaç işige ýöneldi. Daş işikde ejesi pete-pet gelip:
-Nireden çykdyň, gyz? Bi goh näme? – diýdi.
-Bilmedim. Ýazbibiň sesi öz-ä. Tas ýüregim ýarylypdy.
Ogulgül böwrüne doňuz diňini salyp, biraz diňşirgenip duransoň:
-Wah-eý, Ýazbibiň bäbejigi üýgäýipdir öýdýän – diýdi.
-Wah-eý! – diýip, Suraýam gynandy.
-Bar, gyz, beýdip digdenekläp durma-da, suw iç, gorkansyň! – diýip, Ogulgül bimahal ses çykan tarapa gidip barýarka Suraýa tabşyrdy.

28.

Süňňüne duýdansyz aralaşan mejalsyzlyk Sähedi tapdan düşürdi. Biliniň, dyzynyň kuwwaty äşgär kemeldi. Ysgyn-deramatdan aýryldy. Ol ilki muny argynlykdyr öýtdi. Uzakly gün ýatyp, bedenine dynç berse-de, öňki mydarasany tapmady. Onsoň munuň sebäbini bagryna ýolugan näbelli dertden gördi. Garnynyň sag tarapynda çişiň köpelmegi onuň ynjalygyny elinden aldy. Sähedi ähli gazanjyndan goýdy. Ol iki günläp bazara gitmedi. Zeýnebiň getireninden göwünli-göwünsiz iýip, bihuda ýatdy. Üçünji gün Zeýnepden çakyr sargap getirtdi. Zeýnebiň iňirdisine ýanap, çakyrdan iki käsäni huruşsyz jyňkydansoň, biraz başy aýlandy, ýüregi bulandy. Çakyr onuň güýji egsilen bedenine birjigem gujur goşmady. Onsoň garnynyň çişini eli bilen sypalap, zoraýakdan dikeldi-de, igenji, zeýrenji garym-gatym edip oturan Zeýnebi köşeşdirmek isledi.
-Ynha, birki günden işe başlaryn, onsoň elimiz giňär – diýip, ol öz ynanmaýan zadyny aýtdy.
Iki gün bäri göwnüni şübhä basdyryp oturan Zeýnep:
-Giňärmikä? – diýdi.
-Gitjek ýeri nire? Men, näme, gazy gazyp, ýer depmek aladam ýog-a. Bazara girip, gün içinde üç sagat oturybilsem, ikimize şundan ýetýär – diýip, Sähet süýem barmagy bilen bokurdagynyň tümmi ýerini syhap görkezdi.
-Hawa-la. Ýetýä-le. Sen özüňi oňarsaňam bolýar. Men pensiýam bilenem mydar edýän-ä.
Oýaly-ukuly kän salym ýatansoň, gijara Sähet:
-Mazary pul berip gazdyrýarlar öýdýän? Şeýlemi? – diýip, Zeýnebiň ýatsa-tursa kellesine gelmejek gürrüňini tapdy.
Zeýnep oýurganyp:
-Hawa – diýdi. – Az-küşem däl. Eslije tölemelimiş.
-Öňki ärsumagyň ölende sen pul berip gazdyrdyňmy?
Zeýnep geçmişi ýatlap, gussa bilen:
-Ony hossarlary ýygnady – diýdi. – Ýöne öten ýyl aşaky goňşyň ogly ölende tölediler. Ýörite hakynatutma mazar gazýanlar barmyş. Muny nämüçin soradyň? Ölen barmy?
“Öljek bolýan bar” diýip Sähet içini gepletdi. Daşyndan:
-Birden öläýsem, meň mazarym üçinem pul tölemeli bolar. Şo ýadyma düşdi. Zeýnep, men uzak ýaşaryn öýdemok – diýdi.
-Gorkma, ölesiň ýok.
-Gorkamok-la – diýip, Sähet ýalan sözledi.
-Ýaşasyň gelýän bolsa, içgiňi goý, içgiňi! – diýip, Zeýnep talabedijilikli ýüzlendi.

-Bilip bolmaz, Zeýnep, bardy-geldi öläýsem, meni öz obamda jaýlarlarmyka? Obada mazary mugt gazýarlar.
-Gara-gaýgyň mazar gazýanyň hakymy?
-Diňe o däl. Elbetde, mugt bolsa gowy bolardy... Zeýnep, meni obada jaýlasalar gowy görjek. Aktakyrda. Düşünýäňmi?
Zeýnep çynlakaý pikire çümüp, iň soňunda:
-Seň obada kimiň bar? Hiç hili hossarym ýok diýýädiň-ä.
-Hossarym-a ýok. Diňe ejemiň mazary bar. Meni tanaýan adam azdyr indi o ýerde-de.
-Kimiň öň öljegini bilýän ýok.
-Çeýnemeli çöpi tükenensoň, durjagam ýok. Meň çöpüm tükenip ýörendir indi. Men aňýan, Zeýnep.
-Hany, tüketsene, Sähet! Heý, şundanam bir gürrüň bolarmy? Gowy gürrüň et!
Ertesi Sähet ir oýandy. Jahan ýagtylmanka yra-dara ýerinden galdy. Düýnkiden galan ýarty çüýşe çakyry howlukman başyna çekensoň, ümezläp duran gözlerini gyrpyjykladyp, bir zatlary ýadyna saljak boldy.
Zeýnebiň:
-Gara daň bilen turşuňa içýäniň şo zährimar bolsa, ýetjek derejäňe ýetipsiň. Adam diýeniň ir bilen gyzgynjak çaý içer, oduk-buduk çeýnär. Bi bolsa... – diýen hüňürdisine pitiwa etmän, diwaradan ýapyşyp, birsellem aýak üstünde sessiz durdy. Eýlesine-beýlesine birki gezek düňderilensoň, ýorgany başyna çümrüp, gaýtadan uky derýasyny boýlap ugran Zeýnebi çalasudur saýgardy-da:
-Şu gün hepdäň haýsy güni? – diýip sorady.
Zeýnep ýorgany serpip, öwhüldedi.
-Dynç güni – diýip jogap berdi.
-Dynç güni gowja gazanyp bolýar, sebäbi bazar ir örýär, adamam kän.
-Sen gidäýsem diýýäňmi? Içdiňem-ä?
-Gideýin, Zeýnep. Öýde eplenip ýatanym bilen nebsi agyryp, pul berjek ýok.
-Dogry aýdýaň, git! Juda ýaramasaň, biraz otur-da gaýdyber. Boş goýbermezler.
Sähet gitdi. Pyýadalady. Taksi saklamaga puly ýokdy. Ol çalt ýadady. On iki süňňüniň, esasan-da aýaklarynyň ýaltalygy tutdy. Ädim urşy haýallady. Ýarym sagatda geçen ýoluny göz öňüne getirip, başyny ýaýkady. Mejaly gaçsa-da, haly teňleşse-de, Sähet yza dönmedi. Hamana, güwläp duran bazaryň bir gyrasyndan girse, egbar ýagdaýy düzeläýjek ýaly, öňe ümzük atdy. Aýagyny ýerden kynlyk bilen göterdi, ädimini zordan ätdi. Gaýrat etdi.
Barybir Sähede bazara ýetmek başartmady. Demini almak üçin bir haýatyň düýbünde dyzyny epdi. Diwara ýaplanyp oturyşyna ilki-hä zibilhana bolmasa-da, hapa-supadan dörän uly üýşmege seretdi. Soňundanam “Zibil dökmek gadagan!” diýlip ýazylgy demir bölegine gözi kaklyşdy. Onsoň baýak meýhanada çenden kän içeni sebäpli uzak gijäni şu ýerde, şu zibiliň içinde geçirenini ýadyna saldy. “Içginem ýaşlyk göterýär öýdýän. Birmahallar nähili içýädim. Şo mahallar içip ýykylan ýerim boldumyka?” diýip ol garjaşyk pikir etdi.
Dyz epeni bilen, diwara ýaplanyp oturany bilen Sähediň taby gowulaşmady. Gitdigiçe ýaramazlaşdy. Başy aýlandy. Zibiliň porsy ysy ýüregini bulady. Ol elini ýere diredi-de, gapdala eglibräge-de ögedi. Bir demde ajy suwuklyk bilen bir lagta gan gusdy. Şundan soň onuň ozalkyja mydary hem galmady. Gusugyndan bir ädim beýläk süýşmäge-de rowgaty çatmady. Essi aýyldy. Özüni uky basýandyr öýtdi. “Irkileýin. Irkilsem, oňat bolaryn” diýip pikir etmäge ýetişdi.
Sähediň halyndan habar alan bolmady. Gün dogandan soň waglap ören siňekler onuň entek guramaga ýetişmedik gusugyny we çyrşak-çyrşak bolan ýüz-gözüni hekem edindiler.
Ahyry geçip barýan orta ýaşly biri onuň bäş ädimliginde aýak çekip:
-Heý! Heý, ýaşuly! – diýip gygyrdy.
Sähetde hiç hili gymyldy-hereket görmänligi üçin oňa bada-bat gorky ýetişdi. Näderini bilmän aljyrady. Ýaltaklap, töwerek-daşyna äňetdi. Aňyrdan gyssanmaç ýöräp gelýän ýigdekçäni saklady-da:

-Inim, ho ýatana bir seret-le! Dem alýamy şo? Seň gözüň ýitidir – diýdi.
Ýigdekçe äm-säm bolup duran bu kişä geňirgenip seredensoň, çekinmezden-zat etmezden, Sähediň ýanyna bardy. Eglip, ýüzüne seretmäge durdy.
Orta ýaşly kişi bolsa, gorkudan doly aýňalyp bilmänligi üçin bary-ýogy bir ädim golaýa süýşüp:
-Dirimi? – diýip sorady.
Ýigdekçe:
-Ölüpdir öýdýän. Siňekläpdir. Dem alýana meňzänok – diýdi.
Ötegçiler ýuwaş-ýuwaşdan üýşdiler-de, hyşy-wyşy edişdiler.
Maňlaý saçy düşen, at ýüzli, burunlak bir adam kän seredip duransoň, Sähediň ýanyna baryp, üstüne abandy-da:
-Sähetm-aý bi? Sähet-t! Häk, pahyr… Öýünde-de ölmändir – diýdi.
Başga biri:
-Tanaýaňmy muny? Öýi nirede? – diýip sorady.
At ýüzli adam:
-Öýüni bilemok. Ýöne Sähetdigini bilýän. Türmede bile oturypdyk – diýip mydyrdady. Soňundan bolsa:
-Men-ä işe ýetişmeli – diýip, ol ýerden daşlaşmak bilen boldy.
Birazdan “Tiz kömegiň” ulagy geldi. Ak ýektaýly lukman Sähediň saň gaty bolan we buz ýaly sowan elini elläp gördi-de:
-Polisiýa habar etdiňizmi? Nirede ýaşaýarka? Tanaýan barmy? Hossary-zady ýokmy? – diýip sorady.
Sähedi hiç kim tanamady. Ýarym sagatdan soň ony şäheriň meýithanasyna alyp gitdiler.

29.

Bäbejigiň ýogalandygy baradaky habar baran dessine Ýazbibiň ejesi Sona daýza goňşulary Jumadurdyň üstüne eňdi. Şum habary olara eşitdirensoň:
-Jumma jan, meni derrew Aktakyra düşürip gaýt, köşek! – diýip, Jumadurda ýüzlendi.
Olar ir bilen ýetip geldiler.
Asyl Jumadurdy diýilýän Poladyň göz öňüne getirişi ýaly inçesagt, saryýagyz, uzyn hem görmegeý däl ekeni. Orta boýludan lopbuş, gyýak gözli, bugdaýreňk biri bolup çykdy. Polat goýun gözli gelninden çen tutup, Jumadurdyny özünden üç-dört ýaş dagy uludyr öýdüpdi. Görse, özünden kiçi bolmasa uly däl.
Polat onuň ýüzüne assyrynlyk bilen garady, çalymdaş sypat görmek üçin hasrat getiren bäbejigiň keşbini ýadyna saljak boldy. Hiç hakydasyna gelmedi. Nämüçindir Ýazbibi bilen Jumadurdyň nätanyş hylwat ýerde wejera hem bihaýa sypatly şekilleri göz öňünde janlandy. Gany depesine urdy. “Muň maksady kireý däldir – diýip pikir etdi. – Şular ýaly agyr günde gözýaşa boglup oturan Ýazbibiň gözüne görnüp, oňa teselli beresi gelendir, bir zatlar diýip, göwnüni göteresi gelendir, şoň üçin gelendir”.
Polat Jumadurdyny bir pursat hem görmek islemedi. Onuň mölerilip, sokudaş ýaly garalyp oturmasy kejikdirdi. Turup giderini diledi. Şu islegi duýan ýaly, biraz wagtdan Jumadurdy gozganjyrady, ýerinden turdy, eýýämhaçan gurşan aýaklaryny dözüm bilen çümmükledi, ýaýdanybraga-da, Polada söz gatdy:
-Köreken, men-ä ýöräýsem diýýän.
Polat “Ýöräber” diýen manyda baş atdy. Onuň inçeden boguk sesine geň galdy.
-Dek düýnjik agzap otyrdylar. Ýazbibiň ejesi: “Ýaşy uzyn bolsuna gitmeli” diýip otyrdy welin, häk, maňlaý-da, görýäňmi bu bolýan zatlary. Juk, juk, neresse çaga… – diýip, Jumadurdy başyny ýaýkady.
Onuň Ýazbibiniň adyny tutmasyny şunça halamadygam bolsa, Polat sesini çykarmady, başyny aşak saldy.
Jumadurdy çilim otlandy. Goýy, çal tüssäni agzyndan bölüp-bölüp çykaryp durşuna:

-Näme diýjek?! Alladan gelen ajala çäre ýok. Ömri gysga berlen ekeni-dä. Öwez ogluny bersin! Gaýrat ediň! – diýdi.
Polat agzyny çalaja gymyldadyp, eşdiler-eşdilmez:
-Taňyrýalkasyn! – diýip jogap berdi.
Jumadurdy gitdi.
-Kim-aý ol? Tanamadym-la? – diýip uly agasy sorady.
Polat bir agyz:
-Goňşulary – diýip jogap berdi.
Gyzjagazyň jynazasyny Güýzmyrat aganyň bir özi okady. Öwezberdi gabyrman üç sany ýigdekçäni ýanyna alyp, täze gonamçylyk üçin berlen ýeriň aşak çetinden uly bolmadyk gör gazdy. “Behiştiň ak guşjagazy! Perişdedenem päkdir bi” diýişip, adamlar çagajygyň meýidini ene topragyň goýnunda goýdular. Soň çukury düzlemek üçin gum sürüp başladylar. Sähel salymdan kiçijik tümmek – täze gonamçylygyň ilkinji mazary peýda boldy.

* * *

Duýgudaşlyk bildirmegi, iň bolmanda il ýüzüne görnüp gitmegi borç hasaplan adamlar gijara çenli oturyp, öňli-yzly “Öwez ogluny bersin!” diýişip, öýli-öýüne dagadylar. Sona daýza iliň soňuna galdy. Ýassynlar ony Jumadurdy alyp gitdi.
Çolaran öýde Polat bilen Ýazbibi ikiçäk galdy. Ikisi-de ýüregedüşgünç ümsümligiň azaryny çekip, dymyşyp oturdylar.
Dünýä inip, özüni mähir bilen söýdürip, ýedi gün diýlende demi sogrulan gyzjagaz Ýazbibiniň begenjine, buýsanjyna talaň salyp gitdi. Boşan sallançak bilen gursagyndaky emilmän duran, dyňzaýan, kükeýän ene süýdüniň ysy onuň başyna we ýüregine bimöçber hesret saldy. Ol bagyr awusynyň sebäbini çaganyň wagtyndan ir doglanlygyndan gözledi. Maňlaýyndan gördi. Munuň üçin Polady ýazgarmady. Gaýta, özüni müýnli duýdy.
Poladyň gussasy bolsa, asla Ýazbibiňkä meňzemeýärdi. Ol öňki öwrenşilen gussady. Gyzjagazy ajalyň eline berip goýberensoň, Ýazbibi baradaky gara oý-pikirler ony terk etmedi. Çaganyň ölümi onuň derdini egismedi. Polat, ine şuňa geň galdy.
Ol eden işi üçin ökünmedi. Özüni ganhor saýmady. Muny paýhas bilen seljermäge islegi-de, höwesi-de ýokdy.
Onuň beýnisinde ýene-de gara-gara pikirler köwsarlap ugrady. Gitdigiçe möwjedi. Polat heleýbaz, ograş Jumadurdynyň, bihaýa, ýeňilkelle Ýazbibiniň ymmata sygmajak wejera suratyny hyýalyndan çykaryp bilmedi. Şony hyýalyndan kowup çykarar ýaly nähilidir bir güýç-gurbat isledi. Şonsuz ynjalygynyň bolmajagyna düşündi. Surnukdy. Usurgaýandygyny aňdy. “Öwf-f” edip argyn dem aldy.
Ýazbibi “Hä, bir zat diýjek bolýarmyň?” diýen manyda ýalt edip ärine seretdi.
Polat öz-özünden biygtyýar, ýöne gara çyny bilen tüýs ýüreginden:
-Men indi halys ýadadym, Ýazbibi! Ýaman ýadadym. Çydamok – diýdi.
“Nämeden ýadadyka bi?” diýip, Ýazbibi içini gepletdi. Daşyndan bolsa, göwünlik bermek üçin:
-Ýat-da, dynjyňy alaý – diýdi. – Menem ýadaw. Endam-janym soky daşyň astynda galan ýaly.
Ýatyp uklanyň bilen bu ýadawlyk aýrylaýsa diý! Ukusyzlygyň argynlygy däl-ä bi. Ýazbibi kelte kakýar. Düşünenok. Aýdylan gepi göni manysynda kabul edäýýär. Polat ondan kine edip durmady.
-Hawa, ýataýyn. Biraz dynç alaýyn – diýdi.
Onuň birden elhenç ýüregi gysdy. Ýekesiredi. Bireýýäm ölüp giden kakasynymy, ejesinimi gujaklap, içigip, horkuldap, ses edip aglasy geldi. Içini dökesi geldi. Derdimi ýeňledäýsem diýdi.
Ähtimal, Ýazbibiden gözýaşyny gizlemek üçin, ýerinden turup, daşaryk ýöneldi.

Özüni asmak baradaky sowuk pikirler Suraýy terk etmedi. Eger Ýazbibiniň gyzjagazy ölmedik bolsa, daň bilen Suraý özüni heläkläp ýetişerdi. Bu çaka öýleri ýashana öwrülerdi. Onuň jesedini günortana goýman, äkidip, täze gonamçylykda ýerlärdiler. Suraý bu wagt bu ýerde bolmazdy, o dünýede bolardy. O dünýe diýilýän zat nähilikä? Ölen adamlaryň ruhlary erkana gezip ýören hezil bir ýermikä? Ölen adamyň ruhuna ol ýerde nämeler garaşýar? Ölüler göze görünmän, bu dünýäni synlap bilýärmiş diýýärler. "Ölä – aýan, dirä – güman" diýen sözem bar.
Suraý üçin ertirki masgaraçylykdan şu günki ölüm abraýly bolup göründi. Ölübilseň, dynýaň. Iň ejirli ýeri – boýnuňa tanap salyp mertlik bilen özüňi asmak! Ondan aňyrda ezýet ýok. Ejeň-kakaň aglap-eňrär, emma erteki gün gyzlarynyň wejeralygy üçin il arasynda dilleri gysga bolmaz. Hiç kim barmagyny çommaldyp, dilini çeýnäp, heşelle kakmaz.
Eýse, Suraýyň ikinji gezek eline ýüp almaga bogny ysmady, gaýraty çatmady. Öwrenişilen ýagty dünýeden sypyrylyp, garaňky hem syrly dünýä garşy ädim ätmegiň ýaýdanjy onuň dogumyny elinden aldy. Ähli etsem-petsemini puja çykardy. Ol: "Indi başarman" diýip aglady.
Agşamlyk çaý başynda Ogulgül ärinden:
-Onsoň o neressejigi täze öwlüýäde jaýlaýdylarmy? – diýip sorady.
Amanýaz saňsar gysgajyk:
-Hawa – diýdi.
-Adam pahyr ölüp gidip otursa, ýerem galjak däl. Näme, indi "Ýylgynlyda" çilesinden çykmadyk ýumruk ýaly bäbege-de ýer galmadymy?
-Ýer-ä ýok däl, entek iki-üç mazarlyk ýer barmyka diýýän. Ýöne Güýzmyrat aga yrym edip, ony täze öwlüýäde ýerläň diýdi.
-O nämäň yrymy, gyz?
-Näbileýin? Günäsiz bäbek-dä. Arassaja. Perişde ýaly.
Bäbejigi göz öňüne getirip, biraz oýa batansoň, Ogulgül:
-Çagakak garry heleýler gürrüň ederdi, ýogalan bäbejikler soragsyz Jennete düşýärmiş diýerdiler. Ýöne ejesi-bilen kakasy Jennete girýänçä garaşýarmyş. Hudaýdan dileg edýärmiş. Ejem-kakamy hem Jennetiňe sal, onsoň girjek diýýärmiş. Hudaý ilki bilen şolar ýaly neressäň dilegini kabul edýärmiş. Güýzmyrat aga-da şo pikir bilen şeýdendir. Birem, sadagasy gitdigim, güýçli öwlüýäleriň dilegi boş galmazmyş.
-Aý, gürrüň kän, haýsy birine ynanjak?! – diýip, Amanýaz bu meselä sowuk-sala garady.
Ogulgül gaýra tesmedi.
-Ugrunda bolansoň, bardyr gürrüň – diýdi. – Dokuzyny düzlän barmy? Kimi gepletseň, derdi ýetik. Derdine dowa gözläp, neresse çagaň mazaryna ýykylýan kändir. Emgegine gowuşýanam az däl. Dilegi bitmese, galyň millet öwlüýä ýykyljakmy?
-Heleýleň tapýan zady şo – diýip, Amanýaz saňsar pikirini daşyna çykaryp, aç-açan aýalynyň garşysyna gitdi. – Dişi agyrýanam, sogurdyp dynaýmalydyr welin, öldür, etmez, öleniň mazaryny basgylap, terslin-oňlyn şo daşynda pyrlanyp ýörendir.
-Haýyr tapýandyr, barýandyr – diýip, Ogulgül teý eňek bermedi. – Eýse, öňküleň hemmesi samsyk bolup, bir özüň akylly bolduňmy?
-Öňküleň edenine telek diýemok. Ýöne her zadyň çaky bar. Gitdigiçe täze hokga çykarýarlar. Esasanam heleýler.
Muňa Ogulgülüň jany ýandy.
-Heleýler diýen bolup... Delalatyň nirden geljegini näbilýäň? Sen nä Hudaýmy? Iki gulaç diliň bilen uly iliň haýyr tapýan zadyny püçege çykaryp oturmakdan gaýry pişäň ýokmy? – diýip, ol siltenjiräp, hüňür-hüňür etdi.
Amanýaz saňsar ýöwselledi.
-Men haýyr tapýan ýok diýemog-a. Ýöne heleýleň bolşundanam beter bolşuna gaharym gelýär.
-Ah-he-eý, heleýler dämi erkegi adam hataryna goşýan?! Güýçli öwlüýäler göz görkezse, bilerdiň

welin...
Amanýaz başyndan bir bela-beter inäýjek ýaly haýykdy. Sesini çykarmady.
Ogulgül ýeňil dem aldy. Ärini azda-kände toba getirip bileni üçin göwni göterildi.
Ejesiniň aýdyşy ýaly, öwlüýä ýykylyp, ýalbarsa, gudraty güýçli Allatagala Suraýy kyn günden çykarmazmy? Suraý: “Çykarmaz – diýdi. – Seň keseliň iliňki ýalam-a däl. Boljagyň boldy. Düzederden geçdi.”
Eýsem-de bolsa, goňşularynyň ýedi günlük gyz bäbejikleriniň kiçijik mazary onuň hyýalynda dynuwsyz garaldy durdy. Gumy solmadyk mazar bir zatlary wada berýän ýaly, Suraýyň pikirinden çykmady. Suraý özüni heläklemäge howlugýan-a däldir-dä? Belki, täze mazara ýykylyp görmelidir? Perişde ýaly günäsiz çaganyň hormatyna, belkäm, Allatagala Suraýa bir yşarat görkezer? Eger görkezmese, özüňi asmaga ertirem giç bolmaz.
Ýazbibiniň tirsek boýlyja gyzjagazynyň günäsizdigine Suraý şübhe etmedi. Entek ejesiniň ýyly süýdünden gaýry zady bilmeýän çal göz bäbejik küje, ýazyk küje? Allatagalanyň ýazgydynyň bihaly ýokdur. Dünýäň bir gyrasyndan jyklap giden bäbejigiň hormatyna Hudaýdan edilen dileg adamlaryň derdine dowa bolar. Allatagalanyň islegi şoldur. Şol sebäpli Allatagala oňa gysga ömür ýazandyr. Şol sebäpli bäbejigiň mertebesi iki dünýe zyýat bolar. Suraýyň gözüniň öňünde çaganyň kiçijik mazarynyň ähmiýeti artdy, ol ýönekeý bir tümmejik bolman, eýsem, dertli bendeleriň keseliniň emi bolup göründi.
Henize-bu güne çenli mazarystanlygyň içine girmeg-ä däl, gapdalyndan geçmegem Suraý üçin gorkulydy. Gonamçylyk diýlende onuň hyýalynda ölüleriň üstüňe abanyp gelýän, ýürekýargynç sypatly ruhlary janlanardy. Hamana, ölüler ony öz aralaryna goşup äkidäýjek ýaly tisginip, üýşenerdi. Häzir welin täze gonamçylykda peýda bolan ýeke-täk mazaryň ýanyna barmaga, daşyndan aýlanmaga wehim etmedi. Asla ony gonamçylyk diýibem hasaplamady. Çaga mazaryna çoçgara çolaşan ömrüň halasgäri diýip ynandy.
Ertesi ir bilen ol obanyň kyblasyna – täze gonamçylyga garşy ugrady. Göz-dilden çekinip, biýol gitdi. Gumy solmadyk ýalňyz mazar göz öňüne getirişindenem kiçi bolup çykdy. Emma müçesiniň kiçiligi mazaryň ähmiýetini birjik-de peseltmedi. Näbelli gara güýjüň düşnüksiz howandarlygyna bendi bolup, ol mazaryň daşyndan aglamjyrap, aýlanmaga başlady.
“Eý, Allajan! – diýdi. – Meň bagtymyň küle çökeni Saňa aýandyr. Men ýalňyşdym. Ýol-ýodamy ýitirdim. Indi ýöräre ýol galmady. Ugran ugrum petiklendi. Men indi nädip ýaşamaly? Hudaý ja-an! Jan Allam! Eger ýeriňde-ýurduňda bar bolsaň, meni eşidýän bolsaň, maňa rehim et! Meň günämi geç, Allajan! Meň ölesim gelenok. Meni şu masgaraçylykdan dyndar! Şu ýatan bigünä bäbejigiň hormatyna, perişde ýaly arassa çaganyň hakyna maňa ýol salgy ber. Bir yşarat et, jan Allam!”
Suraý aýak çekip, “Ýa-da Hudaýdan asylyp ölmäge gaýrat diläýsemmikäm” diýdi. Şirin jandan jyda düşmegiň wehimi bada-bat onuň bu pikirini ret etdi. Onsoň ol bäbejigiň adyny ýadyna saljak boldy. Teý hakydasyna gelmedi. Mazaryň daşyndan aýlanmagyny dowam etdirip, sessiz aglady. Mazara ýüzlendi:
-Adyňam bilemok, bäbekjan! Sen Behişdiň guşuna öwrüldiň! Ap-akja guşa! Men bolsa, günä iş etdim. Ýazygym çökder, bäbekjan! Men kyn günde galdym. Maňa kömek et! Hudaýjan seň möhümiňi boş gaýtarmaz! Men indi näme etmeli? Meň ölesim gelenok, bäbekjan!
Ol ýany bilen getiren gyrasy seçekli ýaglygyny mazaryň başujuna dikilen agaja daňdy. Eglenmedi. Gaýdyşyn ýolda oňa Güýzmyrat aga pete-pet gabat geldi. Ol kesä bakyp, gany gaçan ýüzüni, galagoply gözlerini gizledi-de:
-Sen Amanýazyň gyzymy? – diýip sorady.
Suraý kösseklenen ýaly, duran ýerinden gozganyp bilmän, bir agyz:
-Hawa – diýdi.
Güýzmyrat aga aglamakdan ýaňa gabaklary çişip, ýüzi gyzaran gyza çalarak göz aýlap, ähtimal, gepbaşy üçin bolsa gerek:

-Tilpunyň-a ýokdur ýanyňda? – diýdi.
-Ýog-a.
-Ýok bolsa, bähbit bolsun! Jahana til kakyp ber diýäýjekdim. Beewbar Jahan bardy alakjap. Amanýazyň gyzynyň diýdi, göwni Şalarda diýdi. Ynha, şeýle-şeýle ýagdaý bolupdyr diýdi. Şu wagt öwlüýä girip barýanyny gördüm diýdi. Beh, öwlüýälik näme işi bar diýsem, bilemok diýdi. Onsoň agsak aýagymy süýräp, bejit gelşim şü.
Suraý ilki gyzardy, soň bozardy. Bütin endamy galpyldady. Beýnä barýan ganyň sarsgyny bilen ýüreginiň urgusy bir-biriniň sesini basjak bolýan ýaly gitdigiçe güýjedi. Gorky hem geňirgenme Suraýyň ýüz-gözünde aljyraňňylygy mese-mälim etdi.
Güýzmyrat aga indiki diýjek sözlerini diline getiribilmän, birsellem dymansoň: “Birden tazygyp ötäýtmesin şü” diýýän ýaly, gyssanmaç gürläp başlady:
-Bolsa-da, män-ä bellemşa edipsiňiz. Indem näme, beterinden saklasyn diýäýmeseň, alajy ýok. Saňa-da diýjek zadym, keýgim, özüňi oda-suwa urup ýörme-de, meň öýümde boluber. Deýýus Şalaryňam bütin ömri türmede geçmez. Esasy zat, ahyry düz bolsun! Öňüm gelenden, soňum gelsin diýipdirler. Birbada bizde bol, toý-beýlekiň aladasyny soňlugy bilen görübiris. Men, ine, şoň üçin gaýtdym. Amanýaz bilenem özüm gepleşerin. Ejeň dilinem Jahan tapar. Keçjeräg-ä bolýar welin, nätjek-dä... Amanýazyňam boýy gysgalmaz. Ýör, hany! Jahanyň ýanyna baraly. Öýde sary-sadylla bolup, garaşyp oturandyr olam.
Elbetde, garaşylmadyk gürrüňler, duýdansyz teklip adamyň başyny çaşyrýar. Ýüreginiň gürsüldisi güýçlenen Suraý aljyrap:
-Gaçyp baran ýaly bolýanmy men? Ilki öýmüze barmaýynmy? – diýip, ugur-utgasyz sorag berdi.
-Öýňüze özüm bararyn. Bir alajy bolar.
-Kakam...
-Amanýaz gepe düşünmelidir öz-ä. Bu zatlar maňa hoş ýakýandyr öýdýäňmi? Köp ýerde kelte gaýdýaňyz-da. Eliňe-diliňe düzelýän zat bolsa, ne ýagşy.
Güýzmyrat aga zeýrenjiň, igenjiň iş bitirmeýändigine düşünen dessine:
-Bu zatlar ilde-günde ýok zat däl. Bähbit bolsun! Her iş bolsun, bähbit bolsun! – diýip, äheňini üýtgetdi.
Suraý bolsa igenç eşitmeg-ä däl, Güýzmyrat agany garsa gujaklamaga-da taýyndy. Emma beýdip bilmejekdi. Onsoň ol gursagynda gitdigiçe möwjeýän garjaşyk duýgularyny gözýaşa öwürdi-de, eli bilen ýüzüni tutup, hünübirýan aglap başlady. Agysy gitdigiçe güýjedi. Agy arasynda üzlem-saplam bir zatlar diýdi.
Güýzmyrat aga silkinip-silkinip eňreýän gyza uzak seredip bilmedi. Kesä bakyp:
-Ýedi ýoluň üstünde beýdip dursaň, il näme diýer? Hany, sesiňi goý-da, yzyma düş! Öýe baraly. Şu günden şeýläk seňem öýüň şol.
Ol Suraýyň öňüne düşüp, ýüzüni oba öwürdi. “Şu gün hepdäň haýsy güni? Anna günümi? Anna güni öýleden soň bitmedik işe men haýran diýipdirler. Öýläni okaga-da, Amanýazyň ýanyna gideýin. Amanýazyň üşügi oňat. Okumyş. Okumyşlygy çyn bolsa, agzymy açmankam diýjegime düşüner. Düşünmejegem bolsa düşündirerin. Ilem näme diýse, şony diýsin!” diýip oýlandy.
Jahanyň aýdýany çyn bolsa, Amanýazyň bu gyzy bäbejigem ýasap ýören ýaly. Ýeri, bu kelpeňlik nireden ýolukdy? Nika ýok, beýleki ýok... Il seniň çagaňa barmagyny çommaldyp: “Wenezzyna!” diýse, ýagşymy? Güýzmyrat aga bu zatlary görmän, ölüp gitse, oňat boljak. Emma diýeniň bolaýýarmy näme? “Ozalebetinde şuňa ýazylandyr. Onsoň ony nädip pozjak?” diýip, ol maňlaýyny ýumruklady. Onsoň juda dymyp barmazlyk üçin:
-Kakaň öýdemikä şu wagt? – diýip, yzyndan ýarym-ýaş şumjaryp gelýän Suraýa gep atdy.
Suraý ysgynsyz ses bilen:
-Bazara gitdi – diýdi.
-Bazara ýatymlyk giden däldir. Hälä galman geler. Ynha, Amanýazy birýaňalak edemsoň, Işan aga-da

maňlaýymy diräp gaýtmasam bolmaz. Nikany nähili gyýdyrmaly? O kakabaş deýýus türmeden boşap gelýänçä garaşmaly bormukam? Ýa seň özüňi oň ýanyna äkidip, şo ýerde nika gyýmalymy? Işan aga aýyl-saýyl edip beräýse gerek – diýip, Güýzmyrat aga hümürdedi.

31.

Amanýaz saňsar hakykatdan hem ir bilen turşuna bazara gidipdi. Bazary hatar-hatar syryp, aryp-ýadap, ahyrynda Berdiniň ýanyna bardy.
-Gardaş, hol günki obadaşy tapyp ber – diýdi.
-Gedaý ýaşulymy?
-Hawa. Sähet. Sähet aga.
-Beh, o gedaýyň üsti gyzyl el boldy-la, how. Dek ýaňy, ýarym sagat mundan öň heleýem geldi ony idäp. “Düýn irdenki çykyp gaýdyşy, öýe baranok, tapyp beriň” diýip, aglap gitdi.
-Beh, heleýli-zatlymydy ol?
-Näbileýin? Gyzyl ýüzli, gök göz bir heleý-ä geldi çalgyrt gepläp. Bilmedim nä milletdigini.
-Tapyp bolmazmy indi?
-Beh, gedaýam ideljek eken-aý. Geregiň gedaý bolsa, kän-le, itiň täreti ýaly.
-Gedaý gerek däl-how maňa, şo obadaş gerek.
-Näme iş gopardyka ol beýle?
-Goparan işi ýok. Obada ejeligi bar oň. Togsan-a ýaşandyr. Ýeke özi otyr. Düýn gijara öýleriniň ýanyndan geçip barýarkam ýanyna sowuldym-da, ogluňy gördüm bazarda diýip gulagyna gygyraýmanmy. Ana, başlandyr şondan. “Tapyp getir şony, men oňa garaşyp, gurap gitdim, ýogsa bireýýäm ölmelidim” diýýär. Gelmez diýsemem, onda meni äkit şoň ýanyna diýip dyzap ýatyr. Ertirjik getireýin diýip eňdim bäri. Indi tapmasak bolmaz.
-Ýa-heý, akly dagan garryň gürrüňi üçin muň bolup ýörşüňi! Ýeri, gutaran ülhit gedaýy nätsin ol?
Amanýaz saňsar böwrüne doňuz diňini salyp, oturdy-da:
-Razylaşjakdyr. Tapaly, gardaş! – diýdi.
-Senem halys işiňi tükedipsiň-ow! Näme bähbidiň bar? Ýa jübüňe pul düşýärmi?
- Men pula bolamok, gardaş. Jübime gereginden artyk pul düşse, meň gep-gürrüňim üýtgeýär. Onsoň şujagaz bolşumy saklamak üçin ir bilen näme diýip dileg edýänimi bilýäňmi?
-Düzüwli dileg edýän dälsiň.
-Diňle sen! Entek ýorgangaladan çykmankam ýatan ýerimden: “Eý, Hudaý!” diýýän. “Injigimiň göterip bilmejek zadyny maňa berme!” diýýän. Göterip bilmejek zadym meni hökman ýüňsakgal etjek-dä. Şoň üçin gerek däl diýip dileg edýän.
-Saňsarlygyň bir alamaty şüýem. Seni okuwdan kowup, dogry etdiler.
-Bu zatlar hiç-le. Hany, ýaşulyny nädip tapmaly indi? Nireden gözlemeli?
Berdi ahyry oňa Zeýnebiň öý salgysyny berdi.
-Ynha, şundan habar tut. Öý salgysy şü. Öýüne barman gitjek ýeri ýok. Bazarçylaň sadaka diýip berýän puluny jantaýyna urup, içip ýatandyr bir ýerde. Puly gutaransoň ilk-ä öýüne barar, soňam bazara geler. Men bulara gaty belet.
Amanýaz saňsar Berdi bilen hoşlaşyp çykdy. Zeýnebiň öýüne ugrady. “Şu ikarada öläýen däldir-le. Içip ýatyrmyka bir ýerde? Eger öýünde ýok bolsa näme etmeli?” diýip, oýlandy. Barsa, salgy berlen öýüň gapysy gulply. Goňşulary Amanýaza şübheli seredip:
-Zeýnep hanymyň Irdenki çykyşy. Nirä gidenini bilemzok. Uzak eglenmez. Kim sorady diýse, näme diýeli? – diýişdiler.
-Uzak eglenmese, garaşaýaryn. Ahyry aýlanyp-dolanyp, öýüne geler-ä – diýip, şo duran ýerinde dyzyny epdi.
Zeýnep bolsa şol wagt şäher keselhanasyndan Sähedi idäp ýördi. Aljyraňňydy. Süňňi bir şumlugy syzyp, galdyraýardy. Gözýaşyny sylýardy.

Şol wagt Güýzmyrat aga-da Amanýaz saňsarlaň öýünde irikge bolup, gözüni ýola dikip otyrdy. Öý eýesine garaşýardy. Ol galagoplydy.
Sähetmi? Sähet pahyryňky bolmady. Meýithanada bir gün ýatansoň, oňa degişli hat-petegi düzedişdirip, jesedini öli jaýlaýan edaranyň köne ulagyna ýükläp äkitdiler. Meýdini ýuwmazdan, päklemezden, kepene çolamazdan, egnindäki geýim-gejimi bilen eltip, şäher mazarystanlygynyň bir gyrasynda çuňlugy bir gulaç barly-ýokly, tagaşyksyz gazylan dar çukura gapgardylar. Üstüne howlukmaç gum sürdüler.

S O Ň Y

2013 ý.